# MESIH

## ÜÇIN GYNALANLAR

RUHY ÇOPAN RIÇARD WURMBRAND



# MESIH

## ÜÇIN GYNALANLAR

ÜÇIN GYNALANLAR

http://kitabi-knigi.com

Originally published in English as
*Tortured for Christ* by Richard Wurmbrand
© 1967, 1998
Published by Bridge-Logos. All rights reserved.

© 2009 for the Turkmen edition.
Translated by permission. All rights reserved.

# Minnetdarlyk

Çuňňur hormatlanylýan B. Stýuart Harris, „Ýewropa mesihilik missiýasynyň“ Londondaky general direktory, 1964-nji ýylda men türmeden çykanymdan soň, mesihileriň Günbatardan iberen ilçisi hökmünde Rumyniýa geldi. Howpsuzlyk çäreleriniň köpüsini görenden soň, ol giç agşam biziň öýümiziň ýanyna geldi. Ol söýgi hem teselli beriji sözleri şeýle-de, ezýet çeken mesihi maşgalalary üçin kömek alyp geldi. Hudaýa wepaly bolan şol adamlaryň adyndan men köp minnetdarlyk bildirýärin.

# Giriş

## „Ejir çeken“

Riçard Wurmbrandyň sözleri boýunça „Mesih üçin gynalanlar“ kitabynyň hiç hili edebi gymmaty ýok. Bu kitap Riçard Wurmbrand türmeden çykandan soň üç günüň içinde ýazyldy. Ol syýa hem gözýaşlar bilen ýazyldy. Hudaý ol golýazma ak pata berdi-de, ony Öz maksadyna ýetmek üçin ulandy. „Mesih üçin gynalanlaryň“ bu ýubileý neşiri, ýagny özüniň çap bolup çykanynyň 30 ýyllygyna gabatlanyp çykarylan neşiri hiç hili özgerişlik görmedi diýen ýalydyr. Ruhy çopanyň Rumyniýada kommunistik režimiň diktaturasy bolan döwründäki on dört ýyllyk tussaglygy baradaky şaýatlygy el degrilmän goýuldy.

Bu ýyllaryň dowamynda „Mesih üçin gynalanlar“ kitaby altmyş bäşden-de köpräk dillere terjime edildi. Onuň millionlarça ekzemplýarlary tutuş dünýä ýaýradyldy. Hudaýyň bu şaýatlygy Mesihiň Tenini berkitmek üçin ulanýandygyna biz haýran galmagy bes etmeýäris. Mesihiň Teninde ýeňşiň, batyrlygyň, maksada okgunlylygyň we berkligiň çäginiň ýokdugyna, onda seniň haýsy reňke degişliligiň, milletiň ýokdugyna göz ýetirdik. Bu zatlary adamlaryň hemmesine Mukaddes Ruh berýär.

Hytaýly ruhy çopanlaryň, amerikan öý hojalykçylarynyň, arap taksiçileriniň rumyniýaly ýewreýiň kitabyndan ruhlanma bilen goldaw alýandygy gyzykly zatdyr. Bir wagtlar wýetnam öý ýygnaklarynyň liderleri özleriniň imanlylaryny 1970-nji ýyllarda Günorta Wýetnam tarapyndan garaşylýan kommunistik hüjümleriň öň ýanynda aman galmaklyga we ösmeklige taýýarlaýyşlary hakda gürrüň beripdiler.

Olar wýetnam dilindäki „Mesih üçin gynalanlaryň“ wýetnam dilindäki terjimesini ýaýradypdyrlar. Ol hem juda muşakgatly ýagdaýlarda aman galmak üçin gollanma, imanyň ýeňilmezekdigininiň şaýatlygy bolupdyr. Bizem şu kitabyň kömegi arkaly Mesihiň söýgüsiniň kuwwatly reallykdygyna akyl ýetirip, özleriniň Isa Mesih bilen şahsy gatnaşyklaryny ýola goýan adamlardan köp hatlar aldyk. Bu sahypalar özleriniň içinde hiç hili syýasy zady gizlemeýär-de, diňe „Mesih üçin gynalan“ şaýatlaryň Hoş habaryny teklip edýär.

Häzirki döwürde biziň köpimiz görgi gören adam — bu ýöne bir öz imany üçin ölýän adamdyr diýip hasaplaýarys. Gynansak-da, bu kesgitleme zerarly biz „görgi görme“ düşünjesiniň çyn manysyny we çuňlugyny ýitirdik. Birwagtlar mukaddes Awgustin: „Adamy görgüler däl-de, maksat görgi gören edýär“ diýipdir. Tomas Sternz Eliot özüniň „Sobordaky ganhorluk“ pýesasynda görgi gören adamy „Öz erkini ýitirmän, gaýtam ony gazanan, Hudaýa tabyn bolmada azatlyk gazanan Hudaýyň guraly bolan adam hökmünde suratlandyrýar. Görgi gören özi üçin hiç zat, hatda görgi göreniň şöhratynam islemeýär“.

Grek dilinden terjime edeniňde „görgi gören“ sözi „şaýat“ diýmegi aňladýar. Ýewreýler 12:1-e biziň töweregimizde *„şeýle uly güwäler* (görgi görenler) *buludynyň*“ bardygy ýazylypdyr. Şonuň üçin Isa bize Resullaryň işleri 1:8-de: *„Ýöne Mukaddes Ruh üstüňize inende, güýç-kuwwat alyp, Iýerusalimde, bütin Ýahudada, Samariýada, Ýeriň tä soňuna çenli Meniň şaýatlarym (görgi görenlerim) bolarsyňyz*“ diýip öwüt berdi.

Täzeäht görgi görenleri diňe bir Isa Mesihiň haklygyna we güýjüne şahsy şaýatlyk etmediler-de, eýsem, şaýatlyklaryny özlerine näme boljakdygyna garamazdan başga adamlara-da ýetirdiler. Biz Resullaryň işleri kitabynda Stefanusyň daşlanylyp öldürilişini okaýarys. Bu waka ony öz şaýatlygy üçin ýokary baha tölemeli bolan ilkinji adam etdi. Edil şol wagtlarda „görgi gören“ sözi has çuň mana – diňe bir şaýatlyk etmän, eýsem, imany ugrunda janyny bermäge, gynanylmaga taýýar bolan mana — eýe bolupdy.

Biziň şaýatlyk edýän hakykatymyz gymmat baha bilen gazanylýar. Onuň bizden abraýymyzy, meşhurlygymyzy we derejämizi almagy

mümkin. Onuň hatda maşgalamyzy, dostlarymyzy ýa-da janymyzy talap etmegi-de mümkin. Şeýle-de bolsa, biziň şaýatlygymyzyň mazmuny şeýle wajyp bolandygy sebäpli, biz Hudaýyň özümize öňünde taýýarlap goýan ýoluny çydamlylyk bilen geçer ýaly, *„her hili ýüki, bizi aňsatlyk bilen bürän günäleri“* (Ýewreýler 12:1) üstümizden aýryp taşlamalydyrys.

Mesihiň şaýatlarynyň paýlaýan habarynyň fiziki çäkleri ýokdur. Bu adam düşünjesinden ýokardadyr. Görgi görenlik — ezilijilik däl, ol — *„Mesihiň hatyrasyna Oňa diňe iman getirmek däl, eýsem, Onuň ugrunda görgi görmek“* (Filipililer 1:29) hormatyna mynasyp bolmak üçin hökman bolan mesihiligiň global reallygy duýgusyna dogada akyl ýetirmek üçin wajyp zatdyr. Şaýatlaryň ýa-da gynanylanlaryň imanyny çäklendirmek ýa-da öldürmek mümkin däldir. Ol Hudaýyň Patyşalygyny paýlamak üçin *„Iýerusalimde, bütin Ýahudada, Samariýada, Ýeriň tä soňuna çenli“* (Resullaryň işleri 1:8) tohum sepýär, sebäbi olar Isa Mesihiň hakykaty barada şaýatlyk edýärler. Mesih: *„Men saňa diýýärin, sen Petrussyň (gaýasyň), Men ýygnagymy bu gaýanyň üstünde gurarуn, dowzahyň derwezeleri oňa garşy durup bilmez“* (Matta 16:18) diýdi.

Hut şuňa düşünmekligem meni Riçard Wurmbrandyň öz durmuşy bilen mukaddesligi we görgi görenligi şöhlelendirýän adamdygyna ynandyrýar. Ol ölümiň däl-de, Mesihiň durmuşynyň şaýatlygyny paýlaýandygynyň arkasyndan Mesih üçin şeýle görgüleri gördi. Ol görgüler bilen deňeşdireniňde, ölmeklik has gowy bolardy.

„Mesih üçin gynalanlar“ kitaby diňe bir kommunistik režimiň zalym elinden ezýet çeken adamyň durmuş ýagdaýlary hakda däl-de, eýsem, ol özüni durky bilen Mesihe bagyş eden mesihiniň imanyny we tutanýerliligini hem-de hakykaty töweregindäkilere gürrüň beriş hyjuwyny suratlandyrýar. Hut şu hakykat hem, her sahypada ör boýuna galýar-da, dünýäniň dürli ýurtlaryndaky mesihileriň pikirlerini üýtgedýär hem-de taryhyň dowamynda, hatda häzirem mesihileriň agyr görgüleri görýändiklerini, hatda Isa Mesihiň ýaşaýyş güýji hakdaky şaýatlyklary üçin ölýändiklerini-de ýatladýar.

Biz bu şaýatlygyň dowam etmegi, özümiziň Isa Mesihi has çuň tanamagymyz, Onuň bilen gatnaşyklarymyza we ýerdäki borjumyza,

ýagny hakykata şaýatlyk etme borjumyza, görgi göreniň durmuşynda ýaşamanyň aslyýetinde nämäni aňladýandygyna düşünmegimiz, eger Rebbiň islegi bolsa, her neneň töleg tölemeli bolsa-da, şaýatlyk etmäge taýýar bolmagymyz üçin doga edýäris.

*Tom Uaýt*

*„Görgi görenleriň sesi“ missiýasynyň amerikan bölüminiň direktory.*

I-NJI BAP

# Ruslaryň mesihe bolan teşneligi

## Ateist mesihi tanaýar

Ene-atam meni ömrümiň ilkinji ýyllarynda taşladylar. Dini inkär edýän maşgalada terbiýelenendigim üçin men çagalykda hiç hili dini bilim almadym. Birinji jahan urşunyň agyr hem açlyk ýyllarynda geçen ajy hem garyp çagalygyň netijesi hökmünde men on dört ýaşymda, häzirki kommunistleriň bolşy ýaly, öz garaýyşlarymyň dogrudygyna şeýle ynamly ateist boldum. Men ateistiki kitaplary gyzyklanyp okadym, şonuň üçin Hudaý bilen Isa Mesihe diňe bir ynanmazlyk bilen çäklenmän, eýsem, Ol hakdaky pikirleri adam aňy üçin zelelli hasaplap ýigrendim. Şeýdip, men dine bolan ýigrenjiň içinde ulaldym.

Bilmedim welin, ep-esli wagtdan soň düşünişim ýaly, Hudaý meni Öz merhemeti bilen maňa düşnüksiz bolan sebäplere görä saýlady. Bu meniň häsiýetime hiç hili dahylly däldi, sebäbi häsiýetim juda erbetdi.

Men özümi ateist hasaplaýan bolsam-da, nämedir bir düşnüksiz zat meni hemişe ýygnak binasy özüne çekýärdi. Ol binanyň içine girmän deňinden geçip gitmek maňa kyn bolýardy. Umuman-a, men ol ýerde nämeleriň bolýandygyna hiç haçanam düşünmeýärdim. Men wagyz diňleýärdim, ýöne wagyzlar ýüregime täsir etmeýärdi. Men Hudaýy özümiň tabyn bolmaga mejbur bolan hojaýynym hökmünde göz öňüne getirýärdim. Älemiň bir ýerinde özümi söýýän biriniň bardygyny bilmek gowy bolan bolsa-da, men Hudaýyň keşbini öz aňymda emele getirip, şol keşbi hem ýigrenýärdim. Çagalyk we ýetginjeklik döwürlerimde köp söýgi bilen şatlyk görmänim sebäpli, özümi kimdir biriniň gowy görmegini arzuw edýärdim!

Men öz-özümi Hudaýyň ýokdugyna ynandyrýardym, ýöne şol bir wagtyň özünde-de söýýän Hudaýyň ýoklugy sebäpli gussalanýardym. Bir gün şunuň ýaly içki gapma-garşylyklardan ejir çekip ýörşüme katoliki ybadathana bardym. Men adamlaryň dyzlaryna çöküp, bir zatlar pyşyrdaýanyny gördüm. Olaryň näme diýýänini eşitjek bolup, men olaryň ýanynda durma kararyna geldim. Olar mukaddes Merýeme dileg edýärdiler-de: „Merhemetden doly Merýem, şatlan!“ diýýärdiler. Men Merýemiň heýkeline seredip, olaryň yzyndan bu sözleri gaýta-gaýta aýtdym, ýöne hiç zadam bolmady. Bu meni örän öýkeletdi.

Ýanyp duran ateist bolsam-da, men bir gezek Hudaýa doga etdim. Meniň eden dogam takmynan: „Hudaý, Seniň ýokdugyňa men ynanýaryn. Ýöne Sen bar bolaýanyňda-da, men Saňa ynanmaga borçly däl. Özüňiň bardygyňa meni ynandyrmak Seniň borjuň“ diýen sözlerden ybaratdy. Men ateistdim, ýöne ateizm meniň teşne ýüregime rahatlyk bermeýärdi.

Mende içki göreş gidip duran wagtynda Rumyniýanyň daglarynyň ýokarsyndaky bir obada bir goja agaç ussasy: „Hudaýym, men Saňa ýerde gulluk etdim, şonuň üçin ýerde-de, gökde-de sylagymy almak isleýärin. Meniň sylagym, goý, şeýle bolsun, men ölmänkäm, bir ýewreýi Mesihe getireýin, sebäbi Isa Mesihiň Özem ýewreý milletinden çykdy. Ýöne men garyp, garry hem syrkaw. Men aýlanyp, ýewreý gözläp bilmeýärin. Meniň obamda bolsa ýekeje ýewreýem ýok. Meniň obama ýewreý getir, menem ony Mesihe getirmek üçin güýjümiň ýetenini ederin“ diýip doga edýär.

Haýsydyr bir ýeňip bolmajak güýç meni hemişe şol oba çekýärdi. Mende ol ýere gidere hiç sebäp ýokdy. Rumyniýada on iki müň oba bar, ýöne men hut şol oba gitdim. Meniň ýewreýdigimi görende, goja agaç ussasy ýekeje ýigidiňem iň owadan gyza-da etmedik hyzmatlaryny etdi. Ol mende öz dogasyna berlen jogaby gördi, şonuň üçinem maňa okamak üçin Mukaddes Kitap berdi. Ondan öňem men bilesigelijikden ýaňa Mukaddes Kitaby birnäçe gezek okapdym. Emma onuň maňa beren Mukaddes Kitaby başgaçady. Gojanyň soň gürrüň bermegine görä, ol aýaly bilen meniň we aýalymyň imana gelmegimiz üçin bilelikde sagatlap doga edipdirler. Men Mukaddes Kitaby okap bilmeýärdim diýen ýalydy. Men özümiň erbet durmuşymy Isa Mesihiň

durmuşy, özümiň haramlygymy Isanyň dogrulygy, özümdäki ýigrenji Onuň söýgüsi bilen deňeşdirip, diňe möňňürýärdim. Ol meni Öz çagasy edip kabul etdi!

Tizara meniň aýalymam Mesihe geldi. Onuň üsti bilen Hudaý başga adamlary-da Özüne getirdi. Olaram özleriniň gezeginde az adamy imana getirmediler. Şeýdip, Rumyniýada ýene bir lýuteran ýygnagy peýda boldy.

Soň faşistler geldi-de, bize az ezýet bermediler. Rumyniýada faşizm prawoslawiýanyň ekstremal diktaturasynyň we protestant imanlylary we ýewreýleri yzarlama formasyna girdi.

Özüme formal taýdan el goýulmazyndan we gulluga taýýar bolmazymdan has öň men eýýäm ýygnagy esaslandyryjydym we onuň ýolbaşçysydym. Men ýygnak üçin doly jogapkärçilik çekýärdim. Faşistler aýalym ikimizi birnäçe gezek tussag etdiler, ýençdiler we sud etdiler. Faşistiki terror çekerden agyrdy, ýöne ol kommunizmiň gelmegi bilen özümize garaşýan zatlaryň başydy. Oglum Miheý ölümden gaça durjak bolup, ýewreýçe adyny ýewreýçe däl ada çalyşmaly boldy.

Faşistiki terror döwrüniň bir artykmaçlygy bardy. Olar bize fiziki taýdan üstüňden gülünmelere çydamagyň mümkindigini we Hudaýyň kömegi bilen adam ruhunyň islendik gynamalara döz gelip bilýändigini öwretdiler. Olar bize mesihilik işleriniň gizlin tehnikalaryny öwretdiler. Bu bolsa, özümize öňde garaşyp duran, eýýäm ýakyn gelen has-da eýmenç synaglara ajaýyp taýýarlyk boldy.

## Meniň ruslara eden gullugym

Özümiň ateistiki geçmişime çuňňur gynanyp, iman eden ilkinji günümden ruslara şaýatlyk etmäge başladym. Olar çagalykdan ateistlikden terbiýelenipdiler. Meniň olaryň aňyna Hoş Habary ýetirme islegim amala aşdy. Munuň üçin maňa Russiýa gitmegem gerek bolmady. Hemme zat baryp, faşizm döwründe başlady. Rumyniýada müňlerçe rus harby ýesirleri bardy. Biz olaryň arasynda Hoş Habary ýaýratma işini geçirýärdik.

Bu dramaly işdi. Men özümiň rus harby ýesiri, inžener bilen bolan ilkinji duşuşygymy hiç haçan ýatdan çykarmaryn. Men ondan Hudaýa

ynanýanyny ýa ynanmaýanyny soradym. Eger ol: „ýok“ diýen bolsa, onda men muňa haýran galmazdym. Her adam ynanmalydygyny ýa däldigini özi saýlaýar. Ýöne ol maňa seretdi-de: „Men «ynanmaly» diýen buýrugy almadym. Eger maňa: «Ynanmaly» diýip buýruk berseler, onda ynanaryn“ diýip jogap berdi.

Meniň ýaňaklarymdan gözýaşlarym akdy. Men özümi ýüregim para-para bolýan ýaly duýdum. Meniň öňümde öli aňly, Hudaýyň adama beren ägirt uly sowgadyny — indiwiduallygyny — ýitiren erkek kişi durdy. Ol kommunistleriň elindäki özbaşdak pikiri bolmadyk, buýruk boýunça ynanmaga ýa ynanmazlyga taýýar bolup duran guraldy. Ol eýýäm özbaşdak pikirlenip bilmeýärdi. Kommunistiki režimiň munça ýylyndan soň, ol adaty rus adamsy bolupdy. Kommunistleriň adamy nämeler etmäge ukyply ekendiklerini bilip, şok ýagdaýyny başdan geçirenimden soň, bu adamlara özleriniň ellerinden alnan indiwiduallygyny we Hudaýa hem-de Mesihe bolan imanyny gaýtaryp bermek üçin öz ömrümi olara bagyş etjekdigime Hudaýa wada berdim.

1944-nji ýylyň 23-nji awgustyndan başlap, millionlarça sowet goşunlary Rumyniýany dolduryp başlady. Şeýdip, mundan köp wagt geçmänkä, biziň ýurdumyza kommunizm häkimiýeti-de geldi. Onuň bilen bilelikde elhenç hupbatlaram başlandy. Bu hupbatlar bilen deňeşdireniňde, faşistleriň bize görkezen görgüleri ýeňil ýelpaýjady.

Häzir ilaty takmynan ýigrimi dört million bolan Rumyniýda şol wagtlarda Kommunistiki partiýanyň on müň agzasy bardy. Şeýle-de bolsa, SSSR-iň daşary işler ministri Wyşinskiý biziň söýgüli hem hormatly korolymyz Mihaýil I-iň ýanyna gelip, stoly ýumruklap: „Siz häkimiýet başyna kommunistleri bellemelisiňiz!“ diýýär. Biziň goşunymyz bilen polisiýamyzy ýaragsyzlandyrdylar. Şeýdip, hemmeleriň ýigrenýän güýji bolan kommunistler häkimiýet başyna geçdi. Bu zatlaryň hemmesi şol wagtky amerikan we britan häkimiýetleri tarapyndan goldawsyz bolmady.

Adam Hudaýyň öňünde diňe bir özüniň şahsy günäleri üçin däl, eýsem, tutuş milletiň günäsi üçinem jogapkärçilik çekýändir. Gul edilen ähli halklaryň tragediýasy — bu amerikan we britan mesihileriniň üstünde ýatan jogapkärçilikdir. Amerikalylar gönüden-göni bolmasalar-da, barybir göni däl ýol bilen Sowetleriň ölüm hem terror režimini

gurmaga ýardam edendiklerini bilmelidirler. Mesihiň Teniniň agzalary hökmünde amerikan mesihileri özleriniň günälerini gul edilen halklara Mesihiň nuruna gelmäge kömek etmek bilen ýuwmalydyrlar.

## Ýygnagy synaga salmak

Kommunistler häkimiýet başyna gelen batlaryna ýygnak babatdaky synag serişdelerini ussatlyk bilen ulandylar. Söýgi dili bilen synag dili birdir. Bir gyz bilen nikada ömrüniň galan bölegini geçirmek isleýän erkek hem-de bir gyz bilen ýekeje gijesini geçirmek isleýän erkek gyza şol bir: „Men seni söýýärin“ diýen sözi aýdýar. Isa bize synaga salma dili bilen söýgi dilini tapawutlandyrmagy hem-de goýun derisinde gelen möjegiň hakyky goýundan tapawutlanýandygyny bilmegi tabşyrdy. Gynansak-da, kommunistler häkimiýet başyna geçenden soň, köp ruhanylar, ruhy çopanlar we ýygnak gullukçylary bu iki sesi nädip tapawutlandyrmalydygyny bilmediler.

Kommunistler biziň parlamentimiziň binasynda ähli mesihi guramalarynyň kongresini geçirdiler. Kongrese dürli konfessiýalardan dört müň ruhany, ruhy çopan we gullukçylar gatnaşdylar. Bu adamlar hem, kongresiň hormatly prezidenti edip, Iosif Stalini saýladylar. Olar dünýädäki iň Hudaýsyz ýurda ýolbaşçylyk edýän we mesihileri köpçülikleýin öldürýän adamy saýladylar. Ýepiskoplardyr ruhy çopanlar ýerlerinden turup, biri-biriniň yzyndan kommunizm bilen mesihiligiň umumy zatlarynyň köpdügini, şonuň üçin bilelikde ýaşap biljekdiklerini aýtdylar. Gullukçylaram biri-biriniň yzyndan kommunizmi wasp etdiler-de, kommunizmiň ýygnaga wepalylygyna täze häkimiýeti ynandyrdy.

Bu kongrese aýalym ikimizem gatnaşdyk. Sabina meniň gulagyma pyşyrdap: „Riçard, tur-da, Mesihiň ýüzünden bu masgaraçylygy süpür! Olar göni Mesihiň ýüzüne tüýkürýärler“ diýdi. Menem: „Beýle bolsa, sen adamyňy ýitirersiň“ diýdim. Olam: „Meniň gorkak ärli bolasym gelenok“ diýdi.

Şonda men ýerimden turdum-da, mesihileri öldürýäni däl-de, Isa Mesihi şöhratlandyryp hem-de biziň wepalylygymyzyň hemme zatdan öňürti, Mesihe degişlidigini yglan edip, kongrese ýüzlendim. Kongresdäki çykyşlar tutuş ýurda görkezilýärdi, şonuň üçin kommunistik parlamentiň

mejlis geçirip oturan zalyndan yglan edilen Mesih baradaky habary tutuş ýurt eşitdi! Mundan soň, men öz çykyşym üçin almytymy almaly boldum, ýöne edilen iş almytyňy alanyňa degýärdi.

Protestant we prowoslaw ybadathanalarynyň ýolbaşçylary kommunistlere ýarajak bolşup ylgaşýardylar. Prowoslaw ýepiskopy ybadathanada geýýän eşigine orak-çekiç nyşanyny dakyp başlady we ruhanylara özüne öňküleri ýaly: „mukaddes edilen hökümdar“ däl-de, „ýoldaş ýepiskop“ diýip ýüzlenmeklerini buýruk berdi. Petresku we Roşiýanu ýaly ruhanylar has-da „aýgytly“ hereket etdiler. Olar gizlin polisiýanyň ofiserleri boldular. Rumyniýanyň lýuteran ýygnagynyň ýepiskopynyň orunbasary bolan Rapp teologiki seminariýada sapak berip başlady, sebäbi Hudaý oňa üç görnüş berenmişin. Birinjisi, Musanyň üsti bilen, ikinjisi, Isanyň üsti bilen, üçünjisi, Staliniň üsti bilen berlipmişin. Ol görnüşleriň iň soňkusy öňküleriň hemmesinden üstünmişin!

Men Resita şäherindäki kongrese bardym. Bu kongres gyzyl baýdagyň astynda geçdi. Onda hemmeler Sowet Soýuzynyň gimnini ýerinden turup aýtdylar. Baptistleriň prezidenti Mukaddes Kitabyň beýik mugallymy hökmünde Stalini öwdi-de, onuň edýän zatlarynyň hemmesini Hudaýyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek bolup duryandygyny aýtdy.

Meniň gaty göwy görýän hakyky baptistlerimiň onuň bilen ylalaşman, Mesihe wepaly bolup galandyklaryny we munuň üçin köp ejirleri çekendiklerini boýun almak wajypdyr. Emma kommunistler özleriniň ýolbaşçysyny „saýlady“, şonuň üçin baptistlere ony kabul etmekden başga ýol galmady. Şunuň ýaly ýagdaýlar Kommunistik ýurtlaryň hemmesinde „resmi“ ybadathananyň dini ýolbaşçylarynyň arasynda şu günem bardyr. Mesihiň hyzmatkärleriniň kommunizmiň hyzmatkärine öwrülenleri özlerine goşulmadyk doganlaryny ýazgaryp başladylar.

Resmi ýygnak — bu döwlet tarapyndan hasaba alnan we döwletiň gözegçiligi astynda bolan ýygnakdyr. Totalitar režimli ýurtlaryň köpüsinde resmi ybadathanadaky agzalyk mesihi ilatyň on göterimdende az mukdaryny tutýar. Galan imanlylar bolsa, „gizlin“ seždäni gowy görýärler.

Rewolýusiýadan soň rus mesihileriniň gizlin ýygnagyny döretdiler. Kommunizmiň hökümet başyna gelmegi we ýygnagyň köp ýolbaşçylarynyň haýynlygy bizi Rumyniýada-da gizlin ýygnak, ýagny Hoş

Habar ýaýratma işine, ony wagyz etmeklige we çagalary Mesihe getirme gullugyna wepaly boljak ýygnagy döretmeklige mejbur etdi. Kommunistler bu zatlaryň hemmesini gadagan etdi, resmi ýygnagam muňa boýun boldy.

Menem beýlekiler bilen bilelikde gizlin işe başladym. Özümiň gizlinlikdäki işimi örtmek üçin mende ýeterlik derejedäki hormatly wezipäm, ýagny „Norwegiýa lýuteran missiýasynyň“ ruhy çopany wezipäm bardy. Şol bir wagtyň özünde-de men Rumyniýadaky Bütindünýä ýygnaklar birleşmesiniň wekili bolup durýardym. (Rumyniýada bu guramanyň kommunistler bilen işleşip bilýändigi hakda hiç hili düşünje ýokdy. Ol wagtlarda bu gurama diňe garyp-gasarlara kömek bermek bilen meşgullanýardy). Bu iki wezipe maňa gizlinlikdäki hakyky işim hakda pikir hem etmeýän häkimiýetiň öňünde durmaga berk esas berýärdi.

Meniň gizlinlikdäki işimiň iki tarapy bardy. Birinjisi — bu rus esgerleriniň içindäki gizlin işimizdi, ikinjisi — Rumyniýadaky halkyň ezilen gatlagynyň arasyndaky işdi.

## Ruslar — „teşne“ kalply adamlar.

Meniň üçin ruslara Hoş Habary wagyz etmeklik edil ýerdäki jennet ýalydyr. Men köp milletden bolan adamlara wagyz etdim, emma wagyzlarymdan ruslar ýaly „ganýan“ adamlary hiç haçanam görmedim. Olaryň kalplary juda teşne kalpdyr!

Bir gezek prowaslaw ruhanysy bolan bir dostum maňa jaň edip, bir rus ofiseriniň günälerini Hudaýyň öňünde boýun almak üçin gelendigini aýtdy. Ruhany rus dilini bilmeýärdi, şonuň üçin meniň rusça gepleýänimi bilip, oňa meniň salgymy beripdir. Ertesi güni şol adam meniň bosagamda peýda boldy. Ol Hudaýy bilmäge jan edýärdi, ýöne hatda Mukaddes Kitaby-da entek görmändir. Onda dini bilimi ýokdy we hiç haçan ýygnanyşyklara baryp görmändir (ol wagtlarda Russiýada ýygnak asla ýok diýen ýalydy). Ol Hudaý hakda hiç zat bilmese-de, Ony söýýärdi.

Men ofisere Isanyň Dagdaky wagzyny we tymsallaryny okap berdim. Ol meni diňläp: „Nähili ajaýyp! Men nädip bu Mesihi bilmän

ýaşap bilipdirin!“ diýdi-de, otagyň içinde tans ediberdi. Men adamyň Mesihde beýle şatlanananyny şonda birinji gezek gördüm.

Soň men ýalňyşlyk goýberdim. Men ony taýýarlamazdan, oňa Mesihiň görgüleri we haça çüýlenmesi hakda okap berdim. Ol munuň ýaly zada garaşmandy, şonuň üçin hem, Mesihi daşlandyklaryny, Ony haça çüýländiklerini hem-de Onuň ölşüni eşidip, özüni kürsiniň üstüne goýberdi-de, möňňüriberdi. Ol şu wagtjyk Halasgäre iman etdi, ýöne onuň Halasgäri eýýäm öldi!

Men oňa seredenimde utandym. Men özümi „mesihi, ruhy çopan“ diýip atlandyrýardym, hatda başgalara-da öwredýärdim, ýöne Mesihiň görgülerine bu rus ofiseri ýaly hiç haçan gynanmandyryn. Ol maňa haçyň astynda durup we gabryň ýanyna baryp Isanyň ölenine möňňürip aglan Magdalaly Meryemi ýatlatdy.

Şondan soň men oňa Isanyň ölümden direlişi baradaky taryhy okap berdim welin, onuň ýüzi üýtgedi. Ol Isanyň ölümden direlendigini bilmeýän eken. Ol bu ajaýyp habary eşidip, dyzyna urup goýberdi-de, hapa söz bilen özüne käýindi. Bu onuň gürleýiş äheňidi. Ol şatlandyda, ýene-de: „Ol diri! Ol diri!“ diýip gygyryp, otagyň içinde tans edip aýlanyp başlady.

„Gel doga edeli!“ diýip, men oňa ýüzlendim. Ol entek nähili doga etmelidigini bilmeýärdi. Ol entek biziň ýygnakda ulanýan sözlerimiz bilen tanyş däldi. Ol meniň ýanymda dyza çökdide: „Eý Hudaý! Sen nähili ajaýyp! Eger men Seniň deregiňe bolan bolsam, Seniň günäleriňi hiç haçanam bagyşlamazdym. Men Seni çyn ýüregimden söýýärin!“ diýdi.

Şol pursatda rus ofiseriniň, Mesihiň rehimine „ýan beren“ adamyň, beýgeldip eden dogasyny eşidip, gökdäki perişdeleriň hemmesi doňup galandyr diýip pikir edýärin.

Başga bir gezek men dükanda ofiser aýal bilen rus kapitanyna duş geldim. Olar iýmit satyn aljak bolýardylar, ýöne satyjy rus diline düşünmeýärdi. Men olara kömegimi teklip etdim, şeýdip, biz tanyş bolduk. Men özümiň täze tanyşlarymy öýüme nahara çagyrdym. Biz iýip başlamazymyzdan öňürti men olara: „Siz mesihi öýe geldiňiz, biz naharyň öň ýanynda hemişe doga edýäris“ diýdim. Men rus dilinde Hudaýa doga etdim. Olar ýabak bilen çemçesini goýdular. Şol

pursatdan başlap, nahar olary gyzyklandyrmady. Olar nahar iýmegiň deregine, Hudaý, Mesih we Mukaddes Kitap hakda meniň üstüme yzly-yzyna sorag ýagdyryp başladylar. Olar bu zatlar hakda hiç zat bilmeýän ekenler.

Olar bilen gürleşmek kyndy. Men olara müň sany goýny bolan, olaryň hem birini ýitiren bir adam hakdaky tymsaly gürrüň berdim. Muňa düşünmek olara kyn bolýardy, sebäbi olary kommunistik ideologiýada terbiýeläpdiler. Olar: „Nädip onda müň sany goýny bolup bilýär? Goýunlary kolhoz almadymy?“ diýip soradylar. Men Isanyň Patyşadygyny aýtdym. Olar: „Patyşalaryň hemmesem başgalara hökümdarlyk edýän zalym adamlardyr, şonuň üçin Isa-da diktator bolan bolmaly“ diýdiler. Men olara üzümçiligiň işçileri hakdaky tymsaly gürrüň berenimde, myhmanlar kellelerini atyp: „Olar üzümçiligiň hojaýynyna garşy baş galdyryp dogry edipdirler. Üzümçilik hemmeleriňki bolmaly“ diýdiler. Mukaddes Kitap hakykatlarynyň ideýasy bu adamlar üçin täze zatdy. Men olara Isanyň dogluşy hakda gürrüň berenimde, olar Günbataryň islendik bir ýaşaýjysy üçin haýasyzlyk bolup görünmegi mümkin bolan soragy berip: „Diýmek, Merýem Hudaýyň aýaly bolupdyr-da?“ diýdiler. Bu adamlar we başga-da köp ruslar bilen gürleşenimden soň, men munça wagtlap kommunizm häkimiýetiniň gol astynda ýaşan adamlar üçin düýbünden täze usula geçmegiň zerurlygyna düşündim.

Şol usul beýleki medeniýetleriň köpüsinde-de täsir edýär. Merkezi Afrikada işleýän missionerler Işaýa pygamberiň:

> „*...günäleriňiz gyrmyzy dek bolsa-da,*
> *olar gar kimin ak bolarlar,*
> *goýy gyzyl dek bolsalar-da,*
> *ak ýüň dek bolarlar*“ (Işaýa 1:18)

diýen sözlerini düşündirjek bolanlarynda kynçylyga duş gelýärler, sebäbi Merkezi Afrikada hiç kim hiç haçan gar görmedi, hatda olaryň dilinde bu düşünjäni aňladýan söz ýokdy. Şonuň üçin missionerler bu aýady: „Siziň günäleriňiz kokos hozunyň ýadrosy ýaly ak bolar“ diýip terjime etdiler.

Bize bolsa, Hoş Habar düşnükli bolar ýaly, ony „marksistik dile“ terjime etmek zerur boldy. Emma muny etmäge özümiziň güýjümiz ýetmedi, biziň üstümiz bilen Mukaddes Ruh hereket etmelidi.

Şol gün kapitan bilen ýaş ofiser aýal Hudaýa geldiler. Soňrak olar sowet harbylarynyň arasyndaky gizlin gullugymyzda örän gowy kömek etdiler.

Biz Hoş Habaryň we beýleki mesihilik edebiýatlarynyň müňlerçe ekzemplýaryny çap edip, ruslaryň arasyna ýaýratdyk. Sowet goşunynyň iman eden adamlarynyň üsti bilen biz Sowet Soýuzyna Mukaddes Kitap we Täze Äht goýberdik. Biz ruslaryň arasynda Hudaýyň Sözüni ýaýratmak üçin başga „mekirliklere-de“ ýüz urduk. Esgerler eýýäm birnäçe ýyl bäri öýlerinden, aýallaryndan we çagalaryndan daşda gulluk edip ýördüler (Ruslar çagalaryna bolan adatdan daşary söýgüsi bilen tapawutlanýarlar). Meniň oglum Mihaý we beýleki on ýaşa çenli bolan çagalar jübülerini Mukaddes Kitapdan, Täze Ähtden we beýleki mesihilik edebiýatlaryndan dolduryp, köçelerde we seýilgählerde sowet harby işgärleriniň ýanlaryna barýardylar. Esgerler ýyllar boýy görmedik öz çagalaryny ýatlap, olary eý görýärdiler, kellelerini mylaýymlyk bilen sypalaýardylar. Adatça olar çagalara süýji ýa-da plitka şokolad berýärdiler, çagalaram jogap hökmünde esgerlere Mukaddes Kitap ýa-da Täze Äht berýärdiler, olaram kitaplary höwes bilen alýardylar. Biziň üçin etmesi juda howply bolan işleri çagalar aňsatlyk bilen edýärdiler. Olaram ruslaryň arasynda „kiçijik missionerlerdiler“. Bu gullugyň netijesi netijeli boldy. Köp rus esgerleri, şeýdip, Hoş Habary aldylar. Şol wagtlarda olary başgaça sowgat bermäge mümkinçilik ýokdy.

## Sowet harby kepbelerindäki wagyzlar

Biz ruslaryň arasynda diňe şahsy gatnaşyk ýoly bilen işlemedik. Bizde kiçi toparlarda wagyz etme mümkinçiligem bardy.

Ruslar sagady juda gowy görýärdiler. Olar ogurlap biläýjek adamlarynyň hemmesinden sagat ogurlaýardylar. Olar köçelerde-de adamlary saklap, güýç bilen olaryň sagatlaryny alýardylar. Ruslar her eline birnäçe sagatdan dakýardylar. Olaryň aýallarynyň boýunlarynda bolsa, zynjyrdan asylyp goýlan jyňňyrdaýan sagady görmek bolýardy.

Olarda hiç haçanam sagady bolmandyr, şonuň üçin hem, sagatdan lezzet alyp bilmändirler. Sagat almak isleýän rumynlar ogurlanylan ýa-da özlerinden alnan sagatlary satyn almak üçin Sowet goşunynyň kepbelerine barýardylar. Şeýlelikde, Sowet kepbelerine girmeklik rumynlar üçin adaty bolmadyk zat däldi. Gizlin ýygnak kepbelere girmek üçin bu usuly-da — sagat satyn alma usulyny-da — ulandy.

Men ilkinji gezek rus kepbesinde Petrus bilen Pawlusyň gününde, ýagny ullakan prawoslaw baýramçylygy gününde wagyz etdim. Men harby baza sagat almaga baran kişi bolup bardym. Men gürleşdimde, sagatlaryň biriniň örän gymmatdygyny, biriniň kiçidigini, biriniň juda uludygyny aýtdym. Her kim öz sagadyny teklip etjek bolup, daşyma esger bary üýşdi. Men degişip: „Bu ýerde Petrus ýa-da Pawlus barmy?“ diýip soradym. Birnäçe adam derrew seslendi. Şol wagt men olardan: „Bu gün Petrus bilen Pawlusyň prawoslaw baýramçylygydygyny bilýärsiňizmi?“ diýip soradym. (Birnäçe sany garryrak adam muny bilýän eken). Men: „Siz şol Petrus bilen Pawlusyň kim bolandyklaryny bilýärsiňizmi?“ diýip gyzyklandym. Elbetde, hiç kim bilmeýärdi, şonuň üçin hem olara resullar Petrus hem Pawlus hakda gürrüň berip başladym. Garryrak esgerleriň biri sözümi böldi-de, maňa: „Sen bu ýere sagat satyn almaga däl-de, bize din hakda gürrüň bermäge gelipsiň. Onda otur-da, bize gürrüň ber, ýöne seresap bol, biziň aramyzda kime bil baglap bolmaýandygyny biz bilýäris. Bu ýerdäkileriň hemmesi «öz adamlarymyz», ýöne dyzyňa elimi goýan wagtymda, derrew sagat hakda gürrüň edip başla, elimi aýranymda bolsa, öz gürrüňiňi dowam etdiriber“ diýdi.

Meniň daşyma ep-esli adam üýşdi. Soň men Petrus hem Pawlus hakda, Petrus bilen Pawlusyň ugrunda ölen Mesihi hakda olara gürrüň berip başladym. Käwagt kepbä esgerleriň ynanmaýan adamlary girýärdi. Şol wagt olaryň biri dyzyma elini goýýardy welin, menem sagat bilen gyzyklanýardym. Şol adam çykan badyna men Mesih hakdaky wagzymy dowam etdirýärdim. Bu saparlar rus mesihi esgerleriniň kömegi bilen gaýtalanyp durýardy. Olaryň ýoldaşlarynyň köpüsi Mesihi kabul etdiler, müňlerçesi bolsa, gizlinlikde Hoş Habar aldylar.

Biziň gizlin ýygnakdaky doganlarymyz munuň üçin näçe gezek tutuldylar we ýenjildiler, emma olaryň ýekejesi-de, bizi satmadylar.

Munuň ýaly işi edip ýörşümize, Sowet Soýuzynyň gizlin ýygnagyndaky doganlarymyz bilen duşuşyp, şatlanyp hem-de olaryň gulluklary hakda bilip bilýärdik. Hemme zatdan öňürti biz olarda mukaddes adamlary görýärdik. Olar şunça ýyllaryň dowamynda kommunistik indoktrinasiýasyny başdan geçiripdiler ahyryn. Şor suwda ýaşaýan balygyň şor bolmaýşy ýaly, olaram ýüreklerini Mesih üçin arassa hem çirksiz saklap, „kommunizmiň mekdebini“ geçdiler.

Bu mesihileriň ýürekleri arassady! Olar: „Papaklarymyzda dakyp ýören orakdyr çekijiň antimesihiň nyşanydygyny biz bilýäris“ diýip, olar uly gynanç bilen aýdýardylar. Olar sowet esgerleriniň we ofiserleriniň arasynda Hoş Habary ýaýratmakda bize az kömek etmediler.

Olaryň şatlykdan başga, mesihä mahsus bolan häsiýetli bolandyklaryna şaýatlyk edip biljek. Olar şatlygy diňe iman eden wagtlarynda duýup gördüler, ýöne soň olam ýitdi. Men bu barada ýygy-ýygydan pikirlenýärdim. Men bir baptistden: „Sende nädip şatlyk ýok?“ diýip soranymda, ol:„Öz ýygnagymyň ruhy çopanyndan Mesihe berlendigimi, işjeň doga-dilegli durmuşda ýaşaýandygymy, Hudaýa täze adamlary getirmäge jan edýändigimi gizlemeli bolan wagtymda men nädip şatlanaýyn? Meniň ýygnagymyň ruhy çopany NKWD-niň maglumatçysy. Bizi hemişe synlap ýörler. Gynansak-da, hut ruhy çopanlaryň özleri öz sürüsini satdy. Gutulyş şatlygy ýüreklerimiziň çuňlugynda ýaşaýar, ýöne biz sizde bar bolan daşky şatlygymyzy ýitirdik“ diýip jogap berdi.

Mesihilik biziň üçin dramatiki zat boldy. Azat ýurtlardaky mesihiler bir adamy ýygnaga getirýär, olam asuda durmuşda ýaşap ýören ýygnak agzasy bolýar. Emma gul edilen ýurduň ýaşaýjysy Hudaýa gelende, onuň derrew türmä düşýändigini, çagalarynyň bolsa ýetim galýandygyny biz bilýäris. Şol sebäpli-de, Mesih üçin täze adamy gazanma şatlygy munuň üçin töleniljek baha düşünilýändigi zerarly gaýga öwrülýär. Şeýlelikde, biz mesihileriň täze görnüşi, ýagny gizlin ýygnagyň mesihilerine duş geldik.

Bir gezek men otluda gidenimde, meniň garşymda sowet ofiseri oturdy. Men oňa Hudaý hakda gürrüň berip başlan badyma, ol Hudaýyň barlygyna garşy bolan ateistiki delilleriň akymyny üstüme inderdi. Onuň dilinden Marksyň, Staliniň, Wolteriň, Darwiniň we

Mukaddes Kitaba garşy bolan beýleki adamlaryň işlerinden getirilen salgylanmalaryň akymy akdy. Ol şeýle bir çalt gürleýärdi welin, maňa hatda ýekeje söz aýtmaga-da mümkinçilik bermedi. Ol bir sadaga golaý gürledi-de, Hudaýyň ýokdugyna meni ynandyrdy diýen ýaly boldy. Ol sözüni gutaran wagtynda, men ondan: „Eger Hudaý ýok bolýan bolsa, onda sen näme üçin betbagtçylyga uçranyňda, Oňa dileg edýärsiň?“ diýip soradym. Ol edil ogurlygyň üstünde tutulan ogry kimin, gyzardy-da: „Meniň dileg edýändigimi sen nireden bilýärsiň?“ diýdi. Menem bir depen ýerimi depip durdum-da: „Men birinji soradym. Sen näme üçin dileg edýärsiň? Jogap ber!“ diýdim. Ofiser kellesini aşak sallady-da: „Frontda daşymyzy faşistler gurşanda, hemmämizem doga etdik! Biz nädip dogry doga etmelidigini bilmeýärdik, şonuň üçin: «Hudaý we ruh! Kömek et!» diýdik“ diýdi. Bu ýüreklere garaýan Hudaýyň nazarynda ajaýyp doga dälmidir?

Bir gezek men sowet heýkeltaraşy bolan är-aýal bilen tanyşdym. Olar meniň Hudaý hakdaky gürrüňime garşy çykdylar: „Ýok, Hudaý ýok. Biz hudaýsyzlar. Ýöne biz saňa bolup geçen bir gyzykly zady gürrüň bereris.“

Bir gezek biz Staliniň heýkeliniň üstünde işläp otyrdyk. Iş gidip durka aýalym maňa: „Eliň uly barmaklaryna seret! Eger uly barmaklarymyz biri-birine aýnada şöhlelenen ýaly edilip ýaradylmadyk bolsa we ellerimiziňem barmaklary aýaklarymyzyňky ýaly bolan bolsa, onda biz çekiji, ýonujyny, gurallary, kitaplary, hatda birje döwüm çöregem tutup bilmezdik“ diýdi. Uly barmak bolmasa adam durmuşam bolmazdy. Şeýlelikde, uly barmagy kim ýaratdy? Biziň ikimizem marksizm mekdebini okadyk, şonuň üçin gögüň hem ýeriň öz-özünden dörändigini bilýäris. Olary Hudaý ýaratmady. Bize nähili öwredilen bolsa, bizem şonuň ýaly ynandyk. Ýöne Hudaý gök bilen ýeri ýaratman, diňe uly barmagy ýaradan bolsa, Onda ol eýýäm bu ownujak bolsa-da, şunuň ýaly wajyp zady ýaradandygy üçin öwgä mynasypdyr.

„Biz elektrik çyrasy, telefony, demir ýoly we ş.m. döreden Edisony, Bellany we Stiwensony öwýäris. Onda näme üçin barmagy ýaradan Hudaýy öwmeli dälmişin? Eger uly barmagy bolmadyk bolsa, Edison hiç zadam döredip bilmezdi. Ine, şeýle, uly barmagy ýaradan Hudaýy şöhratlandyrmak dogrudyr“.

Aýallary akylly sözleri aýdanda hemişe bolşy ýaly, aýalynyň sözleri adamsynyň gaharyny getirdi. „Samsyk gürrüň etme. Saňa Hudaýyň ýokdugyny öwretdiler. Mundan başga-da, öýüň bar ýerine «tomzaklaryň» goýlup çykylan bolmagy mümkin. Seniň biziň başymyza bela getirmegiň mümkin. Hemişelik ýatda sakla, Hudaý ýok. Gökde-de hiç kim ýok!“.

Aýaly şeýle jogap berdi: „Geň galaýmaly! Eger ata-babalarymyzyň bar akmaklygy bilen ynanan Gudratygüýçli Hudaýy gökde ýaşaýan bolsa, onda biziň hemmämizde uly barmagyň bolmagy tebigy zatdyr. Hemme zada güýji ýetýän Hudaý hemme zady edip bilýändir, şonuň üçin Ol barmagam ýaradyp biler. Ýöne eger gökde hiç kim ýok bolsa, onda men uly barmagy ýaradan «Hiç Kime» sežde etjek!“

Şeýdip, olar „Hiç Kime“ ynanyp başladylar. Wagtyň geçmegi bilen olaryň „Hiç Kime“ bolan ynamy Hudaýa — diňe dir uly barmagy däl-de, eýsem, ýyldyzlary-da, gülleri-de, çagalary-da, durmuşdaky ajaýyp zatlaryň hemmesini Ýaradana — bolan imana öwrüldi. Bu waka gadym döwürlerde Pawlusyň „Nätanyş Hudaýa“ sežde edýän adamlara duşuşyny ýatladýar (Resullaryň işleri 17:23).

Bu är-aýal gökde, dogrudanam, Hudaý Ruhuň bardygyny, Onuň söýgi, akyldarlyk hem güýç Ruhudygyny, özlerini şeýle söýýändigi sebäpli, Özüniň ýekeje Ogluny haçdaky ölüme iberen Ruhdygyny eşidenlerinde, diýseň bagtyýar boldular.

Olar özleri bilmese-de, Hudaýa ynanýan bolup çykdylar. Hudaý maňa olary özleriniň imanynda bir basgançak ýokary galdyrma, ýagny toba edip, gutulyş almaklaryna kömek etme sylagyny berdi.

Bir gezek men ýolda rus aýal ofiserini gördüm-de, onuň ýanyna baryp: „köçede nätanyş aýala ýüzlenmäniň mylakatlylyk bolmaýanyny bilýärin, ýöne men ruhy çopan, şonuň üçin hem, meniň niýetim arassa. Men size Mesih hakda gürrüň bermek isleýärin.“

„Siz Mesihi söýýärsiňizmi?“ — diýip, ol şatlylky gygyrdy. „Hawa! Bütin durkum bilen!“ Ol meni gujaklady-da, ogşap başlady. Men utandym. Men özümi juda oňaýsyz duýdum, sebäbi ruhy çopandym ahyryn. Özüme gelenimden soň, hemmeler biz garyndaşdyrys öýder diýen umyt bilen menem onuň gujaklamasyna jogap berdim. Ol: „Menem Mesihi söýýärin!“ diýdi. Men bu aýaly öýe çagyrdym, şonda

onuň Mesih hakda adyndan başga hiç zat bilmeýändigini bildim. Şondada ol Ony söýýän eken. Ol Mesihiň Halasgärdigi, gutulyşyň nämäni aňladýandygy hakda-da hiç zat bilmeýän eken, Onuň nirede ýaşanyny we öleninem bilmeýän eken. Ol Mesihiň taglymaty, durmuşy we gullugy hakda eşitmändirem. Ol meniň üçin adaty bolmadyk adamdy: diňe adyny bilip, kimdir birini nädip söýüp bolýarka?

Men aýala özümiň haýran galmamy beýan edenimde, ol: „Ýaşlykda meni suratlar boýunça ýatda saklamagy öwretdiler. Mysal üçin, «A» — bu «awtobus», «B» — bu «bina», «W» — bu «wagon» we ş.m. diýip öwretdiler“.

„Men ýokary klaslara geçenimde bolsa, özümiziň kommunistik ýurdumyzy goramaklygyň biziň mukaddes borjumyz bolup durýandygyny öwretdiler. Ýöne men «mukaddes borç» bilen «ahlagyň» nämedigini bilmeýärdim. Maňa ünsümi jemlär ýaly surat gerekdi. Öz ata-babalarymyzyň ajaýyp, hormata mynasyp we sežde edilmeli zatlaryň hemmesini ikonalarda jemländiklerini bilýärin. Mysal üçin meniň mamam hemişe «Mesih» diýip atlandyran şekiljiginiň öňünde baş egýärdi. Menem bu ady gowy gördüm. Bu at maňa şeýle ýakyn bolup galdy. Bu ady ýatlamanyň özi meni şatlykdan doldurýar“ diýip düşündirdi.

Onuň sözlerini eşidenimde, kelläme Filipililer 2:10-da Isanyň adynyň hatyrasyna ýerdäkileriň we ýer astyndakylaryň barynyň dyz epjekdigi hakynda aýdylan sözler ýadyma düşdi. Belki, antimesihe ýeriň ýüzünden wagtlaýynça Mesihiň adyny süpürip taşlamak başardar. Ýöne Isanyň adynyň özünde adamy nura getirmäge ukyply bolan güýç bardyr.

Ol meniň öýümde Mesihi kabul etdi, şonuň üçin indi onuň ýüreginde Kimiň adyny şeýle söýen bolsa, Şol hem ýaşaýardy.

Ruslar bilen geçirilen her bir pursat poeziýadan we çuň manydan doludyr. Demir ýol stansiýalarynda Hoş Habary wagyz edýän bir aýal doganymyz Hudaýyň Sözi bilen gyzyklanan bir ofisere meniň salgymy beripdir. Bir gezek ol meniň gapymda peýda boldy. Ol Sowet Goşunynyň uzyn boýly, görmegeý leýtenantydy.

Men ondan: „Size näme kömek edip bilerin?“ diýip soradym.

Olam: „Men maslahat soramaga geldim“ diýdi.

Men oňa Ýazgydan iň wajyp ýerlerini okap bermäge başladym. Ol öz elini meniň elimiň üstüne goýdy-da: „Senden haýyş edýärin, meni aldama. Men garaňkylykda saklanylýan halka degişli. Maňa hakykaty aýt: bu Hudaýyň hakyky Sözümi?“ diýdi. Men ony munuň hakyky Hudaýyň Sözüdigine ynandyrdym. Ol birnäçe sagadyň dowamynda diňläp oturdy, soňam Mesihi kabul etdi.

Ruslar din meselesinde seýrek ýagdaýda ýüzleý we ýasama bolýarlar. Olar dine garşy göreşenlerinde, Mesihi gözlänlerinde edýän zatlarynyň hemmesini çyny bilen, ak ýürekden edýärler. Ine, näme üçin kommunizm döwründe Russiýadaky mesihiler şeýle üstünlikli missionerler bolan ekenler. Ruslaryň gadym döwürlerden bäri dindar halk bolmagy taryhyň dowamynda döredi. Olara meňzeş — Hoş Habary wagyz etmäniň işi üçin ýetişen hasyl — bolan halklar biri-biriniň yzyndan Hoş Habary kabul edenlerinde, taryhyň gidişi üýtgeýär. Russiýanyň we onuň halkynyň Hudaýyň Sözüne şeýle teşneligi duýýan bolsa-da, kopleriň olary näme üçin ünssüz goýýandygy diýseň pajygaly zatdyr.

## Biziň ruslaryň arasyndaky gullugymyz baý hasyl getirdi.

Men Pýotry ýatlaýaryn. Onuň soýuzyň haýsy türmesinde ýitip gidendigini hiç kim bilmeýär. Olam Rumyniýa Sowet goşuny bilen bilelikde gelipdi. Ol gizlin duşuşyklaryň birinde imana geldi-de, derrew özüni suwda çokundyrmagymy menden haýyş etdi.

Suwda çokundyranymdan soň, men Pýotrdan özüni Hudaýa bagyş eder ýaly, özüne Mukaddes Kitapdan haýsy aýadyň özüne ýarandygyny soradym.

Ol bir wagtlar men Lukanyň Hoş Habarynyň 24-nji babyny okanymda, Isanyň Emmaus ýolunda iki şägirdine duşanda: „Olar barýan obalaryna golaýlanlarynda, Isa uzagrak giderli göründi“ diýen ýerini eşidendigini aýtdy. Pýotr: „Men Isanyň näme üçin ýoluny dowam etjek bolandygyna men düşünmeýärin. Men onuň şägirtleri bilen bile galmak isländigine ynanýaryn. Onda näme üçin Ol beýle diýdikä?“ diýdi. Men Isanyň mylakatlylyk sebäpli şeýle edendigini düşündirdim. Ol Özüniň galmagyny isleýändiklerine göz ýetirmek isleýär. Isa Özüni çagyrýandyklaryny görüp, höwes bilen öýe girýär. Kommunistler

nadanlardyr. Olar adamlaryň ýüreklerine we adamlaryň aňlaryna güýç bilen kürsäp girýärler. Olar özlerini adamlaryň ir ertirden giç agşama çenli diňlemeklerini isleýärler. Munuň üçin olar mekdepleri, radiolary, gazetleri, plakatlary, filmleri, ateizm baradaky leksiýalary ulanýarlar. Olar baran ýerleriniň hemmesinde şeýle edýärler. Adamlar özlerine ýarasa ýaramasa-da, olaryň hudaýsyz propogandasyny eşitmeli bolýarlar. Isa adam azatlygyna hormat goýýar. Ol adamyň ýüregine ýuwaşjadan kakýar.

„Isa meni Özüniň mylakatlylygy bilen maýyl etdi“ diýip, Pýotr boýun aldy. Kommunizm bilen Mesihiň arasyndaky bu gapma-garşylyk ony ynandyrypdy. Ol Isanyň häsiýetiniň haýran eden birinji rus adamsy däldi. (Ruhy çopan hökmünde meniň özüm bu hakda hiç haçan pikirlenmändirin).

Pýotr imana gelenden soň, Sowet Soýuzyna mesihi edebiýatlaryny goýbermek we Rumyniýadaky we Russiýadaky gizlin ýygnaga kömek etmek bilen öz janyna hem-de azatlygyna töwekgelçilik etdi. Wagtyň geçmegi bilen ol tussag edildi. Men ol hakda soňky gezek eşidenimde, entegem türmededi. Belki, ol eýýäm ölendir? Ol gökde dynç alýarmyka ýa-da ýerde öz göreşini dowam etidirip ýörmikä? Bilemok... Muny diňe Hudaý bilýär.

Pýotr ýaly, başga-da köp adamlar diňe bir imana gelip goýmadylar. Biz nobatdaky adamy Rebbe getirmek bilen saklanmaly däldiris. Biz beýle etmek bilen öz ýerine ýetirmeli ýumşumyzyň diňe bir bölegini ýerine ýetirdik. Mesihe iman eden her bir jan ýeňiji jan bolmalydyr. Ruslar diňe bir imana gelmän, eýsem, gizlin ýygnagyň missionerleri-de boldular. Olar Mesihiň hatyrasyna örän batyr hem gaýduwsyzdylar, şonuň üçin bu zatlaryň özleriniň ugrunda Ölen üçin edip biläýjek ujypsyzja zatlarydygyny hemişe aýdýardylar.

## Biziň gul edilen halka gizlin eden gullugymyz

Biziň gullugymyzyň ýene bir tarapy rumynlaryň arasynda alyp barýan gizlin missionerçilik işimizdi.

Ilki kommunistler ýygnak ýolbaşçylaryny aldap, özleriniň tarapyna geçirjek boldular, ýöne diýseň tizara ýüzlerindäki maskalaryny

taşladylar. Şonda terror hem-de köp sanly tussaglyklar başlandy. Ozal ruslara bolşy ýaly, bize-de adamlary Mesihe getirmeklik kyn boldy.

Wagtyň geçmegi bilen men Hudaýyň rehimdarlygy arkaly Mesihe getiren adamlarym bilen bile türmede oturmaly boldum. Men Mesihe iman edendigi sebäpli tussag edilen bir erkek kişi bilen bir kamerada oturdym. Onuň öýünde alty çagasy galypdy. Onuň aýaly bilen çagalary açlyk çekýärdiler. Ol indi olary hiç haçanam görüp bilmeýärdi. Men ondan: „Özüňi Mesihe getirenim, maşgalaň beýle garyplyga düşeni üçin sen maňa gaharlanaňokmy?“ diýip soradym. Ol: „Özümi ajaýyp Halasgäre getireniň üçin saňa minnetdarlyk bildirmäge söz tapamok. Men häzir hiç zady üýtgedip bilmezdim“ diýip jogap berdi.

Munuň ýaly şertlerde wagyz etmek aňsat bolmaýar. Adamlar özlerini ezilen halda duýýarlar. Kommunistler olaryň hemmesiniň emläklerini ellerinden alypdy. Olar fermerleriň meýdanlaryny we goýunlaryny, dellekler bilen tikinçileriň ussahanalaryny alypdylar. Onda-da olar diňe kapitalistleriň emläklerini almadylar, garyp raýatlaram ejir çekdiler. Her maşgaladan diýen ýaly tussag edilen adam bardy diýen ýalydy, garyplyk hemişe ösýärdi. Adamlar: „Näme üçin söýgi Hudaýy erbetligiň dabaralanmagyna ýol berýärkä?“ diýip soraýardylar.

Mesihiň haçda: „Hudaýym, Hudaýym, Sen näme üçin Meni terk etdiň?“ diýip görgüde ölen penşenbe gününde Ol hakda wagyz etmeklik resullara-da aňsat bolmandy. Umuman, biziň işimiziň miwe getirmegini dowam etmeginiň özi bu zatlaryň Hudaýdandygyny subut edýär. Mesihilik ynamy soraglaryň hemmesine jogap bermäge taýýardyr. Isa edil biziň ýaly, garyp, horlukda ýaşan, ölümiň bärisinde ýaşan, açlyk çeken, ýaralaryny itler ýalan Lazar hakda gürrüň berýär. Lazar ölenden soň, perişdeler gelip, ony Ybraýymyň gujagyna alyp gidýärler.

## Gizlin ýygnaga ýarym açyk bolup işlemek nädip başartdy

Gizlin ýygnak öýlerde, tokaýlarda, ýerzeminlerde, garaz, mümkin bolan ýerlerde ýygnanýardy. Beýleki köp ýurtlaryň hemmesinde bolşy ýaly, Rumyniýada-da gizlin ýygnak diňe bölekleýin gizlinlikde boldy. Aýsbergiň depesi ýaly, ýygnagyň bir bölegi göze görünýärdi. Kommunizm döwründe köçelerde wagyz etmeklik juda howply boldy,

ýöne şeýle-de bolsa, biz başga ýol bilen gazanylyp bolmajak köp adamlary hut şunuň ýaly usul bilen gazanyp bildik. Hoş Habary ýaýratmanyň şunuň ýaly görnüşinde meniň aýalym has-da işjeňdi. Mesihiler bildirmän köçeleriň bir burçunda ýygnanyşýardylar-da, ýuwaşjadan aýdym aýdýardylar. Adamlaram ajaýyp aýdymy diňlemek üçin olaryň daşyna üýşýärdiler. Şol pursatda aýalym Hoş Habary gürrüň berip başlaýar. Biz gizlin polisiýa gelmezden öňürti dargaşýardyk.

Bir gezek men başga bir gulluk bilen meşgullanyp ýörkäm, aýalym Buharestdäki ullakan zawodyň öňünde müňlerçe işçileriň öňünde çykyş edýär. Aýalym olara Hudaý hem gutulyş hakda gürrüň berýär. Ertesi gün ertir bilen köp işçiler kommunistleriň adalatsyzlygyna garşy çykandyklary üçin atylýar. Olar Hoş Habary wagtynda eşidip ýetişdiler.

Biz gizlin ýygnak bolsagam, Ýahýa Çokundyryjy ýaly, barybir halk hem-de ýokary wezipeli adamlar bilen Mesih hakda aç-açan gürleşýärdik. Bir gezek döwlet guramalarynyň biriniň gapysyndan gysylyşyp girip, biziň premýer ministrimiz George Georgiu-Jejiň ýanyna barmaklyk iki doganymyza başardypdyr. Olar özlerinde bolan birnäçe minudyň dowamynda oňa Mesih hakda şaýatlyk edýärler we günäden hem yzarlamalardan el çekmeklige çagyrýarlar. Ol bu adamlary batyrgaý şaýatlyk edendikleri üçin tussag etmegi buýruk berýär. Mundan köp wagt geçenden soň, premýer ministr Georgiu-Jej näsaglanda, ep-esli wagt mundan ozal ekilen Hoş Habaryň tohumy ösüp başlady. Şol tohumyň ugrunda iki doganymyz diýseň ezýet çekipdi. Premýer ministr hasrat çeken pursatynda özüne: „Mukaddes Kitapda ýazlyşy ýaly: «Hudaýyň sözi diri hem täsirlidir, her bir iki ýüzli gylyçdan kesgirdir»“ (Ýewreýler 4:12) diýlen sözleri ýada saldy. Bu sözler onuň zalym ýüreginden parran geçdi-de, ony Mesihiň öňünde tabyn adam etdi. Jej öz günälerini öwrenip, Isany Halasgär hökmünde kabul etdi hem-de ýarawsyzlygyna garamazdan, Oňa gulluk edip başlady. Tizara öl öldi, ýöne ol täze edinen Halasgäriniň ýanyna gitdi. Bu zatlaryň hemmesi iki mesihiniň töleg tölemäge taýýar bolandyklary sebäpli boldy. Şol iki doganymyz häzirem yzarlanylýan mesihileriň batyrlygynyň nusgasy bolup durýar.

Kommunistik sütem Hoş Habary wagyz etmäni ep-esli derejede kynlaşdyrdy, Şeýle-de bolsa, bize barybir birnäçe mesihi eserlerini çap

edip, olary zalym kommunistik senzuranyň üstünden alyp geçmek başartdy. Biz senzuraça „Din — halk üçin zäherdir“ diýen atly we birinji sahypasynda kommunizmi esaslandyryjy Karl Marksyň portreti bolan bukleti berdik. Ol oňa kommunistik eserdir öýtdi-de, öz möhürini basdy. Munuň ýaly bukletlerde senzuraçylara şatlyk getirýän Marksyň, Leniniň, Staliniň sözlerinden alnan parçalardan soň, Mesih hakda gürrüň berilýär.

Biz şonuň ýaly „kommunistik” bukletleri parad ýa-da demonstrasiýa wagtynda ýaýradýardyk. Birinji sahypada Karl Marksyň suratyny görüp, kommunistler olary isleg bilen satyn aldylar. Olar onunjy sahypa baryp ýetip, ol ýerde Hudaý we Mesih hakda gürrüň berlendigine düşünýänçälär, biz eýýäm uzakda bolýardyk.

Şonuň üçin gizlin ýygnak diňe bir gizlin gulluk bilen meşgullanman, eýsem, köçelerde we döwlet guramalarynyň ýanlarynda aç-açan Hoş Habary wagyz edýärdiler. Munuň üçin almytymyzy alýardyk. Ýöne şeýle-de bolsa, häzirem gizlin ýygnagyň töleg tölemä taýýar bolşy ýaly, muňa taýýardyk.

## Pena astynda

Gizlin polisiýa gizlin ýygnagy zalymlyk bilen yzarlaýardy, sebäbi ol gizlin ýygnakda garşy çykmaga ukyply bolup galan täsirli bitewi bir güýji görýärdi. Ol şonuň ýaly güýçdi, ruhy güýçdi. Eger ol güýç galaýsa, onda ol olaryň ateistik taglymatyny üzüp bilerdi. Olar gizlin ýygnagyň özleri üçin uly howp bolup durýandygyna düşünýärdiler. Olar Mesihe ynanýan adamyň paýhassyz hem erksiz bolmajakdygyny bilýärdiler. Olar türmä adamyň ruhy bilen onuň Hudaýa bolan imanyny däl-de, diňe fiziki bedeni basyp bilýändiklerini bilýärdiler. Şol sebäpli-de, olar gizlin ýygnak bilen göreşmek üçin uly tagallalary edýärdiler.

Şeýle-de bolsa, gizlin ýygnagyň tarapdarlary, hatda döwlet işgärleriniň içinde-de, gizlin polisiýanyň içinde-de agzalary bardy.

Biz mesihileri gizlin polisiýa işe girmeklige we duşmanyň planlary hakda duýduryş bermekleri üçin ýigrenýän formalaryny geýmeklige çagyrdyk. Şeýdip, polisiýada gizlin ýygnakdan birnäçe doganymyz işledi. Munuň ýaly işiň maksadyny düşündirmäge haky bolmandygy

sebäpli, özleriniň imanyny gizlemek, kommunistleriň formasyny geýendikleri üçin maşgalalary, dostlary tarapyndan ýigrenilmek olara aňsat düşmeýärdi. Şonda-da olar şonuň ýaly pida edijilige gitdiler. Ine, olaryň Mesihe bolan söýgüsi nähili güýçlüdi!

Meni gizlin polisiýa ogurlap, köp ýyllaryň dowamynda berk režimli türme tussaglygynda saklanda, bir mesihi lukman diňe meni tapmak maksady bilen polisiýada işe ýerleşýär. Gizlin polisiýanyň lukmany hökmünde ol türmedäki kameralaryň hemmesine girip bilýärdi, şonuň üçin maňa kömek etme umydyny ýitirmeýärdi. Onuň kommunist bolandygyna ynanan dostlarynyň hemmesi ondan ýüz öwürýärler. Jelladyň formasyny geýmeklik ol döwürlerde tussagyň geýmini geýenden-de uly pidady.

Şol doganymyz meni aýra edilip goýlan garaňky kameradan tapyp, beýleki doganlara meniň diridigimi aýdýar. Ol özümiň sekiz ýarym ýyllap tussaglykda bolan döwrümde duş gelen ilkinji dostumdy. Onuň kömegi bilen ýygnak meniň diridigimi bilýär. 1956-njy ýyldaky Eýzenhaueriň — Hruşewyň „gark etmesinden“ soň, köp tussaglary akladylar. Mesihiler meniň azatlyga çykarylmagymy gazandylar, şonuň üçin meni biraz wagtlyk goýberdiler. Eger şol lukman meni tapmak üçin ýörite polisiýa işe girmedik bolsa, onda meni hiç haçan azatlyga çykarmazdylar. Men şu wagta çenli-de türmede ýa-da gabyrda çüýräp ýatardym.

Gizlin polisiýadakylar gizlin ýygnak agzalary köp gezekler bize bu polisiýanyň planlary hakda duýduryp, gaty gowy kömekleri etdiler. Häzirki döwürde-de kommunistik ýurtlardaky gizlin ýygnaklaryň gizlin polisiýalarda öz adamlary bar. Şol adamlar mesihilere abanyp gelýän howpy duýdurýarlar-da, kömek edýärler. Olardan käbirleri ýygnaga kömek etmek üçin özleriniň Mesihe bolan imanyny gizläp, döwletde ýokary derejeleri eýeleýärler. Olar häzir gizlinlikde gulluk edýän Mesihini diňe Gökde aç-açan wagyz ederler.

Şonda-da, gizlin ýygnagyň agzalarynyň köpüsiniň üsti açylyp tussag edildi. Biziň aramyzda-da, ýygnagy polisiýa satan Iudalar tapyldy. Kommunistler urmak, üstünden gülme, haýbat atmalar arkaly gullukçylary we ýygnak agzalaryny özleriniň imandaky doganlaryny satmaga mejbur etmäge synanyşdylar.

# 2-NJI BAP

# „Hiç kimde ondan ýokary söýgi ýokdur ...“

1948-nji ýylyň 29-njy fewralyna çenli men aç-açan işleýşim ýaly, gizlinem işledim. Şol güneşli ýekşenbe gününde meni göni ýoldan gizlin polisiýa alyp gitdi.

Men Mukaddes Kitapda birnäçe gezek gaýtalanylýan „ogurlamak“ sözüniň manysy hakda köp oýlanýardym. Kommunizm bize munuň nämedigini görkezdi.

Ol döwürlerde köp adamlar ogurlandy. Gizlin polisiýanyň maşyny gelip, ýanymda saklandy. Ondan dört sany erkek kişi çykyp, meni maşynyň içine itekläp saldylar. Meni sekiz ýyldan gowrak wagtlap gizlin saklan ýerleri bolan türmä alyp gitdiler. Bu wagtyň dowamynda meniň ölüdigimi ýa diridigimi hiç kimem bilmedi. Aýalymyň ýanyna gizlin polisiýanyň içalysy baryp, özüniň tussaglykdan boşandygyny, meniň jaýlanmama gatnaşandygyny aýdýar. Bu habar onuň göni ýüregini paralaýar.

Şol ýyllarda dürli denominasiýalaryň ýygnaklaryndan bolan imanlylaryň müňlerçesi türmelere salyndy. Diňe bir gullukçylar däl, eýsem, öz imanyna şaýatlyk eden ýönekeý daýhanlaram, ýigitlerdir gyzlaram tussag edildiler. Tutuş Rumyniýada we beýleki kommunistik ýurtlarda türmeler püre-pür boldy. Tussaglykdaky adam bolmaklyk bolsa, gynanylmalary başdan geçirmekligi aňladýardy.

Gynamalar eýmençdi. Men başdan geçirmeli bolan zatlarymy hatda agzap geçmegem islämok. Hatda bu zatlar baradaky ýatlamalaryň özem juda agyrylydyr.

Özümiň „Hudaý bilen gizlinlikde“ diýen kitabymda men tussaglygyň şol eýmenç günlerini ýeňip geçmäge kömek edişi hakda gürrüň berýärin.

## Çekerden çökder gynamalar

Floresky atly ruhy çopany gyzgyn ütük bilen gynadylar we pyçak bilen kesdiler. Ony gaýgyrman urdular. Ullakan turbanyň içinden onuň kamerasyna aç alakalary goýberdiler. Ol ýatyp bilmeýärdi, sebäbi hemişe alakalardan goranmaly bolýardy. Eger ýekeje pursatlyk irkiläýse, alakalaryň hemmesi onuň üstüne topulýardylar.

Ony iki hepdäniň dowamynda gije-gündizläp durmaga mejbur etdiler. Şeýdip, kommunistler ony öz doganlaryny satmaga mejbur etjek bolýardy, emma ol şonda-da çürt-kesik mundan boýun towlady. Soň olar onuň on dört ýaşly ogluny getirip, ony kakasynyň gözüniň öňünde ýençdiler. Soňam, özleriniň eşitmek islän zadyny aýdýança ogluny gynajakdygyny aýdyp, ruhy çopana haýbat atdylar. Bagty ýatan tas aklyndan azaşypdy. Ol başaryp bildigiçe özüni saklajak boldy, soňam: „Aleksandr, men olara isleýän zadyny aýtjak! Men mundan artyk bu zatlara seredip durup biljek däl“ diýip gygyrdy. Emma ogly: „Kaka, meniň dönük kakaly bolasym gelenok. Saklan! Eger olar meni öldürseler, onda men: «Isa we Watan üçin» diýen sözler bilen ölerin“ diýip, ony saklady. Kommunistler muňa has-da guduz açan ýaly bolup, oglany ölýänçä urdular. Kameranyň diwarlary onuň ganyndan ýaňa çym gyzyl boldy. Ol Hudaýy şöhratlandyryp öldi. Biziň gadyrly doganymyz Floresky bolsa, şondan soň hiç haçanam öňküleri ýaly bolup bilmedi.

Biziň ellerimize içinde çüý goýlan gandallary geýdirdiler. Eger hereket etmeseň, olar eliňi kesmeýärdi, ýöne çygly sowuk kamerada sowukdan ýaňa sandyranyňda, gandallar bileklerimizde gabarçyk emele getirýärdi.

Mesihileri başaşak edip ýüp bilen daňyp goýýardylar-da, şeýle bir güýç bilen urýardylar welin, onuň bedeni urgudan ýaňa o tarapdan bu tarapa yraň atýardy. Olary diwarlarynda gyraw bar bolan „sowadyjy kameralara“ salýardylar. Meni-de şonuň ýaly kamera eşiksiz diýen ýaly saldylar. Türme lukmanlary bize gapynyň penjirejiginden seredip durýardylar-da, aşa sowuklyk zerarly ölümiň golaýlaşandygynyň ilkinji simptomlaryny görenlerinde, garawullara duýdurýardylar, olaram bizi doňumyzy eretmek üçin ol ýerden çykarýardylar. Ýöne biz doňumyzy ereden badymyza, olar bizi ýene-de „sowadyjy kamera“ salýardylar.

Doňuňy eretme, ölüme çenli diýen ýaly doňma, ýene-de doňuňy eretme — gaýta, gaýta şeýle! Hatda häzirem meniň sowadyjyny açmakdan gorkýan wagtlarym bolýar.

Mesihileri biziň özümizden azajyk ulurak bolan agaç ýaşikleriň üstünde durmaga mejbur edýärdiler. Bu bolsa, islendik hereketiň bolmagyny mümkin etmeýär. Iç tarapdan hemme ýerden tyg ýaly çüýler çykyp durdy. Hereketsiz durmaga çydasa bolýardy, ýöne bizi sansyz-sajaksyz sagatlaryň dowamynda durmaga mejbur edýärdiler. Hereketsiz durmaklyk çydar ýaly bolman başyň aýlanyp başlanda, çüýler endamyňa girýär.

Kommunistleriň mesihilere eden zatlary ynsan düşünjesiniň çäklerinden çykýar. Men mesihileriň üstlerinden gülenlerinde, lezzetden ýaňa ýüzleri nur saçan kommunistleri gördüm. Olaryň käbirleri: „Men şeýtan“ diýip gygyrýardy.

„Biziň *söweşimiz adamlara garşy däl-de, hökümdarlara garşy, ygtyýarlylara garşy, bu garaňky dünýäniň häkimiýetlerine garşy, ýamanlygyň Gökdäki ruhy gudratlaryna garşydyr*“ (Efesliler 6:12). Biz kommunizmiň Hudaý tarapyndan däl-de, şeýtandandygyna düşündik. Kommunizm — bu ruhy güýçdür, şonuň üçin ony diňe özünden-de uly bolan ruhy güýç, ýagny Hudaýyň Ruhy bilen ýeňmek mümkindir.

Men özümi gynaýanlardan: „Siziň ýüregiňizde jinnek ýaljagam nebsagyryjylyk ýokmy?“ diýip, ýygy-ýygydan soraýardym. Olaram köplenç Leniniň: „Ýumurtganyň gabygyny döwmän, heýgenek bişirip bolýan däldir“ ýa-da „Taraşasy uçmaz ýaly, tokaýy çapmaly däldir“ diýen sözi bilen jogap berýärdiler. Men sözümi dowam edip: „Ýöne odun bölmek bilen adamyň bir ýerini agyrtmak şol bir zat däl ahyryn. Her bir urgy diri adamda agyry döredýär we enäni ezýet çekmeklige mejbur edýär“ diýýärdim, ýöne bary biderek bolýardy. Olar materialistler. Olar üçin maksatdan başga zat ýokdy. Adam hem olar üçin böleklenen odun, ýumurtganyň gabygydyr. Munuň ýaly garaýyşlar daş kimin olary zalymlygyň akla sygmajak çuňluklaryna batyrýar.

Ateizmiň zalymlygy suratlandyrar ýaly däldir. Adam ýagşylyk üçin berilýän baýragyň yzyna alynmaýandygyna, ýamanlyk üçin jezanyň

bardygyna ynanmasa, onuň adam bolmaga haky ýokdur. Adamyň içinde ýaşaýan ýamanlygyň çägi ýokdur. Jellat kommunistler: „Hudaý ýok, ölüden soňky ýaşaýşam ýok, ýamanlyk üçin jeza-da ýok. Biz islän zatlarymyzyň hemmesini edip bilýäris“ diýip köp gaýtalaýardylar. Men bir jelladyň: „Men özümiň ynanmaýan Hudaýyma ýüregimdäki ähli ýamanlyga doly öz erkine goýberip biljek wagtyma çenli ýaşanym üçin minnetdar“ diýenini eşitdim. Şol ýamanlyk hem, akla sygmajak zalymlyk we eşidilmedik ezýetler bolup, mesihileriň üstlerine döküldi.

Eger adamy krokodil iýse, men muňa juda gynanardym, emma krokodili ýazgaryp bilmezdim, sebäbi ol ahlakly jandar däl. Edil şunuň ýaly, kommunistlerem ýazgarmak bolmaýar. Kommunizm olardan ähli ahlak duýgusyny köki bilen goparyp alypdyr. Olar ýüreklerinde rehimdarlygyň ýokdugy bilen öwünýärler.

Kommunistler maňa örän wajyp bir sapagy özleşdirmäge kömek etdiler: olaryň ýüreklerinde Isa üçin ýeriň bolmaýşy ýaly, menem ýüregimde şeýtana azajyk ýerem galdyrmazlygy ýüregime düwdüm.

Men amerikan senatynyň howpsuzlyk Komitetine görkezme berdim. Men şeýle aýylganç üstden gülmeler hakda gürrüň berdim. Bir gezek mesihileri haça daňyp, dört gije-gündizläp goýdular. Haçlary polda goýýardylar. Ýüzlerçe tussaglar hem göni haça daňylanlaryň ýüzlerine we endamlaryna meýdan edýärdiler. Soň haçlary ýene-de galdyrýardylar-da, kommunistler olaryň üstlerinden gülüp: „Öz Mesihiňize serediň. Ol nähili ajaýyp. Nähili behişdi ys!“ diýşip gülýärdiler. Men gynanylyp aklyny ýitirme derejesine ýetirilen ruhanynyň adam tezeklerini we siýdigini ýygnap, olardan mesihilere „çörek bölmäni“ ders bermäge mejbur bolandygyny gürrüň berdim. Bu waka Rumyniýanyň Piteşti şäherindäki türmede boldy. Men ruhanydan özüniň beýle kemsitmeden ölenini gowy görmändigini soradym. Ol: „Haýyş edýärin, meni ýazgarma. Men Mesihden-de köp ejir çekdim“ diýip jogap berdi. Mukaddes Kitabyň dowzahy suratlandyrmalarynyň we „Dowzah“ eserindäki gahryman Danteniň agyrylarynyň ählisi — kommunistik türmelerdäki gynamalar bilen deňeşdireniňde hiç zadam däldir.

Bu piteş türmesinde ýekşenbe günlerinde bolup geçýän zatlaryň diňe kiçiräjik bir bölegidi. Galanlary hakda hatda ýatlamagam gorkunç.

Eger ol zatlar hakda ýene gürrüň bermeli bolan bolsam, onda ýüregim muňa çydam edip bilmezdi. Ol zatlaryň hemmesem ýazardan juda elhenç hem ýigrenjidir. Ine, nämeleri başdan geçirmeli boldy we Mesihdäki doganlarymyz häzirem nämeleri başdan geçirýärler.

Eger men kommunistiki gynamalaryň ähli aýylgançlyklaryny suratlandyrmagy dowam etdirsem-de, mesihileriň çekmeli bolan ähli pidalary hakda gürrüň bersem, öz gürrüňimi hiç haçan ýazyp gutarmaryn. Diňe bir gynamalar hakdaky rowaýatlar dünýä ýaýraman, eýsem, doganlarymyzyň gahrymançylykly hereketlerem ýaýrady. Tussagdakylaryň gahrymançylygy azatlykdakylary ruhlandyrdy.

## Meşhur iman gahrymanlarynyň biri-de, ruhy çopan Milan Haýmowiçdir.

Türmeler püre-pürdi. Gözegçiler bizi atma-at bilmeýärdiler. Olar türme düzgünini bozandyklary sebäpli, ýigrimi bäş gamçy bermek üçin tussaglary çagyrýardylar. Ruhy çopan Haýmowiç başgalaryň deregine birnäçe gezek meýletin uruldy. Ol munuň üsti bilen tussaglaryň diňe bir özüne bolan däl-de, eýsem, wekilçilik edýän Mesihine-de bolan hormaty gazandy.

Gizlin ýygnakda bir ýaş gyz gulluk edýärdi. Kommunistler onuň gizlin Hoş Habar ýaýradýandygyny we çagalara Mesih hakda ders berýändigini bilýärler. Gyzy tussag etmek hakda karar kabul edilýär. Emma tussaglygy mümkin boldugyça eýmenç hem agyryly etmek üçin ol karary gyzyň toýy gününe çenli galdyrýarlar. Gyz özüniň baýramçylygy gününde akja toý köýnegini geýýär. Bu onuň durmuşyndaky iň şatlykly, iň ajaýyp gün bolupdy! Birdenem gapy açylýar-da, bosagada gizlin polisiýa peýda bolýar.

Ol polisiýanyň agentlerini görende, gandallaryň geýdirilmegi üçin ellerini uzadýar. Olaram şobada onuň goşaryna gandallary geýdirýärler. Gyz söýgülisine seredýär-de, soňam gandallary ogşap: „Toýum gününde sowgat beren bu gymmatly bezegleri üçin özümiň Gökdäki Ýigidime minnetdarlyk bildirýärin! Özi üçin ejir çekmäge mynasyp görüp, meni saýlandygy üçin men Oňa minnetdardyryn!“ diýýär. Otagyň içinde erkek hem aýal doganlary we öýlenýän ýigidi köşeşmän aglamaga galdyryp, gyzy alyp gidýärler. Olaryň hemmesem türme

gözegçileriniň ellerine düşýän ýaş mesihi gyzlara näme bolýandygyny gowy bilýärdiler.Ýigit gyzyň türmeden çykaryna wepalylyk bilen garaşdy. Bäş ýyl geçenden soň, ony garabagt, ruhdan düşen aýal, öz ýaşyndan otuz ýaş dagy uly ýaly görünýän ýagdaýda çykardylar. Ol özüniň Mesihi üçin edip bilen iň kiçijik zadydygyny aýtdy. Ine, gizlin ýygnakda şunuň ýaly wepaly mesihiler gulluk etdiler!

## „Beýniňi ýuwma“ garşy durup

Günbrataryň ýaşaýjylary Koreýadaky we Wýetnamdaky uruşlar döwründäki „beýniňi arassalama“ hakda eşidendirler. Meniň özümem şonuň ýaly „beýniniň arassalanmasyny“ başdan geçirip gördüm. Bu gynamalaryň iň nejisidir.

Gün içinde bizi on ýedi sagatlap, hepdeläp, aýlap, ýyllap oturyp aşakdakylary diňlemäge mejbur edýärdiler:

*Kommunizm — bu gowy!*
*Kommunizm — bu gowy!*
*Kommunizm — bu gowy!*
*Mesihilik — akylsyzlyk!*
*Mesihilik — akylsyzlyk!*
*Mesihilik — akylsyzlyk!*
*Ret et!*
*Ret et!*
*Ret et!*

„Beýniniň arassalanmagyna“ garşy durmagyň nädip başardandygyny menden köp gezekler soradylar. Munuň ýekeje usuly bardyr — bu „ýüregiňi arassalamakdyr“. Eger ýürek Isa Mesihiň gany bilen ýuwlan bolsa, eger ýürek Ony söýýän bolsa, onda ol islendik gynama döz gelip bilýändir. Öz ýigidini söýýän gelin, onuň üçin nämeler etmez? Çagasyny söýýän ene çagasy üçin nämeleri etmez? Eger siz Mesihi Ony bäbekkä elinde tutan Merýem ýaly söýseňiz, eger siz Mesihi gelniň öz ýigidini söýşi ýaly söýseňiz, onda siz Onuň üçin gorkunç gynamalary-de ýeňersiňiz.

Hudaý biziň başdan geçirenlerimizi däl-de, söýşümizi hasaba alyp sud edýär. Imany üçin türmelerde ejir çeken mesihiler söýmäni başarýardylar. Men şaýat: olar Hudaýy hem adamlary söýmäni başarýardylar.

Gynamalar we zalymlyk yzyny üzmän dowam etdirildi. Men huşumy ýitirenimde ýa-da jellatlara boýun almaga islendik umydy berer ýaly derejede jansyz bolan ýagdaýymda, meni kamera taşlaýardylar. Olar ýene-de işe girişer ýaly, azajygam bolsa bir güýç gelýänçä, men ýarym öli halda gözegçiliksiz ýatýardym. Şu etapda mesihileriň köpüsi ölýärdi, ýöne nähilidir bir usul bilen meniň güýjüm ýene gaýdyp gelýärdi. Ondan soňky ýyllaryň dowamynda dürli türmelerde meniň dört oňurgamy we başga-da köp süňklerimi döwdüler. Tutuş endamymdan on iki gezek pyçak geçirip kesdiler, bedenimi ýakdylar we mende on sekiz sany deşik ýasadylar.

Meni we maşgalamy satyn alyp, Rumyniýadan Norwegiýa alyp gidenlerinde, Oslodaky lukmanlar bu zatlaryň hemmesini, üstesine-de, öýkenimdäki tuberklýozyň ýara yzlaryny görenlerinde, entegem ýaşap ýörmegimiň hakyky gudratdan başga hiç zat däl diýip, biragyzdan netijä geldiler. Munuň gudratdygyny, Hudaýyň gudratydygyny özümem bilýärin. Sebäbi meniň Hudaýym gudratlar Hudaýydyr.

Meniň size gizlinlikde hereket etmäge mejbur bolan ýygnagyň adyndan aýdýan ýüzlenme sesimi eşidip bilmegiňiz üçin bu gudraty Hudaýyň görkezendigine ynanýaryn.

## Dowam etmedik azatlyk we gaýtalanan tussaglyk

1956-njy ýyl geldi. Men türmede sekiz ýarym ýyllap boldum. Men köp agramymy ýitirdim, köp sanly ýara yzlaryny gazandym, zalym urgulary, üstümden gülünmeleri, ýaňsylamalary, açlygy, psihologiki basyşy, ýüregiňi bulandyrma çenli alyp barýan sorag etmeleri, haýbatlary we kemsidilmeleri başdan geçirdim. Ýöne bu zatlaryň hijisem meni ezen jellatlaryň umydyny ödemedi. Şonuň üçin menden eli sowap we tussag edilmegime garşy bolan garşylyk bildirmelerden gorkup, olar meni boşatdylar.

Maňa ruhy çopançylyk gullugyma diňe bir hepdelik barmaga rugsat berdiler. Men diňe iki gezek wagyz etmäge ýetişdim. Mundan soň meni

çagyryp, şundan beýläk wagyz etmekligiň we dini işiň islendik görnüşi bilen meşgullanmagyň maňa gadagan edilýändigini aýtdylar. Näme üçin? Men öz ýygnagyma gelýänlere „sabyrlylyk, sabyrlylyk we ýene-de sabyrlylyk“ görkezmekligi öwredýärdim. „Bu amerikanlylar gelip, özlerini halas edýänçäler seniň olara sabyrly bolmagy öwredýändigiňi aňladýar“ diýip, gizlin polisiýanyň ofiseri maňa gygyrdy. Menem tigiriň aýlanýandygyny we döwürleriň üýtgeýändigini aýtdym. Sen olara kommunizmiň agdaryljakdygyny aýdýarsyň! „Bu kontrrewolýusion ýalandyr!“ diýip, ol gygyrdy. Bu meniň köpçülikleýin gullugyma nokat goýdy.

Häkimiýet men gorkup, özümiň gizlin gullugymy bes ederin öýtdi. Ýöne olar ýalňyşdylar. Öz maşgalamyň kömegi bilen men özümiň ozal eden gizlin işime gaýdyp bardym.

Men ýene-de ynama mynasyp doganlaryň kömegi bilen ruhlar ýaly peýda bolmak we gaýyp bolup gitmek bilen üýşüşýän imanlylara şaýatlyk etdim. Indi mende ateistik taglymatyň erbetligi hakda wagyzlarymda görkezme esbaby bolýan ýara yzlary bardy. Şol ýara yzlary başgalary Hudaýa ynanmaga kömek edýärdi, olary ruhlandyrýardy we belli bir karara gelip bilmeýänlere batyrlyk berýärdi. Men gözleri gapylan kommunistleriň göni ýanynda Hoş Habary ýaýratmaga biri-birine kömek edýän Hoş Habary ýaýradyjylaryň gizlin toparyna ýolbaşçylyk etdim. Galyberse-de, eger adamyň Hudaýyň işini görüp bilmeýän derejä çenli gözi gapyk bolsa, onda onuň hoşhabarçynyň işini görjegi-de gümanadyr.

Wagtyň geçmegi bilen polisiýanyň meniň işim hem-de bolýan ýerim bilen içgin gyzyklanmasy özüniň netijesini berdi. Meniň edýän işimi ýene bildiler-de, tussag etdiler. Maňa näbelli bolan sebäbe görä, bu gezek maşgalamy tussag etmediler. Belki, bu meniň şol wagtda köpçüligiň arasynda meşhur bolandygym sebäpli şeýle edilendir. Men sekiz ýarym ýyllyk tussaglygy başdan geçirdim, soň birnäçe ýyl azatlyk boldy. Indi bolsa maňa ýene bäş ýarym ýyllyk tussaglyk garaşýar.

Meniň ikinji gezekki tussaglygym birinjisinden has eýmenç boldy. Men nämä garaşmalydygyny bilýärdim. Meniň fiziki ýagdaýym derrew diýen ýaly erbetleşdi. Biz şonda-da edip bilen ýerlerimiziň hemmesinde, hatda kommunistik türmelerde-de gizlin ýygnagyň işini alyp barmagy dowam etdirdik.

## Ikitaraplaýyn bähbitli iş: biz wagyz etdik — olar urdular

Häzirem yzarlanmalaryň dowam edýän ýurtlarynda bolşy ýaly, kameradaşlaryňa wagyz etmeklik gadagandy. Hudaýyň Sözüni wagyz edip otyrkaň tutulaýsaň, gazaply urýandyklaryny hemmelerem bilýärdi. Biziň köpimiz wagyz etme artykmaçlygy üçin töleg tölemäge taýýar bolma kararyna geldik, şonuň üçin hem, olaryň şertini kabul etdik. Bu ikitaraplaýyn bähbitli işdi: biz wagyz etdik, olar urdular. Biz wagyz etme mümkinçiliginiň bolanyna begendik, olar bolsa, bizi urmaga mümkinçiligiň bolanyna begendiler — şonuň üçin hemmämizem razydyk.

Men şonuň ýaly tomaşalara köp gezekler seretmeli boldum. Doganymyz kameradaşlaryna wagyz etmäge başlap-başlamanka, kamerada gözegçiler okdurylyp girip, ony ýençdiler. Olar şol doganymyzy ebşitläp tutup, koridoryň ugry bilen süýräp, „gynalýan kamera“ alyp gitdiler. Hemmämize ebedilik bolup görnen belli bir wagtdan soň, tükeniksiz dowam eden ýaly bolup görnen urgulardan soň, ony ýenjilen we ýüz-gözi persala edilen halda getirip, kameranyň poluna taşladylar. Ol kem-kemden özüne geldi-de: „Hawa doganlar, nirede biziň sözümizi böldüler“ diýdi. Şeýdip, ol wagyz etmesini dowam etdirdi.

## Ine, men nähili geň zatlary görmeli boldum!

Käwagt Mukaddes Ruh tarapyndan ryhlandyrylan adaty imanlylar wagyzçy boldular. Wagyzlarynda olar özleriniň ýüreklerini dökýärdiler. Munuň ýaly şertlerde Hudaýyň Sözüni yglan etmek aňsat iş däldi ahyryn.

Gerlanyň türmesinde Greku atly mesihini ölüm halyna çenli urulma höküm etdiler. Bu proses bir hepde dowam etdi. Ony bir hepdäniň dowamynda ýuwaş-ýuwaşdan urdular. Ony bir gezek rezin taýak bilen dabanyna urup taşlaýardylar. Birnäçe minutdan soň ýene urýardylar, soň ýene, ýene, ýene şeýle edýärdiler. Onuň jyns organyna urýardylar. Soň ol agyry şokundan ölmez ýaly, lukman oňa sanjym edýärdi. Greku özüne gelende, tizräk daýanary ýaly, ony gowuja iýmitlendirýärdiler, soň bolsa, ol yzygiderli gynamalardan ölýänçä, ýene-de urdular. Bu zatlaryň hemmesine kommunistik partiýanyň Merkezi komitetiniň agzasy Rek ýolbaşçylyk edýärdi.

Gynalýan wagtynda Rek Greku dogana kommunistleriň mesihilere: „Men Hudaý. Seniň janyň we ölümiň meniň elimde. Saňa gökde ýaşaýyş berip bilmejek adamdyryn. Hemme zat maňa baglydyr. Eger men islesem, sen ýaşarsyň, Islesem seni öldürerin. Men Hudaý!“ diýýändiklerini aýdýar. Ol mesihileriň üstlerinden şeýdip gülýärdi.

Şunuň ýaly akla sygmajak ýagdaýda bolan wagtynda Greku dogan Reke juda çuňňur jogap berýär. Soň ol hakda maňa Rekiň özi gürrüň berdi. Greku oňa: „Näme diýýäniňize siziň özüňizem düşüneňizok. Her bir kebelek gurçugy eger dogry össe, aslyýetinde kebelekdir. Siz jellat, adamlary öldürýän adam bolmak üçin ýaradylmadyňyz. Siz gitdigiçe Hudaýa meňzeş bolmak üçin ýaradyldyňyz. Siziň ýüregiňizde Onuň keşbi ýerleşdirilendir. Bir wagtlar mesihileri yzarlanlaryň, mysal üçin, Resul Pawlus ýalylaryň köpüsi adam üçin wagşy haýwan bolmaklygyň masgaraçylykdygyna, onuň has uly zatlara ukyplydygyna düşündiler. Şonuň üçin olar mukaddes tebigata şärik boldular. Jenap Rek, maňa ynanaýyň, siziň hakyky çagyrlyşyňyz — jellat bolmak däl-de, Hudaýyň keşbini şöhlelendirmek we Onuň häsiýetine eýe bolmakdyr“ diýýär.

Şol pursatda Rek Tarsusly Pawlusyň Stefanus öz ýanynda öldürilende, onuň görkezmelerine üns bermeýşi ýaly, öz pidasynyň sözlerine üns beribem durmaýar. Şeýle-de bolsa, ol sözler onuň ýüregine girip, içinde hereket edip başlaýar. Şeýdip, wagtyň geçmegi bilen Rek özüniň hakyky çagyrlyşynyň anyk şeýle ekendigine düşünýär.

Kommunistleriň bu gynamalarynyň, urmalarynyň we kemsitmeleriniň hemmesinden bir sapak gelip çykýar: ruh — bedeniň hökümdary. Biz gynamalary başdan geçirdik, emma olar köplenç Mesihiň şöhratynda we Onuň hemişe biziň ýanymyzda bolmasynda bolýan ruhdan daş edilen bir zat ýaly bolup görünýärdi.

Hatda hepde-de bir gezek bir döwüm çörek we her gün çorbanyň deregine hapa bulamak berenlerinde-de, biz wepalylyk bilen „ondan bir“ berme kararyna geldik. Her onunjy hepde biz özümiziň döwüm çöregimizi alyp, özümiziň Rebbe berýän „ondan birimiz“ hökmünde ejizleýän doganymyza berýärdik.

Bir mesihini ölüme hüküm edenlerinde, ölümiň öň ýanynda oňa aýaly bilen duşuşmaga rugsat berdiler. Onuň öz aýalyna aýdan soňky sözleri: „Meniň özümi öldürýänlere bolan söýgi bilen ölýändigimi sen

bilmelisiň. Olar näme edýändiklerini bilmeýärler. Şonuň üçin meniň saňa etjek soňky haýyşym, senem olary şeýle söý. Seniň söýgüliňi öldürendikleri üçin ýüregiňde olara bolan kinäni saklama. Biz göklerde duşuşýarys ahyryn“ diýen sözler boldy. Bu sözler olaryň gürrüňini diňläp duran gizlin polisiýanyň ofiseriniň aklyny haýran edýär. Ol maňa mesihi bolany üçin gelen ýeri bolan türmede maňa bu wakany gürrüň berdi.

Tyrgu-Okna şäheriniň türmesinde Maçewiç atly ýaş mesihi jezasyny çekip oturýar. Ol on sekiz ýaşynda tussag edilýär. Onuň saglygy gynamalar we inçekesel zerarly ýitýär. Ýigidiň ölüm halyndadygyny bilen maşgalasy oňa onuň janyny halas edip biläýjek ýüz guty streptomisini berýärler. Türmäniň syýasy ýolbaşçysy Maçewiçi ýanyna çagyryp, oňa öýünden gelen dermanlary görkezýär-de: „Ine, seni ölümden halas edip biljek dermanlar. Ýöne seniň maşgalaň getiren zatlaryny bermäge meniň hakym ýok. Meniň özüm saňa kömek etmek isleýärin. Sen ýaş. Men seniň türmede ölmegiňi islemeýärin. Maňa özüňe kömek etmegime kömek et! Maňa öz kameradaşlaryň hakda maglumat ber. Bu bolsa, saňa dermanlary berendigim üçin öz başlygymyň öňünde özümi aklamaga mümkinçilik berer“ diýýär.

Maçewiçem oňa: „Men diri galyp, soňam aýnada özüme seretmeklige utanyp ýörmek islämok, sebäbi şeýtsem, öz ýüzümde hemişe haýynyň ýüzüni görüp ýörerin. Men siziň şertiňizi kabul edip biljek däl. Gowusy men öleýin“ diýip jogap berýär. Gizlin polisiýanyň ofiseri hem oňa: „Men senden başga jogaba garaşmandym. Ýöne saňa ýene bir teklip etmek isleýärin. Tussaglaryň birnäçesi biziň maglumatçylarymyz boldular. Olar özlerini «kommunist» diýip atlandyrýarlar-da, seni satýarlar. Olar iki oýun alyp barýarlar. Biz olara ynanmaýarys. Biz olaryň näderejede dogrudygyny bilmek isleýäris. Seniň üçin olar ähli sözleriňi we hereketleriňi aýdýan, özüňe köp zyýanlary ýetirýän haýynlardyr. Seniň öz ýoldaşlaryňy satmak islemeýändigiňe men düşünýärin. Ýöne bize özüňi satanlar hakda maglumat ber, şeýdibem, özüňi halas edersiň“ diýýär. Maçewiçem edil öňki saparkysy ýaly tiz jogap berip: „Men Mesihiň şägirdi. Mesih bize hatda duşmanlarymyzy-da söýmegi öwredýär. Bize haýynlyk edýänler az ýamanlyk etmeýärler, ýöne men ýamanlyga ýamanlyk bilen jogap

bermek islemeýärin. Men olar hakda maglumat berip biljek däl. Meniň olara nebsim agyrýar. Men olar üçin doga edýärin. Men kommunistler bilen baglanyşygymyň bolmagyny islemeýärin“ diýýär. Maçewiç ofiser bilen gürleşeninden soň kamera gaýdyp geldi-de, edil meniň gözümiň öňünde öldi. Men onuň ömrüniň soňky pursatlarynda ýanynda boldum. Ol Hudaýy şöhratlandyrdy. Söýgi hatda ýigidiň ýaşaýşa bolan tebigy teşneligini-de ýeňdi.

Eger garyp adam aýdym-sazy söýýän bolsa, onda ol gowy konserte petek almak üçin soňky puluny berer. Ol soň pulsuz galýar, ýöne oňa gynanmaýar, sebäbi ol ajaýyp aýdym-sazlary diňleýär ahyryn. Men türmede ýitiren ýyllaryma gynanmaýaryn. Men ol ýerde ajaýyplygy gördüm. Meniň özümem ejiz, ähmiýetsiz tussaglara degişli, ýöne birinji asyryň mesihileri bilen deňeşdirip bolýan beýik mukaddesler, iman gahrymanlary bilen bir türmede oturma hormatyna eýe boldum. Olar Mesih üçin ölüme şatlyk bilen gitdiler. Bu mukaddesleriň we iman gahrymanlarynyň ruhy gözelligini söz bilen beýan eder ýaly däl.

Meniň gürrüňini eden zadym düzgünden çykma däldi. Adatdan daşary hereketler gizlin ýygnagyň özleriniň ilkinji söýgüsine dönüklik etmedik mesihileri üçin adaty zat boldy.

Türmä düşmezimden ozal men Mesihi juda söýýärdim. Indi bolsa, Mesihiň gelinligini (Onuň ruhy Tenini) türmede görenimden soň, gizlin ýygnagy-da, edil Mesihiň Özüni söýşüm ýaly söýdüm diýen ýalydy. Men Mesihiň gelinligini (Onuň ruhy Teniniň) gözelligini, pida edijiligini gördüm.

## Meniň ýakynlaryma — oglum bilen aýalyma näme bolduka?

Aýalym ikimizi jyda saldylar, şonuň üçin men oňa näme bolandygyny bilmeýärdim. Aradan köp ýyllar geçenden soň, ony hem türmä salandyklaryny eşitdim. Türmelerde mesihi zenanlar erkeklerden-de has köp görgi görýärdiler. Olary gözegçiler zorlaýardylar. Ol ýerdäki gynamalar we kemsitmeler aýylgançdy. Aýallary kanal gurluşygynda güýji ýetmeýän işleri etmäge mejbur edýärdiler. Olardanam edil erkeklerden talap edilýän öndürijilik talap edilýärdi. Gyşyna olar doňan ýerleri gazýardylar. Ahlaksyz aýallary beýleki aýallaryň üstünden

gözegçi edip goýýardylar. Olaram özleriniň gol astyndakylar üçin her hili gynamalary oýlap tapyp, biri-biri bilen ýaryşýardylar. Meniň aýalym diri galmak üçin ot iýmeli bolupdyr. Aç tussaglar kanalda alakalary we balykgulaklary iýipdirler. Gözegçileriň ýekşenbe günleri edýän göwün açmalarynyň biri-de, aýallary Dunaýa taşlap, soňam balyk ýaly tutmak eken. Olary tutandan soňam, olaryň üstlerinden gülüp, ýene suwa taşlaýan ekenler. Meniň aýalym munuň ýaly ýagdaýa köp gezek düşüp görüpdir.

Meniň oglumy ykbalyň akymyna taşlapdyrlar. Ilki meni, soňam aýalymy türmä äkidenlerinden soň, oglum köçede galypdyr. Mihaý çagalykdan juda dindar oglandy. Imana degişli bolan zatlaryň hemmesi ony gyzyklandyrýardy. Ol dokuz ýaşynda ene-atasynyň goldawyndan mahrum bolanda, onuň mesihilik durmuşynda krizis başlanýar. Ol öýke bilen dine degişli bolan zatlaryň hemmesini şübhe astyna salyp başlaýar. Onuň egnine öz ýaşyndaky çagalaryň çözmeli bolmaýan kynçylyklary inip başlapdyr. Ol öz güzeranyny özi dolandyrmaly bolupdyr.

Ol döwürlerde tussag edilen mesihileriň maşgalalaryna kömek bermeklik uly jenaýat hasaplanylýardy. Meniň ogluma kömek etmek islän iki sany aýaly tussag edip, şeýle güýçli urup maýyp edipdirler. Şonuň üçin olar hemişelik maýyp bolup galdylar. Ýene bir aýal öz janyna töwekgelçilik edip, Mihaýy öz öýünde ýaşatmak üçin alýar. Ony-da munuň üçin sekiz ýyllyk tussaglyga höküm edýärler. Türmede onuň ähli dişlerini urup düşüripdirler, süňklerini döwüpdirler. Şondan soň ol işläp bilmedi. Olam galan ömrüne maýyp bolup galdy.

## «Mihaý, Isa ynan»

Mihaý on bir ýaşynda işçi bolup işlemäge başlaýar. Görgüler ony iman babatda şübhelenmeklige alyp barýar. Sabinanyň tussag edilenine iki ýyl geçenden soň, oglumyza onuň bilen görüşmäge rugsat edipdirler. Mihaý türmä gelipdir-de, demir gözenegiň aňyrsynda ejesini görüpdir. Ejesi hapa, hor, ellerem gabarçakly, egnine türmäniň solup giden eşigini geýen eken. Mihaý ejesini zordan tanaýar. Ejesiniň ogluna aýdan ilkinji sözleri: „Mihaý, Isa ynan!“ diýen sözler bolupdyr.

Gözegçiler gazaplanyp, ony oglunyň ýanyndan süýräp alyp gidipdirler. Mihaý ejesiniň yzyndan seredip durşuna möňňüripdir. Bu pursat onuň üçin täzeden imana gelmäniň pursaty bolupdyr. Ol eger şunuň ýaly şertlerde-de Mesihi söýmek mümkin bolýan bolsa, diýmek, Ol hakyky Halasgärdir diýip pikir edipdir. Ol: „Mesihiligiň peýdasyna başga deliller bolmadyk bolaýanda-da, ejemiň Mesihe ynanmagy meniň üçin eýýäm ýeterlik bolar“ diýen netijä gelýär. Şol gün Mihaý Mesihi hemişelik kabul edýär.

Mihaý mekdepde okanda, gün görmek üçin hemişe göreşmeli bolupdyr. Ol gowy okapdyr, şonuň üçin gyzyl galstuk — pionerlik guramasynyň agzalyk nyşanyny — beripdirler. Oglum: „Men ejem bilen kakamy türmä salanlaryň galstugyny hiç haçanam dakynmaryn“ diýip, ony almaýar. Ol bir ýylyny ýitirip, gaýtadan mekdebe gelýär, ýöne bu gezek özüniň tussag edilen mesihileriň çagasydygyny gizläp gelýär.

Birnäçe wagtdan soň, Mihaýa Mukaddes Kitabyň hakykylygyny inkär edýän işi ýazmaga berýärler. Mihaý öz ýazan işinde: „Mukaddes Kitabyň hakykylygyna garşy çykýan deliller ejizdirler, Mukaddes Kitaba bildirilýän aýyplamalar bolsa ýalandyr. Mugallymyň ony hiç haçan okamandygy göze görnüp dur. Mukaddes Kitap ylma garşy çykmaýar-da, onuň bilen sazlaşykda bolýar“ diýip ýazýar. Ony ýene-de okuwdan çykarýarlar. Bu gezek ol iki okuw ýylyny geçirýär.

Wagtyň geçmegi bilen Mihaýa seminariýada okamaga rugsat berýärler. Ol ýerde „marksizmiň teologiýasyndan“ okadýan mugallymlar hemme zady Karl Marksyň taglymatyna laýyklykda düşündirýär ekenler. Mihaý leksiýalarda aç-açan garşylyk görkezipdir. Onuň yzyndan beýleki talyplaram ony goldamaga başlapdyrlar. Munuň üçin oglumy seminariýadan çykaryp, okuwy gutarmaga rugsat etmändirler.

Bir gezek Mihaý seminariýada okap ýörkä, mugallym ateizmden leksiýa okap durka, ol ýerinden turýar-da, professora garşy çykýar. Soň hem, oglum ondan munça ýaşlary hakykat ýolundan çykaryp, öz üstüne jogapkärçiligi alýanyna düşünýänini ýa ýokdugyny professordan soraýar. Ony tutuş klas goldaýar. Bir adama batyrlygyny jemläp, ylalaşmazlyk zerur bolupdyr, bu beýlekilere-de batyrlyk beripdir. Bilim almak üçin Mihaý hemişe özüniň mesihi tussagy Wurmbrandyň

ogludygyny gizlemeli bolupdyr. Ýöne barybir bu hemişe aýan bolupdyr. Şonuň üçin ony nobatdaky gezekde direktoryň ýanyna çagyryp, okuw jaýyndan çykarypdyrlar.

Mihaý örän açlyk çekipdir. Tussag edilen köp mesihileriň maşgalalary açlykdan öldüler. Olara kömek etmek uly jenaýatdy.

Men özümiň gowy tanan diňe bir maşgalam hakda gürrüň berjek. Doganyny gizlin ýygnagyň işine degişli bolandygy sebäpli, türmä saldylar. Aýaly alty çaga bilen ýeke galdy. On dokuz, on ýedi ýaşly uly gyzlary iş tapyp bilmediler, sebäbi ol döwürlerde işi diňe döwlet berýärdi. Şonuň üçin „jenaýatçy“ mesihileriň çagalarynyň işlemäge haky ýokdy. Bu adamlary ahlak prinsiplerine laýyklykda ýazgarmazlygy haýyş edýärin, diňe olaryň nähili günleri görendigi hakda oýlanyň. Wepaly mesihiniň mesihi bolan iki gyzy jigilerini we syrkaw ejesini bakmak üçin jelep boldular. Olaryň on dört ýaşly inisi muny bilenden soň, aklyndan azaşdy, şonuň üçin ony psihiatriýa keselhanasyna saldylar. Köp ýyllap tussaglykda bolup, olaryň kakasy öýüne gaýdyp gelende, onuň ýeke-täk eden dogasy: „Hudaýym, meni yzyma türmä alyp git, men bu zatlara çydam edip bilmerin“ diýen doga boldy. Onuň islegi amala aşdy. Ony çagalara Mesih hakda şaýatlyk edendigi üçin ýene-de tussag etdiler. Onuň gyzlary indi jelepçiligini goýupdylar. Olara iş tapmak başardypdy, sebäbi olar gizlin polisiýanyň öz öňlerinde goýan şertlerini ýerine ýetirmäge razy bolupdylar. Olar maglumatçy bolupdylar. Görgi gören mesihileriň gyzlary hökmünde olary mesihi maşgalalarynyň hemmesinde hormat bilen garşy alýardylar. Olar gürrüňleri diňleýärdiler-de, soň, hemmesini gizlin polisiýa aýdýardylar. Munuň nähili ýigrenjidigini we ahlaksyzlykdygyny aýtmaň. Dogry, bu şeýle, ýöne gowusy şunuň ýaly tragediýanyň bolmagynda we mesihi maşgalalarynyň öz betbagtçylygy bilen ýekeme-ýeke galmagynda we olara hiç kimiň kömek etmändiginde özüňiziň günäňiziň bar bolaýmagynyň mümkindigi hakda özüňize sorag beriň.

3-NJI BAP

# Günbatardaky iş üçin töleg töleme we azat bolma

Men türmede on dört ýylymy geçirdim. Bu wagtyň dowamynda Mukaddes Kitaby ýa-da başga hiç bir mesihilik kitabyny ýekeje gezegem görmedim. Men nähili hat ýazmalydygyny-da ýatdan çykardym. Açlyk, özümize sanjylan neşeler we fiziki gynamalar sebäpli, men Mukaddes Ýazgyny-da ýatdan çykardym. Şeýle-de bolsa, tussaglykda bolmama on dört ýyl dolan güni birden ukudan oýanan ýaly, ýadyma: „*Ýakup Rahel üçin ýedi ýyllap Labanyň hyzmatyny etdi. Raheli juda söýýändigine görä, ýedi ýyl onuň üçin ýedi gün ýaly bolup geçip gitdi*“ (Gelip çykyş 29:20) diýen aýat düşdi. Mundan soň tizara amerikan jemgyýetçiliginiň basyş edýändigi sebäpli, biziň ýurdumyzda yglan edilen umumy aklamanyň arkasyndan meni azatlyga çykardylar.

Men ýene-de aýalym bilen görüşdim. Ol bu on dört ýylyň dowamynda maňa wepalylyk bilen garaşdy. Biz öz durmuşymyzy täzeden, çuň garyplykda başladyk, sebäbi imany üçin tussag edilenleriň hemmesiniň bar zatlaryny alypdylar.

Azatlyga çykarylan ruhanylara we ruhy çopanlara kiçijik ýygnaklara ýolbaşçylyk etmäge rugsat etdiler. Meni Orsowa şäherine bellediler. Kommunistik döwletiniň kultlarynyň işi boýunça bölümde maňa ýygnagyň otuz bäş adamdan ybaratdygyny, olaryň sanynyň hiç bir ýagdaýda-da otuz alty bolmaly däldigini duýdurdylar. Maňa şeýle hem, şol wagtdan başlap, özümiň gizlin polisiýanyň içalysydygymy, ýygnagyň her bir agzasy hakda maglumat bermelidigimi, ýaşlaryň ýygnanyşyklara gitmegine ýol bermeli däldigimi aýtdylar. Ine, ýygnagy adamlara gözegçilik etme „guraly“ hökmünde ulanmaklyk kommunistlere nähili başartdy.

Wagyz eden wagtymda köp adamlaryň geljekdigini men bilýärdim. Şonuň üçin men hasaba alnan, resmi ýygnakda işlejegem bolmadym. Munuň deregine men ýene-de gizlin ýygnagyň ähli ajaýyplygyny we howpuny duýup, gizlin ýygnagyň işine gaýdyp geldim.

Meniň tussaglykda bolan köp ýyllarymyň dowamynda Hudaý biziň ýurdumyzda gudrat bilen hereket edipdir. Gizlin ýygnak indi unudylan hem ykbalyň akymyna taşlanylan däldi. Amerikan mesihileri we beýleki ýurtlardan bolan mesihiler bize kömek edip we biziň üçin doga edip başladylar.

Bir gezek men welaýatda ýaşaýan imandaky doganlarymyzyň biriniň öýünde dynç alyp ýatyrkam, ol meni oýaryp: „Daşary ýurtdan doganlarymyz geldi“ diýip habar berdi. Günbatarda bizi unutmadyk we terk etmedik doganlarymyz bardy. Olar gynanylan mesihileriň azatlyga çykmagyny gizlin gurnadylar we olar üçin mesihilik edebiýatyny hem-de başga kömekleri getirdiler.

Goňşy otaga geçenimde, men alty sany erkek dogany gördüm. Olar kömek alyp gelipdirler. Olar bilen gürleşenimde, men şu ýerde on dört ýylyny türmede geçiren adamyň düşländigini, şonuň bilen tanyşmak isländiklerini bildim. Men olara şol adamyň özümdigini aýtdym. Olar: „Biz melanholik bir adamy görmäge garaşypdyk. Siz ol adam däl bolaýmaň, siz şatlykdan doly ahyryn“ diýdiler. Men şol adamyň özümdigini, özleriniň gelendikleri we özümizi unutmandyklary üçin begenýändigimi aýdyp, olary ynandyrdym. Şondan soň, gizlin ýygnaga yzygiderli kömekler gelip başlady. Gizlin kanallaryň üsti bilen biz Mukaddes Kitap we beýleki mesihilik edebiýatlaryny hem-de görgi gören mesihileriň maşgalalary üçin kömekleri aldyk. Indi şol kömegiň arkasyndan gizlin ýygnagyň işi ep-esli derejede gowulaşdy.

Olar bizi diňe bir Hudaýyň Sözi bilen üpjün etmän, eýsem, özleriniň doganlyk söýgüsini iş ýüzünde subut etdiler. Olar bizi goldadylar. „Beýnimiz arassalanan“ ýyllarda biz hemişe: „Sizi hiç kim gowy görmeýär, siz hiç kime gerek däl, sizi hiç kim gowy görmeýär, siz hiç kime gerek däl!“ diýen sözleri eşidýärdik. Soňrak biz gizlin polisiýanyň gurşap alan öýlerine bildirmän girmäniň taktikasyny işläp düzmäge kömek etdik.

Mukaddes Kitabyň içinde „ýüzüp ýören“ amerikan we britan mesihilere şunuň ýaly usul bilen getirilen Mukaddes Ýazgynyň gymmatyna düşünmek kyndy.

Beýleki gizlin ýygnaklaryň köp sanly ruhy çopanlarynyň we kommunistik ýurtlardaky imany sebäpli görgi görenleriň maşgalalary ýaly, meniň maşgalamam daşary ýurtlardan alan material kömegi we dogalary bolmadyk bolsa, hiç haçanam ýaşap bilmezdi. Men azat ýurtlarda şu maksat bilen döredilen missiýalaryň material, köprägem ahlak kömeginiň ullakan ähmiýetiniň bardygyny şahsy tejribämde tassyklap biljek. Bu mesihiler biziň üçin Hudaý tarapyndan iberilen perişdeler boldular!

Gizlin ýygnakdaky işjeň işim sebäpli, maňa ýene-de tussaglyk howpy abanyp başlady. Bu gezek iki mesihilik guramasy, Norwegiýanyň ýewreýlere kömek we Ýewreýleriň mesihilik birleşmesi kommunistik häkimiýete meniň üçin on müň dollar möçberinde töleg töledi. Bu syýasy tussag üçin tölenilýän tölegden bäş esse köpdi. Indi men Rumyniýadan çykyp bilýärdim.

## Näme üçin men kommunistik rumyniýany terk etdim

Eger gizlin ýygnagyň ýolbaşçylary azat ýurtda gizlin ýygnagyň „sesi“ bolmak üçin ýurtdan çykma mümkinçiliginden peýdalanmaga buýruk bermedik bolsa, men howpuň abanýandygyna garamazdan, ýurtdan gitjek däldim. Olar size, azat ýurduň raýatlaryna, özleriniň görgüleri we mätäçlikleri hakda gürrüň bermegi maňa tabşyrdylar. Men Günbatara göçdüm, ýöne ýüregim barybir olar bilen galdy. Eger siziň görgüler we gizlin ýygnagyň alyp barýan gaýduwsyz işleri hakda bilmegiňiziň zerurdygyna akyl ýetirmedik bolsam, men Rumyniýadan hiç haçanam gitmezdim. Meniň missiýam hut şunda hem jemlenendir.

Rumyniýadan gitmezimiň öň ýanynda maňa gizlin polisiýadan iki gezek jaň etdiler. Olar özleriniň meniň üçin pul alandyklaryny aýtdylar. (Rumyniýa kommunizmiň biziň ýurdumyza ykdysady krizisi getirendigi üçin öz raýatlaryny pula satýar). Olar maňa: „Günbatara git-de, ol ýerde isledigiňçe Mesihi wagyz ediber, ýöne biz hakda hiç zat aýtma! Biz hakda ýekeje agyz sözem aýtma! Eger bize gulak asmasaň,

saňa näme boljakdygyny biz aç-açan aýdýarys. Birinjiden, biz müň dollara seni öldürer ýaly killer satyn alyp bilýäris ýa-da seni ogurlarys“ diýdiler. (Men Awstriýadan ogurlanyp, yzyna Rumyniýa getirilen prawoslaw ýepiskopy Wasile Leul bilen bir kamerada oturdym. Onuň dyrnaklarynyň hemmesi goparylandy. Rumynlary Berlindenem, hatda Rimdenem, Pariždenem ogurlap getiripdiler). „Biz seniň aýallar bilen saklan gatnaşyklaryň, ogurlyklaryň ýa-da ýaşlykdaky günäleriň hakda gybat ýaýradyp, seni ahlak taýdanam ýok edip bileris. Günbatarda, ylaýta-da, Amerikada adamlar diýseň ynanjaňdyrlar“ diýdiler.

Meni gorkuzanlaryndan soň, Günbatara gitmäge rugsat berdiler. Gizlin polisiýa meniň geçen „beýni arassalanmama“ uly umyt baglaýardy. Häzirki döwürde şuňa meňzeş zady başyndan geçiren, ýöne dymmaklygy saýlanlar az däldir. Şol adamlaryň birnäçesi kommunistleriň gynamalaryny çekseler-de, kommunizmi şöhratlandyrdylar. Kommunistler meniňem dymaryma ynanýardylar.

1965-nji ýylda biziň maşgalamyz çykmaga rugsat aldy.

Ýola düşmezimden öňürti men özümi tussag etmegi buýruk beren, şol sebäpli-de, görgüden doly ýyllary görmegime sebäp bolan polkownigiň mazaryna bardym. Men onuň mazaryna gül goýdum. Muny etmek bilen men özümi ruhy taýdan öli bolan kommunistlere gutulyş şatlygyna bagyş etdim.

Men kommunistik gurluşy ýigrenýärin, ýöne adamlary gowy görýärin. Men günäni ýigrenýärin, ýöne günäkärleri söýýärin. Men bütin ýüregim bilen kommunistleri söýýärin. Kommunistler mesihileri öldürip bilerler, ýöne olardaky söýgini, hatda özlerini öldürýänlere-de bolan söýgini öldürip bilmezler. Mende kommunistlere we özümi gynan jellatlara-da bolan kine ýa-da ýigrenç ýok.

4-NJI BAP

# Mesihiň söýgüsi bilen kommunizmi ýeňip...

Ýewreýlerde şeýle rowaýat bar. Olaryň ata-babalary müsürden ýesirliginden çykanlarynda, müsürliler bolsa Gyzyl deňizde gark bolanlarynda, ysraýyllylaryň şatlykly aýdymyna perişdelerem goşulypdyr. Şonda Hudaý perişdelere: „Ysraýyllylar öz azatlygyna şatlanyp bilýän halkdyr. Men sizden has ulurak zada garaşypdym. Näme müsürliler Meniň ýaradan adamlarym dälmi eýsem? Eýsem, Men olary söýmeýärinmi? Näme üçin siz olaryň pajygaly ykbalyna gynanýarsyňyz?“ diýipdir.

Ýeşuwanyň kitaby 5:13-de: „Ýeşuwa Ýeriho galasyna golaý baryp, başyny galdyryp seredende, onuň eli syrma gylyçly duran bir adama gözi düşdi. Ýeşuwa onuň ýanyna baryp: «Sen hem biziňkileriň birimiň ýa-da duşmanmysyň?» diýip sorady“ diýilýär.

Eger Ýeşuwanyň duş gelen adamy ýönekeý bir adam bolan bolsa, onda jogap: „Men siziňki“ ýa-da „Siziň duşmanyňyz“, ýa-da „Men hiç kimiňkem däl“ diýen jogap bolardy. Munuň ýaly soraga adamyň berýän jogaby, ine, şunuň ýalydyr. Ýöne Ýeşuwanyň duş gelen zady Hudaý tarapyndan iberilendi, şonuň üçin soraga berlen jogap garaşylmadyk hem düşnüksiz: „Ýok“ diýen söz boldy. Bu „ýok“ diýmegi aňladýardymy?

Ol zat hiç kimiň birine garşy ýa onuň tarapdary bolmaýan ýerinden, hemmeleriň düşünýän we hemme zadyň düşnükli bolan ýerinden, hemmelere duýgudaşlyk bilen seredilýän we hemmeleriň gyzgyn söýülýän ýerinden gelipdi.

Ynsan derejesinde bolsa kommunizm bilen göreşmek zerurdyr. Bu derejede biz zalym, adamçylykdan çykan ideallary wagyz edýänler bilen bolşy ýaly, kommunistler bilenem göreşmeli bolýarys.

Mesihiler ýöne bir adam bolman, eýsem, olar Hudaýyň çagalarydyrlar, Onuň mukaddesliginiň şärikleridirler. Şonuň üçin kommunistik türmelerde gören görgülerim meni kommunistleri ýigrenmäge mejbur edip bilmedi. Olaram Hudaýyň ýaradanlary, olary ýigrenmäge meniň näme hakym bar? Ýöne men olaryň dostam bolup bilmeýärin. Dostluk kalplaryň birikmegini aňladýar. Men bolsa, kommunistler bilen bir bolmagy islemeýärin. Olar Hudaý bilen baglanyşykly bolan zatlaryň hemmesini ýigrenýärler. Men bolsa Hudaýy söýýärin.

Eger menden: „Sen kommunistleriň tarapdarymy ýa-da garşydaşy?“ diýip sorasalar, meniň muňa berjek jogabym kesgitli bolardy. Kommunizm — adamzada abanýan iň uly howplaryň biridir. Men oňa doly garşydyryn, şonuň üçin doly ýeňiş gazanýançam onuň bilen göreşmäge taýýardyryn. Ýöne men ruhda bu soraga „ýok“ diýlip jogap berilýän, ähli günälerine garamazdan kommunistlere düşünilýän we olary söýýän ýerde, perişdeleriň hemmelere adam durmuşynyň iň beýik maksadyna — Mesihe meňzeş bolmaklyga — kömek edýän ýerleri bolan ýerde Isa bilen biledirin. Şonuň üçin meniň maksadym — kommunistleriň arasynda Hoş Habary ýaýratmakdyr, olara kommunistleri-de söýýän Rebbim Mesih hakdaky Hoş Habary gürrüň bermekdir. Her bir adamy söýýändigini, ýoluny urduran bir goýnuň azaşmagyna ýol bermejek bolup, togsan dokuz sany dogry ýoldaky goýny goýup gaýtjakdygyny Mesihiň Özi aýtdy. Mesihiligiň meşhur mugallymlary ýaly, resullaryňam hemmesi Mesihiň her bir adamy söýýändigini aýtdylar. Mukaddes Makariý: „Eger bir adam hemmeleri ýürekden söýüp, diňe bir adamy söýüp bilmeýändigini aýtsa, onda ol şondan beýläk mesihi bolýan däldir, sebäbi onuň söýgüsi hemme zady öz içine almaýar“ diýýär. Mukaddes Awgustin: „Eger adamlaryň hemmesi dogry bolup, diňe ýekeje adam günäli bolsa-da, Mesih barybir şol bir adam üçin haçda ölmek üçin gelerdi, sebäbi Ol her bir adamy aýratynlykda söýýär“ diýipdir. Mesihilik taglymaty düşnüklidir. Kommunistler adamlardyr, şonuň üçin hem, Mesih olary söýýär. Mesihiň aklyna eýe bolan her bir adam şunuň ýaly pikir etmelidir. Biz günäni ýigrenýän bolsagam, günäkäri söýýäris.

Biz özümiziň kommunistlere bolan söýgimiziň üsti bilen Mesihiň olara bolan sögüsini bilýäris.

Men türmelerde 25 kg. zynjyr dakylan, agzyna bir gysym duz guýup, gyzgyn ütük bilen gynalan, soň hem, suwsuz, aç, ýenjilip, sowukda saklanylan, şonda-da özlerini gynan jellatlar üçin doga eden mesihileri gördüm. Bu ynsanlyk söýgi däldir! Bu olaryň ýüreklerini dolduryp duran Mesihiň söýgüsidir.

Köplenç bizi gynan kommunistleriň özlerem türmä düşýärdiler. Kommunizm döwründe hatda ýokary wezipeleri eýelän kommunistlerem, edil özleriniň pidalary ýaly, türmä düşýärdiler. Olar öz pidalary bilen bir kamerada bolýardylar. Eger imansyz adamlar özleriniň öňki inkwiziatorlaryna ýigrenç bildirip, olaryň üstlerinden gülseler, mesihiler özleriniň urularyndan we kommunistlere şärik bolmakda aýyplanaryndan gorkman, olary goraýardylar. Men mesihileriň öz soňky döwüm çöregini (bize hepde-de bir döwüm çörek berýärdiler) we janlaryny halas edip biljek dermanyny öňki özüni gynan, indi bolsa, özi-de tussag bolan syrkawlara berýänine şaýat boldum.

Ine, türmede ölen mesihi hem Rumyniýanyň öňki premýer ministri Ýuliu Maniunyň soňky aýdan sözi:

„Eger biziň ýurdumyzda kommunizmi ýyksalar, onda öz janyna töwekgelçilik edip, kommunistleri özleriniň gynan millionlarça adamlarynyň gazabyndan goramaklyk her bir mesihiniň borjy bolardy“.

Imana gelenimden soňky günlerde men şondan beýläk ýaşap bilmejek ýaly bolup göründi. Men köçe bilen barýarkam, ýanymdan geçen her bir aýal hem erkek üçin fiziki agyryny duýýardym. Şonda ýüregime pyçak sanjylan ýaly bolýardy. Meni bir zat gynaýardy: ol adam gutulyş aldymyka? Eger ýygnak agzasy günä etse, men sagatlap aglaýardym. Her bir jany halas etmäge ymtylyş meniň ýüregimde kommunistler babatda-da galypdy, olaram düzgünden çykma däldi.

Biz bir adamlyk kameralarda öňki ýaly doga edip bilmeýärdik. Biz ajygýardyk, özümizi samsyk ýaly alyp barýançak, neşe serişdelerini sançýardylar. Biz ejizdik, sklete meňzeşdik. Hatda Rebbiň dogasam biziň üçin juda uzyn ýaly bolup görünýärdi. Biz indi onuň ýaly uzak doga edip bilmeýärdik. Meniň gaýta-gaýta aýdýan ýeke-täk dogam: „Isa, men Seni söýýärin!“ diýen sözlerdi.

Bir gezek men Mesihden dogama jogap aldym: „Sen Meni söýýärmiň? Indi bolsa Men saňa Özümiň seni nähili söýýändigimi

görkezeýin“. Meniň birden ýüregimi ýalyn çawlan ýaly boldy. Isa Emmaus ýolunda şägitrleri bilen gürleşende, olaryň ýürekleri ýanypdy. Mende-de edil şonuň ýaly boldy. Men haçda biziň her birimiz üçin Öz janyny Bereniň söýgüsini tanadym. Munuň ýaly söýgi eden günäleri sebäpli, ejir çekdiren kommunistlerem aradan aýyrmaýar.

Kommunistler gaty erbet zatlary etdiler we etmeklerini dowam etdirýärler, ýöne

*„söýgi ölüm deý güýçli,*
*gaharjaňlyk gabyr deý ýowuz.*
*Söýgiň ýalynlary ot ýalynlary,*
*lowlaýan ýalyndyr.*
*Söýgüni bol suwlar söndürip bilmez,*
*ne-de derýalar ony gark edip biler*“ (Aýdymlaryň aýdymy 8:6-7).

Gabyrda hemmeleriň, garyplaryň hem baýlaryň, ýaşlaryň hem garrylaryň, ähli reňkdäki, dürli millete we syýasy garaýyşlara degişli bolan adamlary, mukaddesleriň we jenaýatçylaryň ýatyşy ýaly, söýgi-de hemmelere ýaýraýar. Mesih — bedene giren Söýgi — hemme adamlaryň, şol sanda kommunistleriňem, Özüne gelmegini isleýär.

Bir gullukçyny suwa salma ýenjenlerinden soň, kamera taşladylar. Ol çalajandy, ýüzünden we tutuş endamyndan gan akýardy. Biz onuň ýaralaryny ýuwduk. Käbirleri kommunistleri näletläp başladylar. Ýenjilen adam zordan eşidilýän pyşyrdy bilen: „Haýyş edýärin, olary näletlemäň! Sesiňizi goýuň! Men olar üçin doga etjek!“ diýdi.

## Hatda türmede-de bize şatlanmak nädip başartdy

Türmede geçiren on dört ýylyma ser salanymda, men şatlykly pursatlaram ýatlaýaryn. Beýleki tussaglary, hatda gözegçileri-de, şonuň ýaly aýylganç ýagdaýlaryň içinde mesihileriň şatlykly bolup bilýändigi haýran galdyrýardy. Aýdym aýdandygymyz üçin bizi wagşylyk bilen ýençýändiklerine garamazdan, bize aýdym aýtmagy gadagan etmek bolmaýardy. Meniň pikirimçe, saýrany üçin özlerini

öldürjekdiklerini bilseler-de, bilbiller saýrardylar. Mesihiler türmelerde şatlykdan ýaňa tansam edýärdiler. Munuň ýaly tragiki ýagdaýlarda-da olar nädip şatlykly bolup bilýärdiler?

Men türmede Isanyň Öz şägirtlerine: *„Siziň görýän zatlaryňyzy görýän gözler ne bagtly!“* (Luka 10:23) diýen sözleriniň üstünde köp oýlanýardym. Ol şägirtler ýaňyja elhençlikler baryny görüp, Palestinadan gaýdyp gelipdiler. Palestina zulum astynda ýaşaýardy. Hemme ýerde garyplyk bilen açlyk höküm sürýärdi. Şagirtler kesellere, ýaralara, açlyga we jepalara duş gelipdiler. Olar aýallaryny we çagalaryny ykbalyň akymyna taşlap, maşgalabaşylary türmelere äkidilen öýlere barýardylar. Bu zatlara seretmek agyr düşýärdi.

Ýöne Isa olara: „Siziň görýän zatlaryňyzy görýän gözler ne bagtly!“ diýýär. Munuň sebäbi olaryň diňe güzaplary däl-de, eýsem, Halasgäri hem görendiklerindedi. Şeýdip, kiçijik betnyşanja kebelek gurçugy munuň ýaly gözgyny ýaşaýyşdan soň, gülden güle uçmaga ukyply bolan naşyja kebelek bolma wagtynyň geljegine düşünýär. Bizde-de edil şonuň ýaly boldy.

Biziň daş-töweregimizi „Eýýuplar“ eýeledi. Olaryň käbirleri Eýýupdan köpräk ejir çekdiler, beýlekileri bolsa azrak. Ýöne Eýýubyň taryhynyň soňunyň nähili gutaranyny biziň hemmämizem bilýäris. Ol ilki başdakysyndan has köp zat aldy. Biziň töweregimizde „Lazarlaram“ — garyplar, açlar, ýara basanlar hem bardy. Şol adamlary perişdeleriň Ybraýymyň gujagyna alyp gitjekdiklerini men bilýärdim. Men olara edil eýýäm geljekde bolan adamlar ýaly seredýärdim. Ýanymda ýaşan sal-sal eşikli, hapa, ejiz jepakeşlerde men ertirki günüň ajaýyp täç geýdirilen mukaddeslerini görýärdim.

Şol adamlary şol wagtdaky keşbinde däl-de, geljekki keşbinde men öz yzarlanmalarymyzda, Tarsusly Pawluslarda, geljekki resul Pawluslarda gördüm. Olaryň käbirleri eýýäm resullar bolupdylar. Gizlin polisiýanyň ofiserlerine-de biz şaýatlyk etdik. Olaryňam köpüsi mesihi boldular-da, özleriniň täze tapan Halasgäri üçin gören türme jebirlerini şatlyk bilen çekdiler. Bizi-de, edil Pawlusy uruşlary ýaly ursalar-da, biz türme gözegçilerinde Filipidäki Hudaýa iman eden türme gözegçisini görýärdik. Biz tizara olar: „Halas bolmak üçin men näme etmeli?“ diýip sorar diýip arzuw edýärdik. Mesihileri gynan, olary haça daňyp,

ýüzlerine tezeklerini çalanlarda biz Golgotanyň ýanyndaky tizara eden günäsi sebäpli, gorkudan ýaňa gursagyna urjak märekäni görýärdik.

Biz hut türmede kommunistleriň halas boljagyna bolan umydy gördük. Olar üçin öz üstümize jogapkärçiligi hut şol ýerde aldyk. Hut şolaryň çekdiren jebirleri bize olary söýmekligi öwretdi.

Meniň ýakynlarymyň köpüsi gurban boldular. Ýöne olary öldüren meniň öýümde imana geldi. Onuň imana gelmegi üçin amatly bolan başga ýeri tapmak kyn bolardy. Şonuň üçin hut kommunistik türmelerde kommunistler üçin mesihilik missiýasynyň ideýasy döredi.

Mör-möjeklere seredende, biziň hemme zady başgaça görşümiz ýaly, Hudaýam hemme zady biziň görşümizden başgaça görýär. Adamyň garaýşynda haça daňylyp, ýüzüňe tezegiň çalynmagy elhençlikdir. Şeýle-de bolsa, Mukaddes Kitap mukaddesleriň çekýän hasratlaryny „hasrat nury“ diýip atlandyrýar. On dört ýyllyk tussaglyk meniň üçin gaty uzak wagtdyr. Mukaddes Kitap bolsa ony „*ýeňil muşakgat*“ diýip atlandyrýar-da, onuň „*juda artykmaç şöhratyň ebedi agramyny emele getirjegine*“ (2 Korintoslylar 4:17) wada berýär. Bu kommunistleriň adam nukdaýnazarynda aklamak mümkin bolmadyk zalym jenaýatlary biziňkä garanda Hudaýyň hazarynda ýeňiljekdir diýip çaklamaga bize hukuk berýär. Olaryň tutuş bir asyra golaý dowam eden wagşylygy ýanynda müň ýyl edil bir gün ýaly bolýan Hudaý üçin ýoldan azaşmanyň ýekeje pursaty ýaly bolup görünýär. Olarda gutulyş almaga hemişe mümkinçilik bar.

Kommunistler üçin gökdäki derweze ýapyk däldir. Olar üçin umyt nury-da öçen däldir. Olaram islendik beýleki adamlar ýaly, toba gelip bilerler. Olary toba çagyrmaklyk bolsa biziň borjumyzdyr.

Kommunisti-de, terroristi-de diňe söýgi üýtgedip biler. Ýigrenç gözüňi gapýandyr. Gitlerem antikommunistdi, ýöne oňa ýigrenç ýolbaşçylyk edýärdi. Şonuň üçin olary basyp almanyň deregine, ol olara dünýäniň üçden bir bölegini basyp almaga kömek etdi.

Türmede biz söýgi bilen kommunistleriň arasynda missionerçilik işini etmekligi planlaşdyrdyk. Şonuň üçin biz hemme zatdan öňürti kommunistleriň ýolbaşçylary hakda pikirlendik.

Käbir missiýalaryň direktorlary ýygnagyň taryhyny asla öwrenmeýän ýaly bolup görünýär. Norwegiýa Mesih üçin nähili basylyp alyndy?

Korol Olafanyň iman etmegi arkaly Kiýew Rusy hem, knýaz Wladimiriň iman etmegi arkaly Hoş Habary aldy. Hoş Habar Wengriýany onuň koroly Etefanyň imana gelmegi arkaly eýeledi. Polşada-da şunuň ýaly. Afrikada taýpanyň serdarynyň imana gelmesi arkaly tutuş taýpa imana geldi.

Şonuň üçin bize hökümdarlary, syýasy işgärleri, ykdysadyýetçileri, alymlary, sungat işgärlerini gazanmak zerurdyr. Hut şolar adamlaryň aňlaryna we ýüreklerine täsir edýärler. Olary imana getirmek bilen biz olaryň yzyndan ýöreýänleri-de imana getirip bileris.

Missionerçiligiň nukdaýnazarynda kommunizmiň çuň merkezleşdirilen sistemalaryň öňünde ep-esli artykmaçlygy bardyr. Eger Birleşen Ştatlaryň prezidenti mormon bolan bolsa, munuň üçin Amerika mormon ýurt bolmazdy. Ýöne kommunistik häkimiýetiň ýolbaşçylaryny mesihilige getirseň, tutuş ýurduň mesihi ýurt bolmagy mümkin. Kommunistik ýolbaşçylaryň täsiri şeýle güýçli bolupdy.

Şol ýolbaşçylary imana getirmek mümkinmi? Elbetde, sebäbi olaram edil özleriniň pidalary ýaly, betbagt hem ertirki güne ynamly bolmadyk adamlardyrlar. Russiýadaky kommunist ýolbaşçylaryň hemmesi diýen ýaly ömrüni türmelerde soňladylar ýa-da egindeşleri tarapyndan öldürildiler. Hytaýda-da edil şunuň ýaly. Hatda Ýagoda, Ýežow, Beriýa ýaly, tükeniksiz häkimiýete eýe ýaly bolup görnen daşary işler ministrleri hem, soňky kontrrewolýusionerler ýaly, ömürlerini ýeňsesinden ok goýbermek bilen soňladylar. Sowet Soýuzynyň döwlet howpsuzlyk komitetiniň başlygy Şelepini, Ýugoslawiýanyň döwlet howpsuzlygy komitetiniň başlygy Rankowiçi edil hapa esgi ýaly zyňyp goýberdiler.

## Kommunizme ruhy urgyny nädip urmaly

Kommunistik režim hiç kimi, hatda öz yzyna eýerijileri-de bagtly etmeýär. Hatda kommunistik režime eýerenlerem, partiýanyň syýasatynyň üýtgändigi sebäpli, özlerini äkiderler diýip, gijelerine sandyraşyp çykýardylar.

Men kommunistik häkimiýetiň ýolbaşçylarynyň köpüsini ýakyndan tanaýaryn. Olar ýürekleri ýükli ýaşaýarlar. Olara rahatlygy diňe Isa berip bilýär.

Kommunistik syýasatyň işgärlerini Mesihe getirmeklik dünýäni ýadro howpundan halas etmegi, adamzady açlykdan halas etmegi aňladýar, sebäbi olar gymmatbaha durýan täze ýaraglara ummasyz çykdajy edýärler. Kommunistleri imana getirmeklik „sowuk urşuň“ soňuna çykylmagyny aňladyp biler. Bu Mesihi we perişdeleri şatlandyrmakdyr. Täze Gwineýa, Madagaskar ýaly başga-da köp missionerçilik meýdanlary, ýagny Hudaýyň işgärleriniň şeýle tutanýerlilik bilen işleýän ýerleri mesihiligi diňe kommunistleriň kabul edendigi üçin kabul edip bilerler.

Imana gelen kommunistleri özüm şahsy taýdan tanaýaryn. Ýaşlygymda meniň özümem duşmançylykly ateistdim. Mesihe garşy köp günä edendikleri sebäpli, imana gelen kommunistler bilen ateistler Mesihi köpräk söýýärler.

Missionerçilik işinde strategiki pikirleniş wajypdyr. Gutulyşyň nukdaýnazarynda janlaryň hemmesi deňdir, ýöne missionerçiligiň nukdaýnazarynda olar deň däldirler. Tokaýlykdaky ýabany adamy imana getireniňden, töweregindäkilere köp täsirini ýetirip bilýän ygtyýara eýe bolan adamy Mesihe getirmeklik has wajypdyr, sebäbi ygtyýara eýe bolan adam wagtyň geçmegi bilen müňlerçe adamlary imana getirip bilýär. Şonuň üçin Isa Öz gullugyny kiçijik şäherçede däl-de, dünýäniň ruhy merkezi bolan Iýerusalimde soňlamagy makul bildi. Şunuň ýaly maksada eýeren Pawlusam Rime barmaga jan etdi.

Mukaddes Kitapda aýalyň tohumynyň ýylanyň kellesini owratjakdygy aýdylýar (Gelip çykyş 3:15). Biz ony gülmäge mejbur etjek bolup, garnyny gyjyklaýarys. Häzir ýylan Hytaýda, Demirgazyk Koreýada, Wýetnamda we Laosda süýrenmesini dowam etdirýär. Ýakyn Gündogarda territoriýasynda ýygnagyň bolmagy gadagan edilen halklar ýaşaýarlar. Ezilen milletleriň munuň ýaly agyr ýagdaýynyň garşysyna ýygnak ýolbaşçysy, missiýanyň direksiýasy we her bir sagdyn pikirli mesihi hemişe çykyş etmelidir.

Bize wajyp bolmadyk güýmenjelerden el çekmek gerek. Sebäbi: „*Rebbiň işini harsallyk bilen edýän adam näletlidir*“ (Ýermeýa 48:10) diýilýär. Ýygnak ezilen halklaryň gaýalaryna ruhy frontal urgyny urmalydyr. Uruşda goranyş strategiýasynyň arkasyndan däl-de, çozuş strategiýasynyň arkasyndan ýeňiş gazanylýar.

Zebur 107:16-da: *„Çünki Ol bürünç derwezeleri parçalady we demirden sürme kiltleri döwdi“* diýilýär. Hudaý üçin „demir tuty“ uly kynçylyk döretmedi.

Irki ýygnak öz işini gizlin we kanundan daşarda alyp bardy we ýeňiş gazandy. Bize-de şonuň ýaly işlemegi öwrenmek gerek.

Kommunizm döwri gelmezinden öň men näme üçin Täze Ähtde lakamlaryň köpdügine haýran galýardym. Semýony Niger, Iwany Markus we ş.m. diýip atlandyrýardylar. Gul edilen ýurtlarda biz entegem şolary ulanýarys.

Men ozal Isa soňky agşamlyk naharyny taýýarlajak bolanda, şägirtlerine öňünden nahar iýiljek ýeriň salgysyny bermändigine haýran galýardym. Ol diňe: *„Şähere baryň, küýze bilen suw alyp barýan bir adama sataşarsyňyz, şonuň yzyna düşüp gidiň“* (Markus 14:13) diýdi. Indi men muňa düşünýärin. Gizlin ýygnagyň işinde bizem şonuň ýaly alamatlary ulanýarys.

Irki mesihileriň usullaryny ýarag edinmek bilen biz ezilýän halklaryň arasynda Mesihe has bähbitli gulluk edip bileris.

Emma men Günbatara baranymda, käbir ýygnak ýolbaşçylarynda kommunistlere bolan söýgi görmedim. Kommunistlere bolan söýgi kommunistik ýurtlarda bireýýäm missionerçilik işini guramaga alyp barardy. Ol ýerde men Karl Marks tarapyndan ýitirilen janlara gowy samariýalynyň duýgudaşlygyny görmedim-de, diňe kommunistler bilen dostlaşma islegini gördüm.

Aslyýetinde adam „Iman simwolyny“ okap yglan edýän zadyna däl-de, öz janyny bermäge taýýar bolan zadyna ynanýar. Gizlin ýygnagyň mesihileri özleriniň imany üçin ölmäge taýýardyklaryny subut etdiler. Biziň missionerçilik guramalarymyz gul edilen halklaryň arasynda, ýagny missionerlere tussaglygyň, gynamalaryň, hatda ölümiňem garaşýan ýerlerinde häzirem hereket etmesini dowam etdirýär. Men özümiň näme ýazýanymy şahsy tejribämden bilýärin.

Şonuň üçin men kommunistler bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýan amerikan ýygnaklarynyň ýolbaşçylaryndan: „Siz öz imanyňyz üçin ölmäge taýýarmy?“ diýip soraýaryn. Olara özleriniň Günbatardaky ýokary wezipelerinden el çekip, ýerlerde kommunistler bilen hyzmatdaşlyk edip, Gündogarda ruhy çopan bolmaklyga näme

päsgel berýär? Günbatardaky ýygnaklaryň ýekeje ýolbaşçysy-da, entek öz garaýyşlaryny iş bilen tassyklamady.

Adam sözleri adamlaryň birek-birege düşünmek we öz duýgusyny beýan etme islegi sebäpli peýda bolýar. Hudaýyň syryny hem-de ruhulygyň beýikligini doly derejesinde suratlandyryp bilýän adam sözi ýokdur. Edil şunuň ýaly, şeýtanyň zalymlygynyň çuňlugyny suratlandyryp bilýän adam sözi ýokdur. Faşistleriň tizara peje taşlajak bolýan adamsynyň ýa-da öz çagasynyň peje taşlanyşyny görýän adamyň duýgusyny söz bilen beýan edip bolarmy?

Şonuň üçin kommunistik ýurtlarda mesihileriň başdan geçirmeli bolan we häzirem başdan geçirip ýören zatlaryny beýan etmäge hatda synanyşjagam bolmaly däl.

Men türmede kommunizmi Rumyniýadaky häkimiýet başyna getiren adam bolan Lukresiu Patraşçanu bilen bile oturdym. Onuň egindeşleri oňa gandallar geýdirip, minnetdarlygyny bildiripdirler. Sagdyn aklynda bolsa-da, ony ruhy syrkawlar bilen bilelikde, özi aklyndan azaşýança, psihiatriýa hassahanasyna ýerleşdiripdirler. Rumyniýanyň daşary işler ministri Annu Paukere-de, Rumyniýanyň kommunistik partiýasynyň liderine-de, edil şunuň ýaly ykbal garaşýardy. Mesihilere-de şunuň ýaly etdiler. Olara elektroşok ulandylar we köşeşdiriji köýnekleri geýdirdiler.

Hytaýyň köçelerinde bolýan zatlar dünýäni şok ýagdaýyna saldy. Gyzyl goşunyň terrora ýüz urandygy hiç kimde şübhe döretmeýärdi. Indi hiç kimiň görmeýän ýeri bolan türmelerde mesihilere näme bolandygyny göz öňüne getirjek bolup görüň. Bir meşhur hytaý ýazyjysy hem hoşhabarçysy we beýleki mesihiler özleriniň imanyndan ýüz öwürmekden boýun towlanlarynda, olaryň gulaklaryny, ellerini we aýaklaryny kesendiklerini eşitdim. Häzire çenli-de, hytaý türmelerinde mesihiler otyrlar.

Ýöne gynamalar bilen öldürmeler kommunistleriň wagşylygynyň iň erbet ýamanlygy däldi. Olar adamlaryň pikirlerini üýtgedip, ýaşlary we çagalary zäherleýärler. Olar mesihileriň ynamyna täsirini ýetirip, ýygnagy içinden dargatmagyna mümkinçilik berip bilýän öz adamlaryny ýygnaklarda ýolbaşçy wezipelere bellediler. Olar ýaşlara Hudaýa we Mesihe ynanmaly däldigini, Olary ýigrenmekligi öwredýärler.

Köp ýyllaryny türmede geçirenden soň, öýlerine gaýdyp gelenlerinde, öz çagalarynyň duşmançylykly ateistlere öwrülendigini gören mesihiniň betbagtçylygyny nähili sözler bilen beýan edip bolar?

Bu kitap syýa bilen däl-de, gan öýen ýürekleriň gany bilen ýazyldy.

Danyýeliň kitabynda üç ýigidi ýakmak üçin peje salsalar-da, olardan ýanygyň ysynyň gelmeýşi ýaly, kommunistik türmelerde oturan mesihilerdenem kommunistlere bolan ýigrenjiň ysy gelmeýär.

Eger güli aýagyň bilen depgileseň, ol saňa atyr ysyny sowgat berer. Kommunistleriň gynan mesihileri-de, özleriniň jellatlaryna söýgi sowgat berýärler. Hut şol söýginiň arkasyndanam, köp türme gözegçileri Mesihe geldiler. Bizi bir isleg doldurýar: biz özümizi jepa baryny çekmäge mejbur eden kommunistlere özümizde bar bolan iň gowy zady, ýagny Rebbimiz Isa Mesihiň gutulyşyny bermek isleýäris.

Men imandaky doganlarymyň köpüsiniň mynasyp bolan hormatyna, ýagny türmede gynalyp ölme hormatyna eýe bolup bilmedim. Meni azatlyga çykardylar, hatda Rumyniýadan çykyp, Günbatara gitmäge-de rugsat berdiler.

Men Günbatardaky köp ýygnak ýolbaşçylarynda „demir“ we „bambuk“ tutularynyň aňyrsyndaky gizlin ýygnaklara mahsus bolan zatlara garşy bolan zatlary gördüm. Günbatardaky köp mesihilerde gul edilen halklara bolan söýgi ýok. Şol halklary gutulyşa getirmek üçin olaryň hiç zat etmeýändigi munuň subutnamasy bolup durýandyr. Olar mesihileri bir konfessiýadan beýlekisine çekmek üçin giden missiýalary döredýärler. Özleriniň perwaýsyzlygynyň „kanuna garşydygyny“ aklajak bolar ýaly, olarda gul edilen halklary imana getirme maksady bolan missiýalar ýok. Olar munuň ýaly zatlary gowy görmeýärler. Ýogsam, olar ilki seredeniňde ýerine ýetirip bolmajak ýaly bolup görünýän bolsa-da, aslynda beýle bolmadyk ýumuşlaryň missiýasyny bireýýäm döredérdiler. Mysal üçin indeýleri söýýän Uilýam Keri we hytaýlylar bilen işleşýän Hadson Teýlor şeýle ederdiler.

Ýöne olar gul edilen halklary diňe bir söýmezlik bilen çäklenmän, eýsem, olary Mesihe getirmek üçin hiç zadam etmeýärler. Günbatarda birnäçe ýygnak ýolbaşçylary özleriniň nadanlyklary we geleňsizligi sebäpli, günälileri özleriniň günäleri içinden goldaýarlar, käwagt bolsa olar bilen olaryň şärikleri hökmünde çykyş edýärler. Olar kommunistlere

günbatar ýygnaklaryna aralaşmaklyga kömek edýärler-de, dünýewi ybadathanalarda ýolbaşçy wezipeleri alýarlar. Olar kommunizmiň howpy meselesinde mesihileriň bilimsiz galmagyna kömek edýärler.

Kommunistleri we beýleki gul edijileri söýmäni üçin olary Mesihe getirjek bolup hiç zat etmän (muny etmäge haklarynyň ýokdugyny aýdyp, ilkinji mesihileriň Hoş Habary ýaýratmaga Nerondan rugsat sorandyklaryny ýüztutaryk edinip), günbatar ýygnaklarynyň ýolbaşçylary özleriniň agzalaryny beýleki ýurtlarda bolýan ruhy göreşe gatnaşmakdan saklaýan bolsa, onda olaram söýýän däldirler.

## Taryhyň sapaklaryny äsgermezlik

Birinji asyrlaryň dowamynda mesihilik Demirgazyk Afrikada gülläp ösýär. Mukaddes Awgustin, mukaddes Kiprian, mukaddes Afanasiý we Tertullin dagy hem şol ýerden çykdylar. Demirgazyk Afrikadaky mesihiler özleriniň diňe bir boljuny, ýagny musulmanlary Mesihe getirme borjuny äsgermezçilik etdiler. Munuň netijesi hökmünde musulmanlar Demirgazyk Afrikany doldurdylar-da, mesihiligi ol ýerden köp asyrlyk köki bilen aýyrdylar. Demirgazyk Afrika şu wagta çenli-de musulmanlara degişli, mesihilik missiýalary bolsa ony „imana gelmedikleriň blogy“ diýip atlandyrýarlar. Geliň, taryhdan sapak alalyň.

Reformasiýa döwründe Gusyň, Lýuteriň we Kalwiniň dini ymtylyşlary Ýewropa halklarynyň ymtylyşlary bilen gabat geldi. Olaryň ymtylyşy şol döwürlerde eziji, syýasy we ykdysady häkimlige eýe bolan papalyk zulumyndan halas bolmakdy. Edil şonuň ýaly, häzirem gizlin ýygnagyň — zulumly režimiň we onuň pidalarynyň arasynda Hoş Habary ýaýratma — maksady azat şertlerde ýaşaýan ähli halklaryň iň wajyp maksady bilen gabat gelýär.

Zulumly režimleriň aglaba böleginde ýadro ýaragy bar. Olaryň üstlerine harby çozuş etmeklik ýüz millionlarça pidasy bolan täze jahan urşuny başlamagy aňladýar. Günbatar döwletleriň köp ýolbaşçylary „beýnini arassalamanyň“ pidalarydyrlar. Olar dünýäde totalitar režimi agdarmaga çalşanoklaram. Olar neşekeşligiň, galtamançylygyň, rak keseliniň, inçekeseliň ýok bolup gitmegini isleýärler, ýöne pidalarynyň

sany taýdan neşekeşligiň, galtamançylygyň, rak keseliniň, inçekeseliň pidalarynyň hemmesini bilelikde alanda-da agdyklyk edýän kommunizm sistemasy ýaly sistemalaryň adamlara getirýän betbagtçylygyny ýatdan çykarýarlar.

Sowet ýazyjysy Ilýa Erenburg: „Eger Stalin bütin ömrüniň dowamynda başga hiç zat etmän oturyp, diňe bigünä pidalaryň sanawyny ýazan bolsa, onda bu işi gutarmaga onuň ömrüniň günleri ýetmezdi“ diýýär. Kommunistik partiýanyň 20-nji gurultaýynda Hruşýow: „Stalin müňlerçe dogruçyl we bigünä kommunistleri ýok etdi... 18-nji gurultaýda saýlanylan 139 agzanyň we Merkezi Komitete kandidatlaryň togsan sekizisi, ýagny 70% soňrak tussag edildi we atyldy“ diýdi.

Indi bolsa, onuň mesihilere eden zatlaryny göz öňüne getiriň! Hruşýow Stalini ret etdi, ýöne şonda-da onuň işini dowam etdirdi. 1959-njy ýylda ybadathanalaryň ýarysy ýapyldy, ýöne olar şonda-da şu wagta çenli-de açyklygyna galdylar.

Biziň döwrümizde wagşyçylyk stalinizm döwründäkidenem has gülläp ösýär. Açyk ýygnak durmuşy doly ýitip gitdi. Russiýada we Rumyniýada ýene-de tussaglyklar başlandy. (Sowet Soýuzynda kommunizm agdarylandan soň, Russiýada döwlet mesihileriň köpçülikleýin tussag edilmegini goldady).

Milliard ilaty bolan ýurtlarda ýaşlaryň tutuş nesli gorky hem aldaw içinde günbatardan bolan zatlaryň hemmesine, ylaýta-da, mesihilige ýigrenç içinde terbiýelenýärler.

Kommunistik Russiýada ýerli ýolbaşçylar bilen polisiýanyň ýygnak binalarynyň öňünde çagalary içeri goýbermän durmagy adatdan daşary tomaşa däldi. Olar ýygnanyşyga gelenleri kowýardylar. Şeýdip, mesihiligi geljekde ýigrenjekler gowuja we yzygiderli terbiýelendi!

Zalym häkimiýeti üýtgedip biljek ýekeje güýç bardyr. Ol butparaz Rim imperiýasynyň deregine mesihi döwletleriň emele gelmegine alyp baran güýçdür, ol ýabany germanlar bilen söweş esgerlerini mesihilere öwren güýçdür, ol ganly inkwizisiýany bes etdiren çüýçdür. Bu güýç — gul edilen halklaryň içinde hereket edýän gizlin ýygnaga berlen Hoş Habaryň güýjüdir.

Bu ýygnaga edilýän goldaw we berilýän kömek ejir çekýän doganlarymyzy bilen diňe birlikde bolma meselesi däldir. Bu biziň ýurdumyz

ýa-da siziň ýygnagyňyz üçin ýaşaýyş ýa-da ölüm meselesidir. Bu ýygnagy goldamaklyk diňe bir azat mesihileriň işi bolman, eýsem, azat häkimiýetleriň syýasaty hem bolmalydyr. Gizlin ýygnak kommunistik häkimiýetiň ýokary wezipeli adamlary bireýýäm Mesihe getirdi. Rumyniýanyň premýer ministri George Georgiu — Jej günälerini boýun alyp, olara toba edenden we günäli durmuşdan ýüz öwrüp, imanly adam bolandan soň öldi. Gul edilen köp ýurtlaryň häkimiýet agzalarynyň arasynda gizlin mesihiler bar. Ýyllaryň geçmegi bilen olaryň sany artar. Şonuň ýaly ýagdaýlarda biz şol ýurtlaryň häkimiýet syýasatlarynda düýpli üýtgeşmeleriň boljagyna, Tito we Gamulka gelende, hiç hili özgerlişikleriň bolman, eýsem, zalym ateistik partiýanyň diktaturasynyň öňküsi ýaly dowam edişi ýaly bolmagyna däl-de, mesihilige we azatlyga tarap öwrülişigiň boljagyna ynanyp bileris.

## Munuň üçin häzir amatly şertler bar

Kommunizme ynanýanlar hem edil mesihileriň öz garaýyşlarynda ak ýürekli boluşlary ýaly ak ýürekli bolýarlar. Şol sebäpli-de, olar häzir çuň krizisi başdan geçirýärler. Olar kommunizmiň dogrudanam, halklaryň arasyndaky doganlyga alyp barjakdygyna ynandylar. Indi bolsa olar Gündogar blogynyň ýurtlarynyň we wekilleriniň agdarylýanyny görýärler.

Olar özleriniň „gökdäki hyýaly jennet“ diýip atlandyrýan jennetiniň garşysyna bolan jenneti kommunizmiň ýerde döretmäge ukyplydygyna çyny bilen ynandylar. Ýöne indi olar açlyk çekýärler. Bugdaýy kapitalistik ýurtlardan satyn alýarlar. Dünýäniň beýlekilerden üzňe bolan ýurtlarynyň biri bolan Demirgazyk Koreýada hut şunuň ýaly ýagdaýlar bolup geçýär. Häzir Demirgazyk Koreýa fiziki ölümiň gyrasynda dur. Suw basmalary oba hojalyk ekinlerini ýok etdi-de, ýurdy azyk ätiýaçlyksyz goýdy. Indi çykgynsyz ýagdaýa düşen Demirgazyk Koreýa uly şakyrdy bilen dünýä tarapa penjirelerini we gapylaryny açyp başlady. Dünýä-de, tikenli symlaryň aňyrsynda özünden gizlenen zatlary gördi.

Kommunistler özleriniň serdarlaryna ynandylar. Indi olar Staliniň adamlary köpçülikleýin gyran, Hruşýowyň bolsa akmak adam

bolandygyny gördüler. Milli gahrymanlar bolan Rakoşi, Gere, Anna Pauker, Rankowiç we ş.m. dagylar hem şeýle boldular. Kommunistler indi öz liderleriniň akjadygyna ynanmaýarlar. Olar papasyz katolikler ýaly bolup galdylar.

Kommunistleriň ýürekleri hiç zatdan doldurylmadyk gädik ýaly bolup galdy. Ony diňe Mesih dolduryp bilýär. Adam ýüregi Hudaýy gözlemek üçin ýaradylandyr. Bu kommunistler we gul edilen beýleki halklaryň wekilleri üçinem adalatly zatdyr. Hoş Habar olary-da üýtgetmäge ukyply bolan söýgä eýedir. Men munuň nähili bolup geçýändigini gördüm. Men munuň mümkindigini gördüm.

Kommunistleriň üstlerinden gülen we azar beren mesihileri özlerine we maşgalalaryna edilen ýamanlyklary ýatdan çykarmaga we bagyşlamaga taýýar. Olar krizisi ýeňip geçmäge we Mesihe barýan ýoly tapmaga kommunistlere kömek etmek üçin ellerinde baryny edýärler. Ýöne olar bu işde siziň kömegiňize mätäçdirler.

Mesihilik söýgüsi hemme zady öz içine alýandyr. Mesihilerde adamlary ala tutma ýokdur. Isa Hudaýyň Öz gününi erbetleriňem, gowularyňam üstünden doguryanyny aýdýar. Mesihilik söýgüsi hakda-da şeýle diýmek bolar.

Kommunistler we beýleki zalym režimli bolan ýurtlaryň wekilleri bilen dostlukda bolan Günbatar mesihi liderleri özlerini Isanyň hatda duşmanyňy-da söýmeli diýen taglymaty bilen aklajak bolýarlar. Ýöne Isa biziň öz doganlarymyzy unudyp, diňe duşmanlarymyzy söýmelidigimizi aýtmady.

Olar elleri mesihileriň ganyndan doly bolanlara Mesih hakda gürrüň bermän, eýsem, olar bilen iýip-içmek arkaly özleriniň olara bolan „söýgüsini“ görkezýärler. Ýöne olar sütemkeşler tarapyndan ezilenleri ýatdan çykarýarlar. Olar şol adamlara söýgi görkezmeýärler.

Birnäçe onýyllyklar mundan ozal Germaniýanyň hoşhabar ýygnaklary bilen katoliki ybadathanalary açlar üçin 125 million dollar, amerikan mesihileri bolsa, mundan köpräk ýygnadylar.

Biziň töweregimizde açlar az däl, ýöne men ezýet çekýän mesihiden beter aç hem garyp bolan adamy göz öňüne getirip bilemok. Hut şolar hem, azat mesihileriň berýän kömeklerine hemmeden-de köp hakly bolýandyr. Eger nemes, britan, amerikan we skandinawiýa

ýygnaklary mätäçlere kömek bermek üçin şunça serişde ýygnap bilýän bolsa, onda şol serişdeler ilki bilen ezýet çeken mesihilere we olaryň maşgalalaryna ugradylmalydyr.

## Häzir şeýle edilýärmi?

Men mesihileri satyn alyp bolýandygyny subut eden guramalar tarapyndan satyn alyndym. Ýöne men Rumyniýada mesihileri satyn alyp bolýandygynyň ýeke-täk mysaly däldirin. Meniň satyn alnandygym baradaky fakt Günbatardaky mesihilik guramalarynyň beýleki görgi görenler üçin ýerine ýetirmeli bolan borjundan boýun towlaýandyklarynda aýyplama bolup durýandyr.

Birinji mesihiler täze ýygnagyň diňe ýewreýler üçinmi ýa butparazlar üçinem döredilendigini soradylar. Olar özleriniň soragyna dogry jogap tapdylar. Bu sorag birazrak başgarak görnüşde ýigriminji asyrda ýene-de ör boýuna galdy. Mesihilik — diňe Günbatar üçin däldir. Mesih diňe bir Amerika, Angliýa we beýleki demokratik döwletleriňki däldir. Mesihi haça çüýlänlerinde, Onuň bir eli Günbatarda, beýlekisi bolsa, Gündogara tarap uzap durdy. Ol diňe ýewreýleriň däl, eýsem, butparazlaryňam, kommunistleriňem we günbatar dünýäsiniňem Patyşasy bolmak isleýär. Isa: „*Bütin dünýä aýlanyň-da, Hoş Habary hemme adamlara wagyz ediň*“ (Markus 16:15) diýdi.

Ol Öz ganyny hemmeler üçin dökdi, şol sebäpli-de, Hoş Habary hemmelerem eşitmelidir we oňa ynanmalydyr.

Bizi gul edilen halklaryň arasynda Hoş Habary wagyz etmäge näme ruhlandyrýar? Mesihe iman eden adamlaryň söýgüden we duýgudaşlykdan doly bolmagy. Men hiç haçan „ýyly“ bolan russiýaly mesihileriň ýekejesine-de duş gelmedim. Öňki ýaş kommunistler bilen musulmanlar Mesihiň iňňän ajaýyp şägirtleri bolýarlar.

Mesih ol adamlary söýýär, şonuň üçin hem, olara azatlyk bermek isleýär. Isa günäkärleriň hemmesini söýýär, şol sebäpli-de, olary günälerinden arassalamak isleýär. Günbatar ýygnaklarynyň käbir ýolbaşçylary başgalara bolan bu ýeke-täk gatnaşygy mesihilere azar berýänlere ýaranjaňlyk etmeklige çalyşdylar. Olar şol adamlaryň öz häkimiýetini saklamagyna kömek etmek we olaryň özleriniň hem-

de pidalarynyň halas bolmagyna päsgel bermek bilen günäkärleriň göwünlerinden turmaga çalyşýarlar.

## Men azatlyga çykanymdan soň nämäni bildim

Türmeden azatlyga çykanymdan we aýalym bilen ýene-de duşuşanymdan soň, ol meniň geljek babatdaky planlarym hakda sorady. Men: „Göwün islegim boýunça-ha, hiç kime goşulman ýaşamak isleýärin“ diýdim. Aýalymam meniň pikirimi paýlaşýandygyny aýtdy.

Men ýaşlykda diýseň adamlaryň içinde garyşyp-gatyşyp ýörýän adamdym. Ýöne türme, ylaýta-da, ýekelikdäki tussaglyk meni oýa batan, ýekelige öwrenişen erkek kişä öwürdi. Ýüregimdäki tupanlaryň hemmesi eýýäm köşeşipdi. Men hatda kommunizmi-de görmeýärdim. Men eýýäm Gökdäki öýlenýän Ýigidiň gujagyndadym. Men özümizi gynanlar üçin doga edýärdim, olary çyn ýüregimden söýýärdim.

Mende azatlyga çykmaga umyt azajykdy. Käwagtlar men özümi birden azatlyga çykaraýsalar näme etmelidigim hakda oýlanýardym. Men hemişe pensiýa çykyp, nirededir bir çet ýerde Gökdäki öýlenýän Ýigit bilen nurly birleşmede ýaşamagy arzuw edýärdim.

Hudaý — bu „Hakykatdyr“. Teologiýa bolsa, „Hakykat hakyndaky hakykatdyr“. Käwagt mesihiler Hakykat baradaky bu hakykaty halka-halka edýärler, şol sebäpli-de, Hakykata eýe bolup bilmeýärler. Aç, ýenjilen we neşe serişdeleri sanjylan ýagdaýda bolan biz ylahyýeti we Mukaddes Kitaby ýatdan çykardyk. Biz Hakykat baradaky hakykaty ýatdan çykardyk, emma „*Hakykatda*“ *ýaşadyk, sebäbi Mukaddes Kitapda: „Ynsan Ogly siziň oslamaýan sagadyňyzdageler*“ (Matta 24:44) diýilýär. Biz indi pikirlenip bilmeýärdik. Gynamalaryň iň kyn pursatlarynda Ynsan Ogly gelip, kameralary dolduryp, türmäniň diwarlaryny göwher kimin öwşün atmaga mejbur edýärdi. Gynaýjylar derrew nirededir bir uzak ýerlerdäki fiziki giňişlikde bizden aşakda bolýardylar. Ruh Rebde şatlanýardy. Biz şol şatlykdan hatda korol köşgi üçinem el çekmezdik.

Kimdir biriniň ýa-da nämedir bir zadyň garşysyna göreşme islegi entek şu wagta çenli menden hiç haçanam meniň aňymdan beýle daşda bolup görmändi. Men hatda iň adalatly urşa-da uruşlara-da gatnaşmak

islemeýärdim. Munuň deregine Mesih üçin ýaşaýyş ybadathanalaryny gurmak isleýärdim. Men türmeden geljekde asuda ýyllaryň bolaryna umyt baglap çykdym.

Emma azatlyga çykan ilkinji günümde men kommunizmiň tussaglykdaky ähli gören görgülerimden-de, has betnyşan bolan taraplaryna duş geldim. Men dürli ybadathanalaryň ruhanylaryna we ýygnaklaryň ruhy çopanlaryna, hatda ýepiskoplara-da duş geldim. Olar uly gynanç bilen özleriniň gizlin polisiýanyň maglumatçylary bolandyklaryny we öz ýygnaklaryna gelýänler hakda maglumat berýändiklerini aýtdylar. Men olardan hatda özleriniň tussag bolmagyna-da töwekgelçilik edip, maglumat bermezlige taýýardygyny ýa däldigini soradym. Olaryň hemmesem: „Ýok“ diýip, özleriniň jany üçin gorkýandyklary sebäpli saklanmaýandyklaryny aýtdylar. Olar men tussag bolmazymdan ozal bolmadyk zady, ýagny maglumatçy bolmakdan boýun gaçyrmagyň ýygnagy ýapmagy aňladýandygyny aýtdylar.

Her şäherde döwlet wekilleri, gizlin polisiýanyň içalylary bardy. „Kultlaryň“ işine gözegçilik etmek olaryň borjuna girýärdi. Olaryň ruhanylary ýa-da ruhy çopanlary öz kellesine gelen wagtda ýanyna çagyryp, ýygnakda kimiň bolandygyny, kimiň ýygy-ýygydan „çörek döwme“ geçirýändigini, kimiň yhlasly mesihidigini, kimiň adamlary Hudaýa getirýändigini, gelenleriň nämäni öwrenendigini we ş.m. zatlary soramaga haky bardy. Eger olar ýeterlik maglumat bermeseler, onda olary işden çykarýardylar-da, olaryň ýerine özlerinden has köp maglumatlary berjek başga adamlary goýýardylar. Eger döwlet wekili onuň ýerine goýup biler ýaly adamy tapmasa (munuň ýaly zat hiç haçanam bolmandy), ýygnagy ýapypdyrlar. Häzir şunuň ýaly ýagdaý Hytaýda bolup geçýär.

Köp gullukçylar gizlin polisiýa wajyp maglumatlary berýärdiler. Olaryň köpüsi muny has wajyp bolan zatlar hakda dymmaga çalşyp, höwessiz edýärdiler, ýöne dymmazlygy endik edinenlerem bardy, olaryň ynsaby gatap gidipdi. Üçünjileri bolsa, bu rola giren batlaryna bilen zatlarynyň hemmesini aýdýardylar, hatda özlerinden talap edilmedik zatlary-da aýdýardylar.

Men gynanylan mesihileriň çagalarynyň özlerini rehimdarlyk edip kabul eden maşgalasy hakda hem maglumat bermäge borçly

edilendiklerini-de, eger şeýle etmeseler, onda okuwdan çykarjakdyklaryny aýdyp haýbat atandyklaryny-da eşitdim.

Men gyzyl baýdaklaryň astynda geçen, kimiň „ýygnagyň saýlanan ýolbaşçysy“ bolmalydygyny kommunistleriň çözen baptist kongresine gatnaşdym. Men resmi ybadathanalaryň hemmesine Kommunistik partiýanyň bellän ruhy ýolbaşçylarynyň başlyklyk edýänini bildim. Şonda men Isanyň duýduran ýigrenjiligini görýändigime düşündim.

Gowy ruhy çopanlaryň we wagyzçylaryň gowularam, erbetlerem hemişe-de bolupdy. Ýöne indi welin, taryhda birinji gezek, hemmeler tarapyndan ateistik partiýa hökmünde ykrar edilen Merkezi komitet, ýagny dini köki bilen ýok etme maksady bolan komitet ýygnagy hem ybadathanany kimiň alyp barmalydygyny çözýär. Ýygnagy nirä alyp barmak üçin beýle edýär? Elbetde, ony köki bilen ýok etmeklige.

Lenin: „Her bir dini ideýa, Hudaý hakdaky her bir ideýa, hatda Hudaý hakdaky ideýa bilen oýun etmekligem, iň howply görnüşdäki söz bilen beýan edip bolmajak peslikdir, iň ýigrenji görnüşdäki nejislikdir. Millionlarça günäler, hapa işler, zorluk aktlary, şeýle hem, fiziki keseller Hudaýyň bardygy baradaky ruhy hem inçe ideýadan has az derejede howpludyr“ diýdi.

Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasy leninçilik partiýady. Ol dini rakdan-da, inçekeselden-de, siflisden-de erbet zat hasaplaýardy. Kimiň dini lider bolmalydygyny onuň özi çözýärdi. Resmi ybadathananyň ýolbaşçylary partiýa bilen bile işleýärdi.

Partiýanyň çagalary we ýaşlary ateizm bilen zäherleýşine, resmi ybadathanalaryň hem muňa azajyk hem garşy çykmaga ukyply däldiklerine şaýat boldum. Biziň ýurdumyzyň paýtagty bolan Buharestde ýekeje ýaşlar toparam, çagalar üçin ýekşenbe mekdebem ýokdy. Mesihileriň çagalary ýigrenç mekdebinde terbiýelendiler.

Ine, şonda men kommunizmi wagşylyk bilen gynanylan wagtymdakydanam beter ýigrendim.

Men kommunizmi özüme eden zatlary üçin däl-de, Hudaýyň şöhratyna, Mesihiň adyna we öz golastynda bolan milliardlarça janlara edýän zatlary üçin ýigrendim.

Ýurduň dürli künjeklerinden meniň ýanyma gelýän daýhanlar kollektiwizasiýanyň geçirlişi hakda gürrüň berýärdiler. Indi olar

özleriniň birwagtky şahsy atyzlarynda we üzümçiliklerinde aç gullar bolup galypdylar. Olaryň çöreklerem ýokdy. Olaryň çagalary süýdem, öz ýerleriniň hasylynam görmeýärdiler. Bu zatlar Kengan baýyrlary bilen deňeşdirip bolýan tebigy baýlygy bolan ýurtda bolup geçýär.

Doganlarymyz Leniniň kommunistik režiminiň özlerini ogry hem ýalançy edendigini boýun aldylar. Olar açlyk zerarly birwagtlar özleriniň hususyýeti, indi bolsa kollektiw hojalyga degişli bolan zady ogurlamaga mejbur bolýardylar. Soň bolsa, olar öz ogurlyklaryny ýapmak üçin ýalan sözlemeli bolýardylar.

Işçiler zawodlarda kapitalistleriň düýşüne-de girmedik terrorlaryň bolşuny we işçi güýçlerini ekspluatirleýişlerini gürrüň berýärdiler. Işçileriň iş taşlamaga haklary ýokdy.

Mugallymlar özleriniň içki garaýyşlarynyň tersine gidip, Hudaýyň ýokdugyny öwretmeli bolýardylar.

Dünýaniň ilatynyň üçden bir bölegi boş pikirli edildi ýa-da pikirleri üýtgedildi. Şunuň ýaly zatlar häzirem ezilýän halklara edilýär.

Ýaş gyzlaryny özlerini komsomol guramalaryna çagyryp, mesihi oglanlar bilen gatnaşýandyklary sebäpli käýeýändiklerini, munuň deregine kim bilen duşuşsa bolýandygyny görkezýändiklerini aýdyp arz etdiler.

Hemme zat umytsyz galplykly we ýigrenjidi.

Soň men öňki dostlarym, gizlin ýygnagyň söweşjeňleri bilen duşuşdym. Olaryň birnäçeleri entegem tutulman ýörler. Käbirleri bolsa, azatlyga çykanlaryndan soň ýene-de göreşi dowam etdirdiler. Men olaryň gizlin duşuşyklaryna bardym. Şol duşuşyklaryň käbirlerinde biz elde ýazylan ýygyndylardan aýdymlar aýtdyk.

Men ömrüniň otuz ýylyny çölde geçiren mukaddes hem Beýik Antoniýany ýada saldym. Ol hemişe oraza tutup hem doga edip, bu dünýäni terk edýär. Ýöne mukaddes Afanasiý bilen Ariýiň arasyndaky Mesihiň Hudaýlyk tebigaty babatdaky jedelini eşidip, ýekelikde ýaşamasyny goýýar-da, hakykatyň dabaralanmagyna kömek etmek üçin Aleksandriýa ugraýar. Men monah bolup, daglaryň ýokarsynda ýaşan Sen-Bernar Klerwoskini ýada saldym. Ol haçly ýörişleriň manysyzdygy, mesihileriň boş gabyr sebäpli, araplary, ýewreýleri we beýleki dinleriň

wekillerini öldürýändigini eşidýär-de, haçly ýörişleri bes etmeklige çagyrmak üçin öz monastyryny we dag depelerini terk etdi.

Men her bir mesihiniň etmeli işini etmegi, Mesihiň, Pawlusyň we mukaddesleriň göreldesine eýerip, asuda pensiýa baradaky pikirden el çekip, göreşe başlamagy makul bildim. Bu nähili göreşdi?

Türmede mesihiler hemişe öz duşmanlary üçin doga edýärdiler we olara wagyz edýärdiler. Biziň ýüreklerimiziň islegi olaryňam gutulyş almagydy, şonuň üçin olar gutulyş alanlarynda, biz muňa şatlanýardyk. Şeýle-de bolsa, men erbet bolan kommunizm režimini ýigrenýärdim, şol sebäpli-de, bu eýmenç zalymlygy Hoş Habaryň güýji bilen agdaryp bilýän ýeke-täk güýji, gizlin ýygnagy berkitmäge jan etdim.

Men diňe Rumyniýa hakda däl-de, tutuş kommunistik dünýä hakda pikir etdim. Ýöne men Günbatarda perwaýsyzlyk diwaryna sezewar boldum.

Sinýawskiý bilen Danieli öz ýoldaşlary türme tussaglygyna höküm edenlerinde, olaryň bütin dünýädäki kommunist kärdeşleri garşylyk bildirdiler. Ýöne mesihileriň öz imany üçin tussag edilmegine hatda ýygnagam garşy çykanok.

Doganymyz Kuzigi Mukaddes Kitabyň we Töwradyň parçalary ýaly „zäherleýji“ mesihi edebiýaty ýaýratmak bilen eden jenaýaty sebäpli aýyplamaklary kimi alada goýýar? Wagyzlary çap edip ýaýradandygy sebäpli, Prokofýew dogany kim tanaýar? Mesihi ýewreý Grýunwaldany hem Russiýada şunuň ýaly jenaýat etmekde aýyplandyklaryny we kiçijik ogluny elinden hemişelik alandyklaryny kim bilýär. Mihaýymy elimden alanlarynda özümiň nähili duýgulary başdan geçirenimi özüm bilýärin. Şonuň üçin men doganlarymyz Grýunwald, Iwanenko, Şewçuk mama, uýalarymyz Taisa Tkaçenko, Ýekaterina Wekazina, doganymyz Georgiý Wekazin we Latwiýadan bolan doganlarymyz är-aýal Pilatlar bilen bilelikde ejir çekýärin. 20-nji asyrdaky iman gahrymanlarynyň bu sanawyny tükeniksiz dowam etmek bolar. Men başymy egýärin-de, ilkinji mesihileri ýabany haýwanlara dalatmak üçin alyp barýarkalar bir imandaky doganlarynyň ellerindäki zynjyrlary ogşaýyşlary ýaly, olaryň gandallaryny ogşaýaryn.

Käbir ýygnak ýolbaşçylary olara biperwaýdyrlar. Olaryň doga etme sanawlarynda pida bolanlaryň atlary ýok. Mukaddesleri tussag eden

we gynan wagtlarynda, olardan ýüz öwren we olary aldan rus baptist we prawoslaw ýygnaklarynyň resmi ýolbaşçylaryny Nýu-Delide, Ženewada we Günbatardaky dürli konferensiýalarda hormat bilen garşy alýarlar. Ol ýerde olar şol ýerde oturanlary Russiýada doly din azatlygynyň bardygyna ynandyrýarlar.

Bolşewik arhiýepiskopy Nikodim muňa ynandyranda, bütindünýä ýygnaklar birleşmesiniň lideri ony ogşady. Soň olar Bütindünýä ýygnaklar birleşmesiniň şanyna meýlis guradylar, mukaddesler bolsa bu wagt arassalanmadyk içege bilen bişirilen kelemi, birwagtlar meniň Isa Mesihiň hatyrasyny iýşim ýaly iýip otyrdy.

Muny beýleligine goýup bolmaýar. Gizlin ýygnak eger şeýle mümkinçilik peýda bolan bolsa, onda Günbatardaky mesihilere nämeleriň bolýandygyny habar bermek üçin meniň gitmegim wajypdyr diýen netijä geldi.

Men kommunistleri söýýän bolsam-da, kommunizmi ýazgarýaryn. Kommunizmi ýazgarmazdan, Hoş Habary wagyz etmek dogry däl diýip hasaplaýaryn.

Käwagt maňa: „Diňe Hoş Habary wagyz et“ diýýärler. Bu maňa Günbatara gitmezimiň öň ýanynda gizlin polisiýanyň içalysynyň Mesihi wagyz edibermelidigimi, ýöne kommunizm hakda dymmalydygymy aýdanyny ýadyma salýar. „Diňe bir Hoş Habaryň“ wagyz edilmeginiň tarapdary bolan adamy gizlin polisiýanyň içalysyny ruhlandyrýan şol bir ruh ruhlandyrýarmyka?

Men „diňe bir Hoş Habar“ diýen zadyň nämedigini men bilmeýärin. Ýahýa Çokundyryjynyň wagzy „diňe bir Hoş Habar“ bolupdymyka? Ol diňe bir: „*Toba ediň, çünki Gögüň Patyşalygy golaýlady*“ (Matta 3:2) diýmedi ahyryn. Ol: „*Hirodes tetrarh doganynyň aýaly Hirodiýa üçin we öz eden ähli erbet işleri üçin*“ (Luka 3:19) ony ýazgardam ahyryn. Ýahýa howaýy taglymat bilen çäklenip oturmandygy sebäpli öldürildi. Isa Özüniň dagdaky wagzynda „diňe bir Hoş Habary“ wagyz etmedi. Onuň: „*Waý günüňize, eý, kanunçylar we fariseýler, ikiýüzlüler! ... Eý ýylanlar we alahöwrenler nesli!*“ (Matta 23:27, 33) diýen wagyzlaryny häzirki ýygnak ýolbaşçylarynyň käbirleri otrisatel wagyz diýip atlandyrardylar. Hut şonuň ýaly „otrisatel“ wagyz üçin hem, Ony haça çüýlediler. Beýle bolmadyk bolsa, Dagdaky wagyz fariseýleri biynjalyk etmezdi.

Günäni ady bilen atlandyrmalydyr. Kommunizm — häzirki zaman dünýäsiniň iň howply günäleriniň biridir. Kommunizmi ýazgarmaýan Hoş Habar hakyky Hoş Habar däldir. Gizlin ýygnak öz azatlygyna we ýaşaýşyna töwekgelçilik edip, kommunizmi ýazgarýar. Şonuň üçin biz bu ýerde, Günbatarda bu barada dymmaly däldiris.

Men kommunizmi „antikommunistler“ diýilýänleriň ýazgaryşy ýaly ýazgarmaýaryn. Gitler antikommunistdi, ýöne şonda-da özi zalymdy. Biz günäni ýigrenýäris, ýöne günäkärleri söýýäris.

Men näme üçin Günbatarda jepa çekýärin?

Men Günbatarda kommunistik ýurtdakydan beter ejir çekýärin.

Meniň ejirlerim hemme zatdan öňürti gizlin ýygnagyň, „Ýalaňaç adam, ýalaňaç Mesihiň yzyna düş“ diýen köne latyn nakylyna gabat gelýän ýygnagyň söz bilen beýan edip bolmajak gözelligine bolan yhlasymda jemlenendir.

Gul edilen halklaryň arasynda Ynsan Oglunyňam, Onuň yzyna eýerýänleriňem kellesini goýara ýerleri ýokdur. Mesihileriň köpüsi özlerine öý gurmaýarlar. Näme üçin? Sebäbi tussag edilen batlaryna olaryň ähli zatlaryny döwlet haýryna geçirýärler. Täze jaýyň bolmagynyň özi, kimdir biri seniň jaýyňa göz gyzdyran wagty, seni tussag etmek üçin degerli sebäp bolup biler. Bu ýurtlarda Mesihiň yzyna düşmezden öňürti atasyny jaýlamak üçin, maşgalasy bilen hoşlaşmak üçin saklanmaýarlar. Seniň ejeň, uýaň, iniň nähili? Bu meselede biz Mesihe meňzeşdiris. Biziň üçin ejemiz we doganymyz Gökdäki Atamyzyň islegini ýerine ýetirýänlerdir. Garyndaşlyk gatnaşyklary hakda aýtsak, gelinligiň barjak bolup ýören ýigidini taşlan, çagalaryň ene-atasyny taşlan, aýallaryň ärlerini taşlan ýagdaýlarynda, olara nädip bil baglap bolar? Gitdigiçe ýygy-ýygydan diňe ruhy gatnaşyklar galýar.

Gizlin ýygnak — garyp hem köp muşakgat çekýän ýygnakdyr. Şeýle-de bolsa, bu ýygnakda-da „ne gyzgyn, ne-de sowuk“ bolan agzalar az däldir.

Gizlin ýygnakdaky gulluk hem, edil iki müň ýyl mundan ozalky irki ýygnakdaky gulluk ýalydyr. Wagyzçyda jikme-jik işlenilip düzülen teologiýa bolmaýar. Ol Petrusda-da ýokdy. Ylahyýetçi professorlaryň islendik biri-de Petrusyň Pentikost günündäki wagzyna erbet baha goýardylar. Mukaddes Kitap aýatlary köp ýurtlarda gaty bir tanyş däl,

sebäbi Mukaddes Kitap ol ýurtlarda gadagan edilendir. Mundan başgada, wagyzçynyň köp ýyllaryň dowamynda tussaglykda Mukaddes Kitaby okamakdan mahrum bolan bolmagy mümkin. Şonuň ýaly adam özüniň Atasyna bolan imanyny beýan edende, munuň ähmiýeti juda uly bolýar, sebäbi ol beýan edilmäniň aňyrsynda durmuş dramasy durýar. Biz türmede her gün Gudratygüýçli Atamyzdan çörek soraýardyk. Şonda biz kelem bilen bile bişirilen içege ýaly zatlar alýardyk. Olar hakda gürrüň bermegem ýürekbulançdyr. Şeýle-de bolsa, biz Hudaýy özümizi söýýän Hudaý hasaplaýardyk. Bizem eger özüni öldürse-de, Hudaýa ynanjakdygyny aýdan Eýýup ýalydyrys. Biz Özüni haçda ölen wagtynda terk eden ýaly bolup görünse-de, Hudaýy „Atam" diýip atlandyran Isa ýalydyrys.

Gizlin ýygnagyň ruhy gözelligini gören adam günbatar ýygnaklarynda bar bolan boşluklar bilen kanagatlanyp bilmeýär.

Men Günbatarda kommunistik türmelerindäkiden beter ejir çekýärin, sebäbi günbatar siwilizasiýasynyň kem-kemden ölşüni gözlerim bilen görýärin.

Olwald Şpengler özüniň „Ýewropanyň şapagy" kitabynda şeýle ýazýar:

„Sen ölýärsiň. Men sende dargamanyň stigmasyny görýärin. Men seniň baýlygyňy, ullakan garyplygyňy, kapitalizmiňi we sosializmiňi, seniň uruşlaryňy we rewolýusiýalaryňy ateizmiňi we utançsyzlygyňy, ynamsyzlygyňy, ahlaksyzlygyňy, dargan nikalaryňy, çaga dogluşyna gözegçilik edýäniňi subut edip bilerin. Aşakdan gan dökýänler, seni depäňden öldürýänler seniň beýniňde gadymky Aleksandriýa, Gresiýa we newrotiki Rim ýaly ýok bolan döwletlere mahsus bolan alamatlaryň bardygyny subut edip bilerler".

Bu 1926-njy ýylda ýazylypdyr. Ondan bäri Ýewropanyň ýurtlarynyň ýarysynda, hatda Kubada-da, demokratiýa bilen siwilizasiýa ýok bolup gitdi. Günbataryň aglaba bölegi uklap ýatyr.

Diňe bir güýç irkilmeýär. Gündogarda kommunistler öz boş hyýallarynyň kül bolandygyna gynanýarkalar, Günbatarda „adamkärçilikli kommunizm" şol zäherliligine galýar. Günbatardaky gumanistler/kommunistler kommunistik ýurtlardaky zalymlyk, berilýän güzaplar we yzarlanmalar hakda aýdylýan zatlara ynanmaýarlar. Olar ilatyň ýokary

klaslaryň arasynda, intellektuallaryň içinde, kollejlerde, merkezden uzaklarda bolan ýerlerde we ýygnaklarda ýadawsyz janypkeşlik bilen hemme ýerde öz imanyny wagyz edýärler. Biz, mesihiler, köplenç ýarym güýç bilen hakykatyň goragynda durýarys. Olar bolsa, ýalany ýaýratmak üçin ellerinden gelenini edýärler.

Bu wagtda Günbataryň teologlary bolsa, özleriniň trofeýleri bilen öwünýärler. Bu 1493-nji ýylda Muhammet II-niň goşunlary Konstinopoly gabanda, Balkanlaryň mesihi ýurtmy ýa yslam ýurdy bolmalydygyny çözmek gerek bolan wagtynda, daşy gabalan şäherdäki ýerli sowetiň düýbünden başga meseläni, mysal üçin Meryemiň gözüniň reňkiniň nähili bolandygyny, perişdeleriň haýsy jynsa degişlidigini, eger suwa siňek düşse, ony mukaddes edip bolýandygyny ýa bolmaýandygyny ýa-da onuň hapa bolup galýan galmaýandygy hakdaky meseleri çözüşlerini ýadyňa salýar. Munuň gadym döwür baradaky ýöne bir rowaýat bolan bolmagam ahmal, ýöne häzirki zaman döwürleýin neşirlere ünsli seretseň, onda siz ýygnagyň şolara meňzeş meseleleriň gürrüňi bilen güýmenýändigini görersiňiz. Gizlin ýygnaga abanýan yzarlanylma we görgi howpy hakda hiç kimem ýatlamaýar diýen ýaly.

Däpler we beýleki ikinji derejeli zatlar hakda tükeniksiz gürrüňler edilýär.

Agşamlyk duşuşyklarynyň birinde bir adam oturanlardan: „Eger siz gark bolup barýan gämide bolan bolsaňyz, özüňizem adam ýaşamaýan ada çykyp halas bolup biljekdigiňizi, ýanyňyz bilenem gämidäki kitaphanadan bir kitap alyp gidip biljegiňizi bilýärsiňiz, şonda siz haýsy kitaby alyp giderdiňiz?“ diýip soraýar. Şonda oturanlaryň biri „Mukaddes Kitaby“, beýlekisi „Şeskpiri“ diýip jogap berýär. Ýöne olardan bir jogap dogry bolýar. Ol: „Men özüme gaýyk ýasap, kenara çykmagy öwretjek kitaby saýlardym“ diýen jogapdy.

Ähli konfessiýalaryň we teoligiki taglymatlaryň azatlygy saklamak ýa-da dini yzarlanmalaryň güýçlenmegi sebäpli, şol azatlygyň ýitirilen ýerinde, azatlygy dikeltmeklik haýsydyr bir ylahy pikir baradaky jedellerden has wajypdyr.

Isa: „Hakykat sizi azat eder“ (Ýahýa 8:32) diýdi. Hakykaty azatlyk, diňe azatlyk açyp biler. Şonuň üçin ähmiýetsiz zatlar hakda jedelleşip

oturandan, biz azatlyk ugrundaky we bütin dünýädäki zalymlyga garşy göreşde birikmelidiris.

Gul edilen ýurtlarda azar çekýän ýygnaklaryň sanynyň hemişe artýandygy hakda gürrüň berenimde hem ezýet çekýärin. Şol görgüleri özümiň başdan geçirendigim sebäpli, olary beýlekilerden has gowy göz öňüne getirip bilýärin. 1966-njy ýylyň iýunynda „Izwestiýa“ we „Derewenskaýa žizn (Oba durmuşy)“ atly sowet gazetleri russiýanyň baptistlerini günä üçin gurbanlyk getirmek üçin çagalary öldürmekde aýyplady. Bu öňler däp boýunça adam öldürmekde ýewreýlere ýöňkelen gadymy aýyplamady.

Ýöne men munuň nämäni aňladýandygyny bilýärin. 1959-njy ýylda men türmede bir gyzy öldürmekde aýyplanan tussag Lazarewiç bilen bile oturdym. Ol bary-ýogy otuz ýaşyndady, ýöne bir gijeki gynamalardan soň, onuň saçlary çuw-ak boldy. Ol garrysypat bolup galdy. Etmedik günäsini boýnuna goýjak bolup, onuň dyrnaklaryny gopardylar. Gynamalardan bir ýyl geçenden soň, Lazarewiçiň bigünädigi bilindi-de, ony azatlyga çykardylar, ýöne azatlygyň onuň üçin indi hiç hili ähmiýeti ýokdy, sebäbi ol hemişelik döwlüpdi.

Köp adamlar gazetlerdäki makalalary okanlarynda, sowet gazetleriniň kommunizm döwründe baptistlere ýöňkän bolgusyz aýyplamalaryň üstünden güldüler, ýöne ol aýyplamalaryň aýyplananlar üçin nämäni aňladýandygyny men bilýärin.

Günbatarda ýaşap, hemişe şonuň ýaly kemsitmeleri eşitmeklik maňa juda ýigrenji görünýär.

Sowet režimi bilen işleşmäge garşy çykan Kaluga (SSSR) arhiýepiskopy Germogene we beýleki ýedi ýepiskopa, Kommunistleriň elinde gural bolan patriarh Aleksiýe we arhiýepiskop Nikodime näme boldy? Eger men Rumyniýa garşy çykyş eden, türmede öz ýanymda ölen ýepiskoplary görmedik bolsam, onda men bu takwa adamlaryň ykbalyny beýle gaýgy etmezdim.

Gullukçylar Nikolaý Ýelişman bilen Gleb Ýakunin ýygnak üçin dini azatlyk sorandyklary sebäpli, patriarh tarapyndan jezalandyryldy. Günbatar munuň ýaly ýagdaýlaryň köpüsini bilýär. Men türmede edil şunuň ýaly güne düşen Rumyniýanyň Wladimireşti şäherinden bolan Ioan ata bilen bile oturdym. Ýüzleýligine biz diňe ýygnak jezasyny

görýäris. Ýöne ýygnagyň resmi rumyn ýygnagynyň ýolbaşçylary kommunistik ýurtlardaky resmi ýygnagyň liderleriniň köpüsi ýaly, gizlin polisiýa bilen egin-egne berip işledi. Jezalandyrmasy zerur bolan adamlara türme gynamalary, ýençme, neşe sançma ýaly has güýçli jezalary ulandylar.

Men dürli ýurtlardaky yzarlanylýanlaryň çekýän jepalary hakda pikirlenenimde sandyraýaryn. Men olary gynaýanlaryň bakyýetdäki ykbaly hakda pikir edenimde sandyraýaryn. Men özleriniň yzarlanylýan doganlaryna kömek etmeýän günbatarly mesihiler hakda pikir edenimde sandyraýaryn.

Men ýüregimiň jümmüşinde munuň ýaly gazaply göreşe gatnaşmak däl-de, özümiň şahsy üzümçiligimiň gözelligini saklamak isleýärin. Asudalykda we rahatlykda ýaşamany men nähili isleýärin. Emma şu wagt bu mümkin däl. Kommunistler Tibete kürsäp girenlerinde, diňe ýiti ruhy meseleler bilen gyzyklanýanlaryň hemmesini ýok etdiler. Olar biziň ýurdumyzda özlerini reallykdan daşlaşdyranlaryň hemmesini çym-pytrak etdiler. Ybadathanalar bilen monastyrlar taşlanyldy, ýöne daşary ýurtlulary aldamak üçin gerek bolanlary saklanyldy. Özümiň ymtylýan asudalygym bilen rahatlygym öz kalbym üçin howply bolan reallykdan daşlaşma bolardy.

Bu göreş özüm üçin çendenaşa howply bolan bolsa-da, ony alyp bardym. 1948-nji ýylda meni köçeden tutup ogurlap gitdiler-de, Anna Pauker diýlip oýlanylyp tapylan at bilen türmä saldylar. Şol wagt Rumyniýanyň döwlet sekretary Şwesiýanyň ilçisi jenap Patrik fon Rýuterswerde: „Wurbbrand häzir Kopengageniň köçelerinde gezip ýör“ diýýär. Şwed ilçisiniň jübüsinde maňa türmeden ibermek başardan hatym bar eken, şonuň üçin hem ol döwlet sekretarynyň ýalan sözleýändigini bilýär. Şunuň ýaly ýagdaýlar hemişe bolup durýardy. Eger meni öldürseler, onda meni öldürjek adamy kommunistler ibererdi, sebäbi başga hiç kimde-de meni öldürmäge sebäp ýokdy. Eger meniň ahlaksyz hereketlerim, ogurlyklarym, gomoseksuallygym, aýalyma ikilik etmäm, syýasy taýdan ygtybarly däldigim, aldawçylygym we ş.m. zatlarym hakdaky myş-myşlar siziň gulagyňyza degen bolsa, onda ol gizlin polisiýanyň: „Biz seni ahlak taýdan ýok ederis“ diýip atan öz haýbatyny ýerine ýetirmeginden başga zat däldir.

Gowy maglumata eýe bolan çeşme maňa ABŞ-daky Senatda görkezme berenimden soň, 1960-njy ýyllaryň ahyrynda rumyn kommunistleriniň meni öldürmegi karar edendiklerini aýtdy. Şeýle-de bolsa, men dymyp bilmeýärin. Meniň aýdýan zatlarymyň üstünde pikirlenmeklik bolsa, siziň borjuňyzdyr. Eger siz şunça zatlary başdan geçirenimden soňam yzarlanmalardan ejir çekýändigim hakda pikir edýän bolsaňyzam, özüniň raýatlarynyň hemmesini şonuň ýaly zatlardan ejir çekmäge mejbur edýän kommunizmiň elhenç güýjüniň nämedigi hakda özüňizden soraň. Kommunistik Gündogar Germaniýadan bolan maşgalany çagasyny buldozere mündürip, tutuş maşgalanyň atylmagyna töwekgelçilik edip, serhetdäki tikenli symyň üstünden sürüp geçmäge mejbur eden häkimiýet nähili häkimiýet?

Günbatar uklap ýatyr, şonuň üçin ezilýän halklaryň agyr ýagdaýyny görmekleri üçin ony oýarmak gerek.

Ejir çekýän adamlar çekýän ejirlerinde günäkärlär ýaly adam gözleýärler. Bu olaryň ýüklerini ep-esli derejede ýeňilleşdirýär. Men muny edip bilmeýärin.

Men mesihileriň duşmanlary bilen eglişige gidýän Günbatar ýygnaklarynyň liderlerini günäkärläp bilmeýärin. Ýamanlyk olardan çykmaýar. Olaryň özleri has köne ýamanlygyň pidalary bolup durýarlar. Ýygnakda bulam-bujarlygy olar döretmeýärler-de, ony saklaýarlar.

Men Günbatarda ýaşap başlalym bäri köp sanly ruhy seminariýalarda boldum. Olarda men jaňlaryň, ybadat etme aýdymlarynyň taryhy, birgadymda ýatyrylan kanoniki kanunlar, häzirler ulanylmaýan ýygnak jezalary hakda diňledim. Ylahyýet ugrundan okaýan talyplara dünýäniň ýaradylyşy, Adam ata, suw basmasy, Musanyň görkezen gudratlarynyň ýalandygyny, bularyň hem, edil Isanyň ölümden direlşi ýaly mifdigini, Onuň süňkleriniň bir ýerlerdäki gabyrda galandygyny, ýygnaklara ýazylan hatlaryň hakyky däldigini, Ylham kitabynyň akly çaşan biriniň ýazan kitabydygyny öwredýärler. Başga zatlaryň hemmesinde Hudaýyň Sözi — Mukaddes Kitapdyr! (Bu kitapdaky ýalan Hytaý kommunistik gazetlerindäki ýalandanam köp bolup çykýar-da).

Ine, günbataryň birnäçe ýygnak ýolbaşçylary seminariýalarda nämäni öwrenipdirler. Bu olaryň atmosferasydyr. Olar bu atmosferanyň içinde ýaşaýarlar. Reb hakda munuň ýaly zatlary eşidenlerinden soň,

Oňa wepaly bolmak nämä gerek? Içinde Hudaýyň ölendigini arkaýyn öwredip bolýan ýygnaga wepaly bolmak nämä gerek?

Käbir konfessiýalaryň ýolbaşçylary Mesihiň gelni däldirler. Olar bireýýämler Mesihe ikilik eden ýygnaklaryň ýolbaşçylarydyrlar. Gizlin ýygnagyň ejir çeken adamyna duş gelenlerinde, olar oňa geň galyp seredýärler.

Biz adamy garaýyşlarynyň diňe bir tarapy boýunça ýazgaryp bilmeris. Eger şonuň ýaly etsek, onda sabat gününi saklamandygy üçin Isany-da ýigrenen fariseýler kimin bolarys. Fariseýler hatda özleriniň nazarynda-da abraýly bolan zatlara gözlerini doly ýumdular.

Kommunizm bilen nädogry gatnaşyklarda bolan ýygnak ýolbaşçylarynyň beýleki taraplarda mamla we ak ýürekli adamlar bolmaklary mümkin. Olar hatda ýalňyşýan zatlarynda-da üýtgäp bilýärler.

Bir gezek men Rumyniýada prawoslaw ýepiskopyna duş geldim. Ol kommunistleriň adamydy, öz sürüsine dönüklik eden ruhy çopandy. Men onuň elinden tutup, oňa ýiten ogul hakdaky tymsaly aýdyp berdim. Bu waka agşamara meniň bagymda boldy. Men: „Serediň, Hudaý azaşan günäkäri nähili söýgi bilen kabul edýär. Eger ýepiskop toba gelse, Hudaý hatda ony-da şatlyk bilen kabul edýär“ diýdim. Men oňa birnäçe sany mesihi aýdymlaryny aýdyp berdim. Şol adam täzeden Hudaýa gaýdyp geldi.

Türmede men azatlyga çykma umydynda ateistik leksiýalary ýazan prawoslaw ruhanysy bilen bile bir kamerada oturdym. Biziň gürrüňdeşliklerimizden soň, ol hiç haçan azatlyga çykmazlygyna töwekgelçilik eden bolsa-da, ýazan leksiýasyny ýyrtyp, ony bölek-bölek etdi.

Men öz ýüregime agram salýan ýüki ýeňletmek üçin başga birini aýyplap bilmeýärin.

Mende başga agyry-da bar. Maňa hatda iň ýakyn dostlarymam düşünmediler. Käbirleri meni kommunistlerden kine saklamakda we olary ýigrenmekde aýyplaýarlar, meniň garaýyşlarymyň hakykat däldigini aýdýarlar.

Ýazyjy Klod Montefiore Isanyň kanunçylara we fariseýlere bolan garaýşynyň, olary köpçülikleýin ýazgarmasynyň duşmanlaryňy söýmelidigi we özümizi näletleýänlere ak pata bermelidigi baradaky

tabşyryga garşy bolýandygyny aýdýar. Londondaky mukaddes Pawel soborynyň ruhanysy doktor Walter Metýuz hem Isanyň sözleri yzygiderli däl we garşydaş diýen netijä gelýär. Ol muny Isanyň akylly-paýhasly bolmandygy bilen düşündirýär.

Montefioreniň Isa baradaky pikiri ýalandyr. Isa fariseýleri köpçüligiň öňünde ýazgaran bolsa-da, olary söýýärdi. Men kommunistleri hem-de ýygnakdaky maglumatçylary ýazgarýan bolsam-da, olary söýýärin.

Maňa hemişe: „Kommunistleri unut! Diňe ruhy işler bilen meşgullan“ diýýärler.

Men faşizm döwründe ezýet çeken mesihi bilen duşuşdym. Ol Mesih hakda şaýatlyk edenimde, doly meniň tarapymda bolýandygyny, ýöne kommunistler hakda bir söz hem diýmeli däldigimi aýtdy. Germaniýada faşizme garşy göreşen mesihileriň mamla bolandygyklaryny ýa däldiklerini ýa-da olaryň Gitleriň zalymlygy hakda hiç zat aýtman, diňe Mesih hakdaky şaýatlyk bilen oňup oturmaly ekendiklerini ýa däldiklerini soradym. Şonda ol: „Gitler alty million ýewreýi öldürdi! Bu hakda aýtmak gerekdi!“ diýip jogap berdi. Menem: „Kommunistler bolsa, otuz million rus adamyny, millionlarça hytaýlylary we beýlekileri öldürdiler. Olar ýewreýlerem öldürdiler. Ýa-da biz diňe ýewreýleri öldürenlerinde garşy çykyp, ruslary ýa-da hytaýlylary öldürenlerinde dymmalymy?“ diýip garşy çykdym. „Bu düýbünden başga zat“ — diýip, ol adam garşy çykdy.

Gitleriň hökümdarlyk eden döwründe-de, kommunizm döwründe-de kommunistler meni ýençdiler. Men şol urgularyň arasyndaky tapawudy bilemok — olaryň ikisem çendenaşa agyrylydy.

Mesihilik diňe kommunizm bilen däl-de, eýsem, günäniň hemme taraplary bilenem göreşmelidir. Biz diňe şu mesele bilen baglanylan däldiris. Ýöne kommunizm mesihiligiň ganym duşmanydyr, özem juda howpludyr. Oňa garşy çykmakda biz birleşmelidiris.

Şonuň üçin men ýene-de gaýtalaýaryn, her bir adamyň iň beýik maksady Mesihe meňzeş bolmakdyr. Munuň öňüni almaklyk — kommunistleriň iň esasy maksadydyr. Olar adam ölenden soň, duz hem mineraldan başga hiç zadam bolmaýar diýip hasaplaýandyklary sebäpli, birinji nobatda dine garşy çykyş edýärler. Olar özleriniň bütin ömrüniň materiýa derejesinde ýaşalmagyny isleýärler.

Olar diňe materiýany bilýärler. Olaram Täze Ähtde arwahlardan özleriniň adynyň nämedigini soranlarynda, olaryň: „Biz legion“ diýip jogap berişleri ýaly, özlerine şeýle at goýýarlar. Indiwidual şahsyýeti — Hudaýyň ynsana beren iň beýik sylaglarynyň birini — weýran etmek olara zerurdyr. Olar Alfred Adleriň „Indiwidual psihologiýa“ diýen kitabyny bir adamda tapandyklary üçin şol adamy türmä basdylar. Gizlin polisiýanyň aňtaýjysy: „Ah, indiwidual, hemişe indiwidual. Näme üçin kollektiw dälmişin?“ diýip gygyrdy.

Isa biziň şahsyýet bolmagymyzy isleýär. Şonuň üçin kommunizm bilen biziň aramyzda eglişik bolmaly däldir. Kommunistler muny gowy bilýärler. Olar özleriniň „Ylym we din“ atly žurnalynda: „Din kommunizm bilen bir ýere sygýan zat däldir. Din kommunizmiň duşmanydyr. Kommunistik partiýanyň mazmuny — dine öler ýaly edilip urulýan urgudyr... Bu adamlary diniň gulçulygyndan hemişelik mahrum etjek ateistik jemgyýeti gurmak üçin programmadyr“ diýýärler.

Mesihilik kommunizm bilen bile ýaşap bilermi? Bu soraga kommunistleriň özleri: „Kommunistik partiýa — bu dine öler ýaly edip urulýan urgudyr“ diýip jogap berýär.

# 5-NJI BAP

# Ösýän ýeňilmezek gizlin ýygnak

Gizlin ýygnak çendenaşa kyn şertlerde ýaşaýar. Ateizm kommunistik ýurtlaryň hemmesinde döwlet dini bolup durýandyr. Ol ýaşuly adamlara din meselesinde azatlyk berýär, ýöne çagalara hem ýaşlara Hudaýa ynanmagy gadagan edýär. Bu ýurtlardaky hemme zat — radio, telewideniýe, kino, teatr, pressa we neşirýat — Isa Mesihe bolan ynamy köki bilen ýok etme maksadyndan ybaratdyr.

Gizlin ýygnakda totalitar döwletiň ummasyz güýjüne garşy durar ýaly hiç hili serişdesi ýok diýen ýalydyr. Sowet Soýuzynda gizlin ýygnagyň gullukçylarynyň hiç hili ylahy taýýarlygy ýokdy. Häzirki zaman hytaýly ruhy çopanlaryň Mukaddes Kitaby tutuşlygyna okamadygy az däldir.

Köp ruhy çopanlara el goýluşyny men häzir size gürrüň bereýin. Bir gezek men gizlin ýygnagyň ruhy çopany bolan bir ýaş ýigit bilen duşuşdym. Şonda men ondan özüne kimiň el goýandygyny soradym. Ol: „Bizde hakyky ýepiskopyň el goýmagyna mümkinçilik ýok. Resmi ýepiskop hem, Kommunistik partiýa tarapyndan tassyklanylmadyk adamlara el goýmaýar. Şonuň üçin biz, on sany ýaş mesihi, görgi görüp ölen ýepiskopyň mazaryna bardyk. Iki sanymyz onuň mazaryna elini goýdy, beýlekiler bolsa, biziň daşymyzda halka bolup durdular. Biz Mukaddes Ruhuň özümizi mesh etmegini soradyk. Biz Isanyň çüý deşen ellerini öz üstümize goýandygyna ynanýarys“ diýdi. Meniň pikirimçe, bu ýigide dogrudanam, Hudaýyň öňünde el goýlupdyr!

Şunuň ýaly usul bilen el goýlan adamlaryň köpüsinde ylahy taýýarlygy bolmaýar we olar Mukaddes Kitaby az bilýärler (Mysal üçin, Bangladeşli hoşhabarçylar), ýöne şonda-da, Mesihiň tabşyrygyny ýerine ýetirýärler.

Bu maňa birinji asyrlaryň ýygnagyny ýatladýar. Mesih üçin dünýäni agdar-düňder edenler haýsy seminariýalarda okady? Olaryň hemmesi okap bilýärdilermi? Olar Mukaddes Kitaby nireden aldylar? Olar bilen Hudaýyň Özi gepleşdi.

Bizde, gizlin ýygnakda, ybadathana-da ýok. Gizlinlikde tokaýda üýşüşenimizde sereden göklerimiziň gözelligi bilen heý bir ybadathana deňeşip bilermi? Guşlaryň jürküldileri iň gowy organyň owazynyň ýerini tutýar. Gülleriň atyr yslary — biziň ladanymyzdyr. Aý bilen ýyldyzlar perişdeleriň özleriniň ýakan şemleri bolýar. Ýaňy-ýakynda türmeden boşadylan görgüliniň sal-sal eşikleri ruhanynyň baý lybasyndan-da ýakymly görünýär.

Men bu ýygnagyň gözelligini suratlandyryp bilemok! Köplenç gizlin ýygnanyşyklardan soň, mesihileri tussag edip, türmä salýardylar. Ol ýerde olara gandallar geýdirýärdiler, olar hem gandallary gelinligiň öz söýgülisiniň beren gymmat bahaly şaý-sepini dakynyşy ýaly, şatlyk bilen dakýardylar. Ol ýerde olar Mesihiň ogşamasyny alýardylar we gujagyna girýärdiler, şonuň üçin patyşalaryň hiç biri bilenem özleriniň ýerlerini çalyşmaýardylar. Men hakyky mesihileri diňe Mukaddes Kitapda, gizlin ýygnakda we türmede gördüm.

Gizlin ýygnagyň üstünden basýarlar, ýöne olaryň dostlaram az däl. Hatda gizlin polisiýa bilen döwlet işgärleriniň arasynda-da olaryň dostlary bar. Käwagt şol gizlin imanlylar gizlin ýygnagy goramaga ukyplydyrlar.

Öňki Sowet Soýuzynda gazetler „daşky imansyzlaryň“ köpelýändiklerinden arz edýärdiler. Şol erkekler bilen aýallaryň kommunistik häkimiýetiň ähli ulgamlarynda — döwlet pudaklarynda, propoganda bölümlerinde işleýändiklerini, olaryň daşlaryndan kommunistlerdiklerini, içlerinden bolsa, gizlin mesihiler we gizlin ýygnagyň agzalarydyklaryny sowet pressasy düşündirýärdi.

Kommunistiki pressada kommunistik propoganda bölüminde işlän bir ýaş aýal hakdaky taryh bardy. Işden soň ol aýal öz adamsy bilen gizlinlikde Mukaddes Kitaby öwrenmek we doga etme ýygnaklaryny geçirmek üçin ýaşlar toparyny ýygnaýar eken. Munuň ýaly zat häzirem bütin dünýäde bolup geçýär. Biziň döwrümizde-de şonuň ýaly „daşky imansyzlaryň“ on müňlerçesi bar. Olar özleriniň yzarlanylýan we diňe ýoýulan Hoş Habary diňleýän ýerleri bolan ybadathanalardaky

şoulara gatnaşmazlygy maksada laýyk görýärler. Olar munuň deregine özleriniň Mesihe gowy şaýatlyk edip biljek wezipelerinde galýarlar.

Wepaly gizlin ýygnakda şunuň ýaly wepaly agzalaryň müňlerçesi bar. Olar ýerzeminlerde, jaýlaryň üçeklerinde, öýlerde we meýdanlarda gizlin duşuşýarlar.

Öňki Sowet Soýuzynda çagalaryň çokundyrylmagynyň tarapdary ýa-da muňa garşy bolma ýa-da papalyk günäsizliginiň tarapdary ýa muňa garşylyk babatda jedelleriň bolandygy hiç kimiň ýadyna düşmeýär. Ol ýerde ne pre, ne-de posgtmillenialisgtler bardy. Olar pygamberlikleri düşündirip bilmeýärdiler, olar hakda jedelleşmeýärdiler. Şeýle-de bolsa, olaryň ussatlyk bilen ateistlere Hudaýyň bardygyny subut edip bilendikleri meni köp haýrana goýýardy.

Olaryň düşündirişleri ýönekeýdi: „Eger sizi köp sanly tagamlar goýlan saçagyň başyna çagyrsalar, onda siz şol naharlary hiç kimiň taýýarlamandygyna ynanarsyňyzmy? Tebigat — bu biziň üçin taýýarlanan meýlisdir! Biz pomidor, şetdaly we alma iýýäris, süýt içýäris, bal iýýäris. Bu zatlary adamzat üçin kim taýýarlady? Tebigat kördür. Eger siz Hudaýyň ýokdugyna ynanýan bolsaňyz, onda kör tebigata bize gerek bolan zatlaryň hemmesini, onda-da doly hem bol edip taýýarlamak nädip başartdyka?

Olar ebedi ýaşaýşyň bardygyny subut edip bildiler. Men bir mesihiniň ateiste ýüzlenip: „Aýdaly, biz enäniň göwresindäki embrion bilen gepleşip bilýäris. Sen oňa näme diýersiň? Embrional ýaşaýşyň bary-ýogy gysgajyk wagtdygyny, ondan soň uzak wagtlaýyn real ýaşaýşyň gelýändigini aýdýarsyň? Embrion näme jogap berýär? Ol siziň, ateistleriň, özüňize jennet hem dowzah hakda gürrüň berenimizde, bize berýän jogabyňyzy berýär. Ol enäniň göwresindäki ýaşaýşyň ýeke-täk real ýaşaýyşdygyny, galan zatlaryň hemmesiniň dini akmaklykdygyny aýdýar. Ýöne embrion pikirlenip bilýän bolsa, onda özüne: «Ine, meniň ellerim ösýär. Olar maňa gerek däl. Men hatda ellerimi göneldibem bilemok. Olary näme üçin ulanaýyn? Belki, ellerim ýaşaýşymyň soňky etaplary üçin ösýändir. Şonda ulanmagym mümkin. Meniň aýaklarymam ösýär, ýöne men olary döşüme gysyp oturmaly. Olar näme üçin ösýärkä? Belki, olar meniň uly dünýädäki ýaşaýşymda ýöremek üçin gerek bolar. Garaňkylyk bilen örtülen

bolsam-da, hiç hili mätäçligim bolmasa-da, mende gözem bar. Maňa göz nämä gerek? Belki, men ýagtyly we reňkli dünýäde ýaşamaly bolaryn» diýerdi.

Şonuň üçin, eger embrion özüniň özüşi hakda oýlanan bolsa, onda gözi bilen görmese-de, ene göwresinden daşarda ýaşamalydygyny bilerdi. Bizem edil şunuň ýaly. Biz ýaşkak, güýjümizem barka, aklymyzy dogry ulanyp biler ýaly paýhasymyz bolmaýar. Ýyllaryň dowamyna bilim hem akyldarlyk alanymyzda, bize gonamçylyga äkider ýaly tabyt taýýar bolýar. Barybir ulanyp bilmejek akyldarlygymyz bilen bilimimiz nämä gerek? Embrionyň elleri, aýaklary we gözleri näme üçin ösýär? Doglandan soňky ýaşaýyş üçin ösýär. Bizde-de edil şonuň ýaly bolýar. Ýerde ýaşan wagtymyzda, ölümden soň geljek ýokary derejä göterilmäge taýýar bolmagymyz üçin tejribe, bilim we akyldarlyk toplaýarys“ diýenini eşitdim.

Kommunistler Isanyň hiç haçan hem bolmandygyny ýazýarlar. Gizlin ýygnagyň mesihileri: „Jübiňizdäki haýsy gazet? Hä...ä, bu «Prawdamy»? Şu günkimi ýa düýnki? Hany görmäge beriň hany. Hä... 1964-nji ýylyň ýanwary. Haýsy wagtdan sananyňda 1964-nji ýyl bolýar? Siz Isanyň hiç haçan hem ýaşamandygyny aýdýarsyňyz, özüňizem wagty Onuň doglan gününden hasaplaýarsyňyz. Wagt Isa çenli-de bolupdyr. Emma Ol gelende welin, adamzat Isa gelmezinden öňki bolan zatlaryň hemmesiniň salgym bolandygyna, real wagtyň indi gelendigine düşündi. Siziň kommunistik gazetiňiziň özi Isanyň oýlanylyp tapylan Şahsyýet däldigine subutnama bolup durýar“ diýýärler.

Günbatardaky rugy çopanlar öz ýygnaklaryna gelýänler mesihiligiň esasy hakykatlaryny bilýärler diýip hasaplaýarlar. Ýöne bu beýle däl. Öz imanymyzyň esasy hakdaky wagyzlary seýrek eşidýäris. „Demir tutynyň“ aňyrsynda bolsa, muny hiç haçan öwrenmeseler-de, öz sürüsindäkilerde berk iman esasyny goýan adamlar bar.

Esasy daýanjy mesihilik bolan gizlin ýygnak bilen resmi ýygnagyň arasynda göze ilip duran serhet ýokdur. Olar berk örülendirler. Gul edilen ýurtlardaky şou ýygnaklaryň birnäçe ruhy çopanlary döwletiň özlerine goýan çäkleriniň daşynada çykyp, gizlinlikde parallel gulluk alyp barýarlar.

Kommunistler bilen hyzmatdaşlyk edýän resmi ýygnagyň köneden gelýän taryhy bar. Resmi ýygnak Russiýada Oktýabr sosialistik rewolýusiýasyndan soň, derrew Sergiý atly ýepiskopyň baştutanlyk edýän „Diri ýygnagyndan“ başlandy. Onuň ýakyn kärdeşleriniň biri: „Marksizm — bu ateizmiň harplary bilen ýazylan hoş habardyr“ diýýär. Nähili üýtgeşik teologiýa!

Her bir ýurtda-da Sergiý ýaly gullukçylar az däldi.

Wengriýada katolikleriň arasynda Balog ata bardy. Ol we başga-da protestant gullukçylarynyň birnäçesi kommunistleriň döwletiň üstünden gözegçiligi öz ellerine almaklaryna kömek etdi.

Rumyniýada kommunistler Burduça atly prawoslaw ruhanysynyň, ýagny öňki günäleri üçin „gyzyllaryň öňünde gulluk etmeli bolan özalky faşistiň kömegi bilen häkimiýet başyna geldi“. Ol öz ýolbaşçylaryndan-da beter „gyzyl“ boldy. Sowet Soýuzynyň döwlet sekretary Wyşinskiý: „Bu häkimiýet ýerde jennet gurar, şonuň üçin indi size gökdäki jennet gerek bolmaz“ diýip, täze kommunistik häkimiýetiniň kararyny yglan edende, Burduça-da onuň ýanynda durup, aýdanlaryny tassyklap ýylgyryp durdy.

Rus ýepiskopy Nikolaý ýaly gullukçylar üçin döwletiň maglumatçysy bolup gulluk etmeklik adaty işdi. Dönük çekist maýor Derýabin Nikolaýyň özleriniň içalysy bolmalydygyny buýruk berdi.

Konfessiýalaryň hemmesinde-de diýen ýaly, şuňa meňzeş ýagdaýlar boldy. Rumyn baptistleriniň ýolbaşçylary hakyky mesihileri ýazgaryp, häkimiýet bilen „hyzmatdaşlyk etmäge“ güýç bilen mejbur edildi. Sowet Soýuzyndaky baptist ýygnaklarynyň ýolbaşçylary-da edil şunuň ýaly hereket etdiler. Rumyn adwentist ýygnagynyň prezidenti bolan Takiç kommunistler häkimiýet başyna gelen gününden başlap, özüniň gizlin kommunistik polisiýasynyň maglumatçysy bolandygyny boýun aldy.

Ybadathanalaryň hemmesini ýapmanyň deregine (ýogsam köp müňlerçesini ýapdylaram), kommunistler „göz üçin“ resmi ybadathanalaryň bar bolmagyny, olary gözegçilik etmek, iň soňunda-da mesihileri we mesihiligi ýok etmek üçin zerur bolan penjire hökmünde saklamagy makul bildiler. Olar ybadathana institutyny galdyryp, ony kommunistleriň mesihileri dolandyrma guralyna öwürme we daşary ýurtdan gelýänleri düşnüksizlige salmagy makul bildiler. Dünýä

eýýäm täze müňýyllyga gadam basan bolsa-da, munuň ýaly ýagdaý Hytaýdaky resmi ýygnaklarda entegem dowam edip gelýär. Bu „ýeketäk kanuny“ ýygnak Hytaýda mesihileriň on iki göteriminden-de az sanlysyny özünde jemleýär.

Rumyniýada maňa şunuň ýaly ýygnagy teklip etdiler, ýöne men ruhy çopan hökmünde ýygnak agzalaryny gizlin polisiýa satmalydym. Gizlin polisiýanyň şerti şeýledi. Diňe „ak bilen garany“ görmäge endik edinen Günbatar muňa düşünmeýän ýaly bolup görünýär. Ýöne gizlin ýygnak ähmiýetli, „her bir ynsana“, şol sanda çagalar bilen ýaşlara-da, Hoş Habary ýaýratmanyň täsirli guraly bolmanyň deregine „göz üçin“, gözegçilik astynda saklanylýan ýygnak bolmak islemeýär.

Ýöne resmi ýygnakda-da barybir ýolbaşçylarynyň dönükligine garamazdan, hakyky ruhy durmuşam bar. (Mende Günbataryň köp ýygnaklarynda şuňa meňzeş ýagdaýlar bar ýaly bolup göründi. Käwagt agzalar öz ýolbaşçylarynyň kömegi bilen däl-de, olaryň garşysyna gidip, wepalylygyna galýarlar).

Russiýada prawoslaw ybadat etme aýdymlary üýtgewsizligine galdy-da, ybadathana ýolbaşçylary kommunistlere ýaranjaňlyk eden bolsa-da, gelýänleriň ýüreklerine ruhy iýmiti berdi. Lýuteranlar, preswiterianlar we beýleki protestantlar şol bir köne aýdymlary aýtdylar. Hatda maglumatçylaram, wagyz edenlerinde Ýazga ýüzlenmeli bolýardylar. Häzir Hytaýda köp adamlar dönük hökmünde meşhur bolanlaryň täsiri astynda Rebbe gelýärler. Olar özleriniň imana gelendigini gizlin polisiýa hasabat beriljekdigini bilýärler. Olar öz wagyzlary bilen özlerini imana getiren adamdan imanyny gizlemeli bolýarlar. Hudaýyň bu gudraty hakda Lewiler 11:37-de: „Eger olaryň maslygynyň bir bölegi, ekilmek üçin aýry goýlan islendik tohumyň üstüne gaçsa, ol halallygyna galýandyr“ diýip, göçme manysynda gürrüň berilýär.

Adalatyň hatyrasyna hemme ruhy çopanlaryň, hatda hemme ýepiskoplaryňam, gizlin polisiýanyň maglumatçylary bolmandyklaryny aýtmalydyryn.

Gizlin ýygnagyň agzalary hem, kölegede galmaly bolanlardan başgalary, resmi ýygnagyň durmuşynda wajyp roly oýnadylar. Olar mesihiligiň syýasat bilen bir aýakdan gopmaly däldigini, onuň öz

imanyny goramalydygyny bilýärdi. Gizlin polisiýa Rumyniýanyň Wladimireştdäki monastyryny we Russiýadaky dini guramalary ýapmaga çalşanynda, bu olara aňsat düşmedi. Käbir kommunistler dini gadagan etme jenaýaty üçin janlaryny pida etmeli boldular.

Şeýle-de bolsa, resmi ýygnaklar gitdigiçe azaldy. Bilemok, tutuş Sowet Soýuzynda bäş-alty müň ýygnak galdymy galmadymy. (Birleşen Ştatlarda şonça ilatly bolanda birnäçe on ýyllyklar şondan ozal üç ýüz müňe golaý ýygnagy bardy). Şol „ýygnaklar“ köplenç biziň häzirki göz öňüne getirýän „ýygnaklarymyz“ ýaly däldi-de, kiçijik otagjyklardy. Daşary ýurtdan gelenler Moskwadaky adamdan doly bolan ýeke-täk protestant ybadathanasyny görüp, din azatlygy bar diýen netijä gelip gidýärdiler. Olar: „Ybadathanalar adamdan doly“ diýip, şatlykly gürrüň berýärdiler. Olar ýedi million adama ýekeje protestant ybadathanasynyň bolandygy hakda hatda pikirem etmeýärdiler. Sowet Soýuzynyň segsen göterim ilatyna hatda otagjyklardaky ýygnaklaram elýeter däldi. Ýurduň ilaty ýa-ha ykbalyň akymyna taşlanylýardy, ýa-da olary Hoş Habary ýaýratmanyň gizlin usullarynyň kömegi bilen Hudaýa getirýärdiler. Başga ýol ýokdy.

Kommunizm ýurtda näçe ýokary galsa, ýygnak şonça-da çuň gizlinlige gitmeli bolýardy.

Ýapylan ybadathanalarda dini guramalara garşy göreş alyp barmak barada maslahatlar geçirilýärdi.

## Gizlin ýygnak nädip ateistiki edebiýaty ulandy

Gizlin ýygnak ateistiki edebiýaty nähili ulanmalydygyny bilýärdi we ondan Ylýasyň garganyň getiren iýmitinden iýmitlenşi ýaly, „iýmit alýardy“. Ateistler Mukaddes Kitaby ýaňsylamaga we tankytlamaga az ussatlyk sarp görkezmeýärdiler we az tagalla etmeýärdiler.

Olar „Komediýaly Mukaddes Kitap“ we „Ynanýanlar we ynanmaýanlar üçin Mukaddes Kitap“ atly kitaplary çap etdiler-de, olarda Ýazgydan köp aýatlary getirip, Mukaddes Kitabyň nähili akmak kitapdygyny görkezmäge synanyşdylar. Biz muňa nähili begendik! Ol kitaplar Mukaddes Kitap aýatlaryndan doldurylyp, millionlarça tiražda çykaryldy. Kommunistleriň üstünden gülýändiklerine garamazdan, bu

kitaplar juda owadandy. Tankydyň özi bolsa şeýle bir bolgusyzdy welin, ony hiç kimem çynlakaý zat hökmünde kabul etmedi. Geçmişde jezalandyryjy guramanyň ýakan „pyrryldakçylaryny“ hökümi ýerine ýetirmezlerinden öň ýüzüne dowzah odunyň we şeýtanyň suraty çekilen ýigrenji eşikleri geýdirip, şäheriň içini aýlapdyrlar. Şol pyrryldakçylar nähili mukaddes adamlardylar! Mukaddes Kitap aýatlaryny şeýtan sözüniň içinde getirýän bolsa-da, olar hakykatlygyna galýandyr.

Kommunistik neşirýatda üstünden gülme maksady bilen Mukaddes Kitap aýatlary ýazylan ateistiki kitaplary ýene çap etmegi haýyş edip ýazylan hatlary alandyklaryna begenýärdiler. Olar şol hatlaryň Ýazgyny başga ýol bilen alma mümkinçiligi bolmadyk gizlin ýygnagyň agzalaryndan gelýändigini bilmeýärdiler.

## Biz ateistleriň leksiýalaryny nähili ulanmalydygyny gaty gowy bilýärdik

Şonuň ýaly leksiýalaryň birinde kommunist professor Isanyň jadygöýçilik bilen meşgullanan adamdan başga hiç kimem bolmandygyny subut etmäge synanyşdy. Professor öz öňünde suwly küýze goýdy. Ol suwuň içine poroşok taşlady welin, suw gyzyl boldy. „Ine-de, bar gudrat. Isanyň ýeňinde poroşok gizlenipdir. Ol suwy haýran galdyryjy usul bilen şeraba öwren kişi bolupdyr. Ýöne men Isadan-da köp zady edip bilýärin. Men şeraby gaýtadan suwa öwrüp bilýärin“ diýip, professor aýtdy. Soň ol suwuklygyň içine başga bir poroşok taşlady welin, suw dury boldy. Soň ol ýene-de birinji poroşogy taşlady welin, suw ýene gyzardy.

Auditoriýanyň içinde oturan bir mesihi ýerinden turup: „Ýoldaş professor, siz özüňiziň eden zatlaryňyz bilen bizi geň galdyrdyňyz, ýöne indi öz şerabyňyzy içiň-dä“ diýdi. Professor: „Men beýle edip biljek däl. Poroşok zäherli“ diýip jogap berdi. Mesihi-de: „Ine, siz bilen Mesihiň arasyndaky tapawut hem şonda-da. Mesih Öz şeraby bilen eýýäm iki müň ýyldan bäri adamlara şatlyk paýlap gelýär, siz bolsa adamlaryň durmuşyny zäherleýärsiňiz“ diýdi. Bu batyr mesihi türmä salyndy, ýöne onuň aýdan sözleri baradaky gürrüňler uzaklara ýaýrady-da, köp mesihileriň imanyny berkitdi.

Biz ejizjek, kiçijik Dawutlardyrys. Şeýle-de bolsa, biz ateizmiň Galiafyndan güýçlüdiris, sebäbi Hudaý biziň tarapymyzda. Hakykat bize degişlidir.

Bir gezek bir kommunist lektor işçilere ateizm boýunça leksiýa okaýar. Bu leksiýany hemmeler diňlemeli bolupdyr. Işçileriň arasynda mesihilerem az bolmandyr. Olar Hudaýyň bardygyna garşy çykýan delilleri we Mesihe ynanýanlaryň akmaklygy hakda aýdylan zatlary ünsli diňleýärler. Mugallym Hudaýyň, Mesihiň, ölümden soňky ýaşaýşyň ýokdugy sebäpli, ruhy dünýäniňem ýokdugyny, adamyň diňe bir kalby bolmadyk materiýadygyny subut etmäge synanyşýar. Ol diňe materiýanyň bardygyny gaýta-gaýta aýdýar.

Lektor sözüni gutarandan soň, bir mesihi özüne söz berilmegini haýyş edýär. Ol eplenilýän oturgyjy eline alyp, ony kellesiniň üstünde ýokary galdyrýar-da, poluň üstüne zyňyp goýberýär. Soň hem oňa sesini çykarman seredip durýar. Mundan soň ol adam lektoryň ýanyna baryp, ýüzüne şarpyk çalýar. Lektor gaharlanýar. Ol gahardan ýaňa çym-gyzyl bolup, mesihä sögünip hem haýbat atyp başlaýar. Ol: „Sen meniň ýüzüme urmaga nädip het edip bildiň? Näme üçin beýtdiň?“ diýip gygyrýar.

Mesihi asudalyk bilen: „Siz şu wagt özüňizi ýalançy etdiňiz. Siz biziň hemmämiziň materiýadan başga hiç zat däldigimizi aýtdyňyz. Men oturgyjy aldym-da, ony taşladym. Ol, dogdurdanam, diňe materiýa. Men sizi uran wagtymda, muňa siz oturgyç ýaly däl-de, düýbünden başgaça seretdiňiz. Materiýa gazaba münmeýär we gaharlanmaýar, siz bolsa gaharlandyňyz. Şeýlelikde, ýoldaş professor, siz ýalňyşýarsyňyz. Adam diňe bir materiýadan uludyr. Biz ruhy jandardyrys“ diýýär.

Gizlin ýygnagyň mesihilileri ateistleriň ussatlyk bilen taýýarlan delillerini dürli usullar bilen inkär edýärler.

Türmede bir ofiser menden: „Öz samsyk diniňi uzak wagtlap saklamakçy bolýarmyň?“ diýip sorady. Menem: „Ölüm ýassygynda ýatyrkalar, özleriniň hudaýsyz adam bolandyklaryna ökünen we halas etmegini sorap, Mesihe ýüzlenen ateistleriň köpüsini gördüm. Siz ömrüniň ahyrynda ökünip, halas etmegi üçin Marksa, Lenine ýüzlenen mesihini göz öňüne getirip bilýärsiňizmi?“ diýip soradym. „Paýhasly jogap“ diýip, ofiser uludan güldi. Men hem sözümi dowam etdirip:

„Inžener köpri guranda, onuň üstünden pişigiň ýöräp geçip biljekdigi baradaky fakt, entek köpriniň ygtybarlydygynyň subutnamasy bolmaýar. Onuň berkligini subut etmek üçin hiç bolmanda otlyny üstünden geçirip görmek gerekdir. Hemme zadyň gowy wagtynda siziň ateist bolmagyňyz ateizmiň hakykydygyny subut etmeýär. Siziň garaýyşlaryňyz çuň krizisiň synagyna döz gelip bilmeýär“ diýdim. Synaglar wagtynda Sowet häkimiýetiniň ýolbaşçysy bolsa-da, Leniniňem doga edendigini subut etmek üçin Leniniň işlerinem mysal getirdim.

Biz wakalaryň giňelerine garaşyp, asuda hem parahat ýaşadyk. Kommunistler bolsa, biri-biriniň yzyndan dine garşy kompaniýalary oýlap tapyşyp, birahat boldular. Olar beýle etmek bilen mukaddes Awgustiniň: „Birahatlaryň ýürekleri Sende rahatlanýança, özlerini iýer“ diýen sözleriniň mamladygyny subut etdiler.

## Hatda kommunistleri-de imana getirmek bolar

Azat dünýäde ýaşaýan mesihileriň kömegi bilen gizlin ýygnak kommunistleriňem ýüreklerini eýeläp, dünýäniň ýüzüni üýtgedip bilýär. Gizlin ýygnak ýeňýär, sebäbi kommunist bolmaklyk — bu tebigy zat däl. Hatda item özbaşyna süňküniň bolmagyny isleýär. Kommunistleriň ýürekleri özlerine berlen rola we ynanmaga mejbur edilýän zatlaryň bolgusyzlygyna gaharlanýar.

Olaryň käbirleri „materiýa — bu hemme zatdyr“, biziňem belli bir usul bilen gurnalan himiki maddalaryň birikmesidigimizi, ölenimizden soň ýene-de duza we minerala öwrülip gitjekdigimizi aýdýarlar. Olardan: „Näme üçin köp ýurtlardaky kommunistler özleriniň garaýyşlary üçin janlaryny berdiler? «Himiki elementleriň birikmesinde» garaýşy bolup bilermi? «Minerallar» «başgalaryň bähbidiniň hatyrasyna özlerini gurban edip» bilerlermi?“ diýip soramak ýeterlikdir. Olarda bu soraglara jogap ýok.

Şonda zalymlyk hakdaky sorag ör boýuna galýar. Adam mal ýaly ýaradylan däldir. Ol uzak wagtlap zalym bolup bilmeýär. Faşist serdarlarynyň weýran bolmagy, olaryň käbirleriniň öz-özlerine kast edip öldürmesi, käbirleriniňem toba gelip, öz jenaýatlaryny boýun almaklary munuň subutnamasy bolup durýandyr.

Kommunistik ýurtlardaky arakhorlugyň ýokary görkezijileri adamlaryň kommunizmiň berip biljek durmuşyndan has mana baý bolan durmuşa jan edýändiklerine şaýatlyk edýär. Adaty sowet adamsy gowy, açyk göwünli, sahy adamdyr. Kommunizm — çuň bolmadyk, ýüzleýdir. Adam çuň durmuşa meýil edýär, ýöne tapmandan soň, ony alkogoldan gözläp başlaýar. Alkogolizm arkaly ol içinde ýaşaýan zalymlygyna we ýalanyna gaharlanýandygyny görkezýär. Alkogol adamy birnäçe pursatlyk azat edýär, hakykat bolsa, özüni tanany hemişelik azat edýär.

Bir gezek Buharestde sowet okkupasiýasy döwründe (1947–1989) men ýeňip bolmajak kiçiräk meýhana girme islegini duýdum. Men bile gitmegini haýyş edip, aýalyma jaň etdim. Ol ýere girenimizde, sowet goşunynyň kapitanynyň eli sapançaly oturanlara haýbat atyp, içgi talap edip duranyny gördük. Meýhananyň eýesi ofisere içgi bermejek bolýardy, sebäbi ol şeýle-de juda serhoşdy. Oturanlar gorkunçdan ýaňa sandyraýardylar. Men meýhananyň eýesiniň ýanyna baryp, kapitana likýor bermegini haýyş etdim-de, onuň ýanynda bile oturyp, ony köşeşdirmäge synanyşjakdygyma söz berdim. Bize yzly yzyna içgili çüýşeleri getirdiler. Stoluň üstünde üç stakan bardy. Kapitan mylakatlylyk bilen stakanlaryň üçüsinem doldurdy-da, üçüsinem içdi. Aýalym ikimiz içmedik. Ol juda serhoş bolsa-da, beýnisi işläp durdy. Ol alkogola endik edinipdir. Men oňa Mesih hakda gürrüň berdim, olam bizi haýran galdyryp, meni ünsli diňledi.

Men gürrüňimi gutaranymdan soň, ol maňa: „Siz özüňiz hakda gürrüň bereniňizden soň, menem size özümiň kimdigimi aýtjak. Men Stalin döwründe gazaply yzarlanmalar başlanan wagtynda öz ynamyndan ilki bolup ýüz öwrenleriň içinde bolan prawoslaw ruhanysy. Men oba-oba aýlanyp, ateizm boýunça leksiýalary okadym we adamlary Hudaýyň ýokdugyna, ruhany bolan wagtymda aldawçy bolandygyma ynandyrdym. Men adamlara: «Beýleki gullukçylaryň hemmesi ýaly menem aldawçydym» diýdim. NKWD-niň işgärleri meniň edýän işime uly gadyr bilen garadylar, şonuň üçin men olaryň içalysy boldum. Şu ellerim bilen mesihileri gynamak we öldürmeklik maňa Hudaýyň beren jezasy boldy. Indi bolsa, eden zatlarymy unutmak üçin

men hemişe içip ýörýärin. Ýogsam, beýtmegim kömegem edenok“ diýip gürrüň berdi.

Köp kommunistler özleriniň meşhur şahyrlary Ýesenin, Maýakowskiý, meşhur ýazyjysy Fadeýew ýaly, öz janlaryna kast etmek bilen ömürlerini kesdiler. Ol „Bagt“ atly romanynyň üstünde işlemegi ýaňyja tamamlapdy. Bu romanda ol bagtyň kommunizmiň ideýalaryna ýadaman gulluk etmekdedigini ýazýar. Ol şeýle bir „bagtly“ boldy-da, romany ýazyp gutarandan soň, özüni atdy. Munuň ýaly uly ýalanyň ýüki onuň ýüregi üçin çekerden agyr geldi. Ioffe, Tomkin ýaly, patyşalyk döwründäki meşhur kommunistik liderler we kommunizm üçin göreşijiler hem, kommunizmiň hakykat ýüzündäki bolşy bilen ylalaşyp bilmediler. Olaram öz janlaryna özleri kast ediler.

Kommunistler, hatda olaryň iň meşhur diktatorlary-da, bagtsyz adamlardyrlar. Stalin nähili betbagt adam bolupdy! Özüniň öňki ýoldaşlarynyň hemmesini ýok edenden soň, ol hemişe zäherlenerinden ýa-da atylaryndan gorkup ýörýärdi. Onuň edil bankdaky seýfiň ýapylyşy ýaly ýapylýan sekiz sany ýatylýan otagy bardy. Onuň bu gije haýsy otagda ýatjakdygyny hiç kimem hiç haçan bilmeýärdi. Eger aşpez öz ýanynda nahardan dadyp görkezmese, Stalin hiç haçanam nahar iýmeýärdi. Kommunizm hiç kimi, hatda öz diktatorlarynam bagtly etmeýär. Olaryň hemmesem Mesihe mätäç.

Mesihileri yzarlaýjylary Hudaýa getirmek bilen biz diňe bir olaryň pidalaryny däl, eýsem, özlerinem azat ederdik.

Gizlin ýygnak gul edilen halklaryň çuň mätäçligini açyp görkezýär. Oňa kömek ediň!

## Gizlin ýygnagyň tapawutlandyryjy aýratynlygy — onuň çyn imanydyr

„Georgiý“ lakam astynda ýazylan bir kitapda gullukçy Hudaýyň gizlin ýygnagyndaky şunuň ýaly wakany gürrüň berýär:

„Sowet goşunynyň kapitany wenger ýygnak gullukçysynyň ýanyna baryp, ondan özüni ýekelikde kabul etmegini talap edýär. Ýaş kapitan juda gödek bolup, özüniň ýeňiji derejesine gaty gowy düşünýärdi. Ony kiçiräjik konferensiýa zalyna alyp gelenlerinde,

gapy ýapylandan soň, diwarda asylgy duran haça başyny atýar-da, gullukça şeýle diýýär:

— Siz bu zatlaryň hemmesiniň ýalandygyny bilýärsiňizmi? Bu ýöne bir aldaw, siz bu aldawy garyplary aldamak üçin, baýlara olary nadanlykda saklamak aňsat bolmagy üçin şeýle edýärsiňiz. Hany, otagda näme üçin ýekedigiňizi boýun alyň. Isa Mesihiň aslyýetinde Hudaýyň Ogly bolandygyna ynanmandygyňyzy boýun alyň.

Gullukçy ýylgyrýar:

— Elbetde, görgüli ýigitçe, men ynanýaryn. Bu zatlaryň hemmesem hakykat.

— Men sizi özümi aldamaga ýol bermerin. Men çynymy aýdýaryn. Meniň üstümden güljek bolmaň — diýip, kapitan gygyrdy.

Ol sapançasyny çykaryp, ony ruhanynyň çekgesine ýetirdi.

— Eger munuň hakykat däldigini boýun almasaňyz, onda ataryn!

— Men muny boýun alyp biljek däl. Eger şeýle etsem, çyn ýürekden hereket etmedigim bolar. Biziň Rebbimiz, dogrudanam, hakyky Hudaýyň Ogludyr — diýip, ruhany jogap berdi.

Kapitan sapançasyny poluň üstüne zyňyp goýberdi-de, gözlerini ýaşdan dolduryp, Hudaýyň adamyny gujaklady.

— Bu hakykat! Bu hakykat! Menem şeýle pikir etdim, ýöne özüm ýetirýänçäm, adamyň öz imany üçin ölüp hem bilýändigine ynanmadym. Sag boluň! Siz meniň imanymy berkitdiňiz. Indi menem Mesih üçin ölüp biljek. Siz muny nähili etmelidigini maňa görkezdiňiz — diýip, ol aglap durşuna gaty ses bilen aýtdy.

Men şuňa meňzeş bolan başga-da köp wakalary bilýärin. Sowet goşuny Rumyniýany gabanda, iki sany ýaragly esger ýygnak binasynyň içine girdi-de: „Şu wagtyň özünde öz ynamyndan ýüz öwürmedikler atylýar. Ynamyndan ýüz öwürýänler sag tarapa bir ädim ädiň“ diýdi. Birnäçe adam sag tarapa bir ädim etdi. Esgerler olara öýlerine gitmegi buýruk berdiler. Adamlar janlaryny halas etjek bolup ylgaşyp gitdiler. Beýleki mesihiler bilen ýekelikde galan rus esgerleri: „Bizem mesihi, ýöne biz bu hakykaty durmuşa mynasyp hasaplaýanlar bilen gatnaşyk saklamak isleýäris“ diýdiler.

Ine, şunuň ýaly adamlar Hoş Habar üçin göreşdiler we Günorta-Gündogar Aziýanyň ýurtlary ýaly kommunistik ýurtlarynda şu wagta

çenli-de göreşip gelýärler. Olar diňe Hoş Habar üçin däl, eýsem, azatlyk üçinem göreşýärler.

Günbatarly mesihileriň öýlerinde sagatlap dünýewi sazlar ýaňlanyp durýar. Biziň öýlerimizde-de gaty sesli sazlar ýaňlanyp durdy, ýöne ol Hoş Habar, gizlin ýygnagyň işleri baradaky gürrüňleri goňşular eşidip, bizi gizlin polisiýa aýtmazlygy üçin ýaňlandy.

Günbataryň Hudaýa wepaly mesihileri bilen duşuşmak seýregem bolsa, özlerine miýesser edende, gizlin mesihiler nähili begenýärdiler.

Bu setirleri ýazýan adam hiç zadyň alnyndan bolmadyk adamdyr. Ýöne men sesleri öçürilýän, agyzlary ýapylýan, özi barada Günbatarda hiç zat bilinmedik adamlaryň sesidirin. Men olaryň atlaryndan iman meselesinde we mesihiligiň meselelerini çözmek dogrusynda köpräk çynlakaý bolunmagyny haýyş edýärin. Men olaryň atlaryndan doga etmegiňizi we kommunistik ýurtlardaky we beýleki gul edilen ýurtlardaky görgi görýän wepaly gizlin ýygnaga kömek berilmegini haýyş edýärin.

Biz kommunistleri ýeňeris. Birinjiden, Hudaý biziň tarapymyzda. Ikinjiden, biz wagyz edýäris-de, ynsan ýüreginiň iň çuň mätäçliklerine jogap berýäris.

Faşistleriň ýesirliginde bolmaly bolan kommunistler agyr pursatlarda özleriniň doga edendiklerini boýun aldylar. Men hatda: „Isa, Isa!“ diýip, jan beren kommunist ofiserleri-de gördüm.

Biz ýeňeris, sebäbi halkymyzyň medeni mirasy biziň tarapymyzda. Kommunistler häzirki zaman mesihilerine hemme işi gadagan edip biler. Ýöne ruslarda Tolstoý bilen Dostoýewskiniň kitaplary, gündogar nemeslerinde Gýoteniň, polýaklarda Senkewiçiň işleri we ş.m. galýar. Olar şol kitaplardan Mesihiň nuruny tapyp bilerler. Has meşhur rumyn ýazyjysy Sadowýanu bolupdy. Kommunistler onuň „Mukaddesleriň durmuşy“ atly kitabyny „Mukaddesler hakynda rowaýat“ ady bilen çap etdiler. Hatda şol at astynda-da mukaddesleriň durmuşyndan alnan mysallar adamlary ruhlandyrdy.

Rafaeliň, Mikelanjelonyň, Leonardo da Winçiniň sungat işlerini hiç kimem taryhdan öçürip aýryp bilmez. Olaryň eserleri-de, Mesih hakda gürrüň berýär.

Men kommunist bilen gepleşenimde, onuň çuň ruhy mätäçlikleri meniň şärikdeşim, kömekçim bolýar. Şonda onuň üçin iň kyn zat meniň

delillerime jogap bermeklik bolup durmaýar-da, meniň tarapymda bolan öz wyždanynyň sesini ýatyrmak bolup durýar.

Marksizmiň ateizm boýunça leksiýa okamazynyň öň ýanynda kömek etmegini sorap, Hudaýa ýüzlenen mugallymlarynyň käbirlerini men ýakyndan tanaýaryn. Men biziň gizlin ýygnagymyza gatnan kommunistleri tanaýaryn. Olar özleriniň üstleri açylanda, gizlin duşuşyklara gatnaşandyklaryna garşy çykdylar. Mundan soň olar özlerini şol çärelere gatnaşmaga ruhlandyran imanyny goramaga batyrlygyň ýetmezçilik edenine gynanyp agladylar. Olar adam ahyryn.

Adam imana, hatda iň sadaja imana gelende, ol ösüp hem giňelip başlaýar. Biz şol imanyň ahyrsoňunda ýeňjekdigine ynanýarys, sebäbi gizlin ýygnak şonuň ýaly ýeňişleriň köp gezekler şaýady boldy.

Mesih kommunistleri we beýleki „iman garşydaşlaryny“ söýýär. Olary Mesih üçin gazanmak mümkin we gerekdir. Isanyň tutuş adamzadyň janyny halas etmekde jemlenen ýürek islegini kanagatlandyrmak isleýän adam gizlin Ýygnagyň gullugyny goldamalydyr. Isa: „Ähli halklara öwrediň“ diýdi. Ol Hoş habary ýaýratma işi üçin bize döwletiň rugsatnamasynyň zerurdygyny hiç haçanam aýtmady. Biziň ezilýän halklaryň arasyndaky işimizde Hudaýa we Beýik Tabşyryga bolan wepalylyk bizi ähli serhetlerden ätläp geçmeklige mejbur edýär.

Biz ol adamlary gizlin ýygnak bilen bile gulluk edip gazanyp bileris!

## GIZLIN ÝYGNAGYŇ DÜZÜMI

Gizlin ýygnagy üç topar düzýändir. Birinji topara Hoş Habar bilen ylalaşyga gitmändikleri sebäpli, özleriniň ýygnaklaryndan we Hudaýyň sürüsinden daşlaşdyrylan öňki köp müňlerçe ruhy çopanlar we gullukçylar degişlidir. Şol ruhy çopanlar bilen gullukçylaryň köpüsi köp ýyllyk türmelere salyndylar we imany sebäpli gynanyldy. Olar azatlyga çykan batlaryna, gizlin ýygnakdaky özleriniň gullugyna gizlinlikde täzeden, ýöne has bähbitli girişdiler. Kommunistler we beýleki totalitar häkimiýet ýygnaklary ýapan ýa-da olary has „ynamdar“ gullukçylar bilen çalşan bolsa-da, bu ruhy çopanlar özleriniň

gullugyny öňkülerinden-de has täsirli dowam etdirip, mal ýataklarynda, üçeklerde, ýerzeminlerde we atyzlarda gizlin ýygnagyň gizlin işlerini alyp bardylar. Olar gaýtadan tussag edilme we gynanylma howpuna duçar bolsalar-da, öz gullugyny bes etmejek „diri görgi görenlerdir“.

Gizlin ýygnagyň ikinji topary — bu dünýewi adamlaryň Hudaýa bagyş edilen ummasyz uly goşunydyr. Dünýädäki bäş adamyň biri müňlerçe mesihileriň „rugsatnamasyz“ Hoş Habary ýaýradýan ýeri bolan Hytaýda ýaşaýar. Yzarlanmalar hemişe-de iň gowy mesihileri — şaýatlyk edýän, Mesih üçin janlary gazanýan mesihileri ýetişdirdi. Kommunistik yzarlamalar çynlakaý, bagyş edilen mesihileri emele getirdi. Olar ýaly mesihilere azat ýurtlarda-da seýrek duş gelýärsiň. Mesihi bolubam, ýoluňda duş gelýän her bir adamy Mesihe getirmegi nädip islemän bolýandygyna olar düşünip bilmeýärler.

„Krasnaýa zwezda“ (Gyzyl ýyldyz) (sowet goşunynyň gazeti) mesihileriň üstüne köp hüjüm edýärdi: „Mesihe ynanýanlar özleriniň açgöz penjesini her kimiň üstüne uzatmaga taýýardyrlar“. Ýöne durmuşy nurdan doly bolan mesihiler goňşularynyň we obadaşlarynyň söýgüsini hem hormatyny gazanýarlar. Islendik obada ýa-da şäherde mesihiler has gowy görülýän ýaşaýjylardyrlar, olary tanaýarlar we sylaýarlar. Bir maşgalanyň ejesi syrkawlap, çagalaryna seredip bilmedik ýagdaýynda, onuň mesihi goňşusy şol çagalaryň ejesiniň wezipesini öz üstüne alýar. Eger bir maşgalanyň kakasy syrkawlap, odun çapyp bilmese, onuň bu işini mesihi goňşusy edip berýär. Olar mesihilerçe ýaşaýarlar, şonuň üçin hem, olar goňşularyna Mesih hakda şaýatlyk edenlerinde, goňşulary olary diňleýärdiler we ynanýardylar, sebäbi olaryň durmuşynda Mesihi görýärdiler. Resmi ýygnaklarda lisenziýa berlen gullukçylardan başgalaryň wagyz etmäge haky bolmandygy sebäpli, kommunistik dünýäniň ähli künjeklerindäki Hudaýa wepaly bolan millionlarça yhlasly mesihiler bazarlarda, jemgyýetçilik suw kolonkalarynyň ýanlarynda, obalarda wagyz etmek bilen adamlary imana getirdiler. Kommunistik gazetler et satýan mesihileriň öz satan etini dolaýan kagyzynyň içine Injil goýuşlary hakda ýazýardylar. Kommunistik pressa kommunistik çaphanalarda ýolbaşçy işde işleýän mesihileriň giç agşamlaryna sehlere bildirmän girip, ertire çenli mesihi edebiýatlarynyň birnäçe müňlerçe ekzemplýaryny çap etmegi we gün

çykmanka çaphanany ýapyp ýetişmegi başarýandyklaryny ýazýardy. Biz şol bir kommunistik pressadan Moskwada mesihi çagalaryň „näbelli çeşmelerden“ Injil alýandyklaryny, olardan el bilen parçalary ýazyp alyp, mekdebiň eşik çykarylyp goýulýan ýerinde olary mugallymlaryň paltolarynyň jübülerine salandyklaryny bilýäris. Dünýewi adamlaryň köp sanlysy häzirem ähli kommunistik ýurtlarda hereket edýän, adamlary Mesihe getirmäge ukyply bolan juda kuwwatly hem täsirli missionerçilik güýç bolup durýar.

Kommunistleriň millionlarça wepaly, çyn ýürekden iman eden we gyzgyn ýürekli mesihilerini ýok etme umydy bilen ýakan yzarlama ody diňe mesihileri eretdi we arassalady.

Kommunistik Kubada häkimiýetiň yzarlamalaryna garşy gidip, täze öý ýygnaklarynyň müňlerçesi döredi. Kubanyň ekumeniki soweti esasan hem, promarksistik ýygnak ýolbaşçylaryndan durýar.

Gizlin ýygnagyň üçünji wajyp bölegi — bu resmi, ýuwaşadylan we öçürilen „ýygnaklaryň“ wepaly ruhy çopanlarynyň uly mukdarydyr. Gizlin ýygnak resmi ýygnakdan doly aýra bolan bir zat däldir. Kommunizmiň Polşada, Wengriýada we öňki Ýugoslawiýada hökümdarlyk eden döwürlerinde resmi ýygnaklaryň ruhy çopanlarynyň köpüsi gizlin ýygnaklarda işlediler. Birnäçe ýurtlarda resmi ýygnak bilen gizlin ýygnagyň aýrylmaz örüminiň bardygy görünýär. Ol ruhy çopanlara özleriniň kiçijik, bir otagly ýygnagynyň çäklerinden başga ýerde Mesih hakda gürrüň bermek gadagan edilýär. Olara çagalar we ýaşlar duşuşyklaryny geçirmäge rugsat berilmeýär. Mesihi dälleriň olaryň ýygnagyna barmaga haky ýok. Liderler ýygnagyň näsag agzalarynyň öýlerinde, olar üçin doga edip bilmeýärler. Olar özlerini güýçsüz „ýygnak“ edýän kommunistik direktiwalar bilen hemme tarapdan çäklendirilendiler.

Bu ruhy çopanlar juda ýygy-ýygydan „din azatlygyny“ ýigrenýän gözegçilige duçar bolýardylar. Olar döwletiň beren çäklerinden has daşlara çykýan gizlin ýygnaklary bilelikde alyp barmak bilen özleriniň azatlygyna töwekgelçilik edýärdiler. Bu ruhy çopanlar çagalara we ýaşlara gizlinlikde wagyz edýärler. Ýakyn Gündogarda, Demirgazyk Afrikada we Aziýada olar Hoş Habary ýaýratma işlerini mesihileriň öýlerinde we ýerzeminlerde geçirýärler. Olar mesihi edebiýaty alýarlar-

da, teşne ýürekleriň arasynda ýaýradýarlar. Olar resmi çäklendirmelere garaman we töweregindäkilere gulluk etmek bilen özleriniň azatlygyna töwekgelçilik edýärler. Göräýmäge asuda hem diýen ediji ýaly bolup görünýän mesihiler Hudaýyň Sözüni gizlinlikde ýaýratmanyň hatyrasyna janlaryna töwekgelçilik etmäge-de taýýardyrlar. Olaryň köpüsi bilindi-de, öňki Sowet Soýuzynyň territoriýasynda tussag edildi. Olar birnäçe ýyl türme tussaglygyna iberildiler.

Ýöne häzir ondan-da köp aýallary we erkekleri tussag edýärler. Olar azatlyk bolmadyk ýurtlarda gizlin ýygnagyň hereket edýän juda wajyp güýji bolup durýarlar.

Bir wagtlar öz ýygnaklaryndan kowlan öňki gullukçylar, döwlet ýolbaşçylary tarapyndan yzarlanylýan ýygnak agzalary, gizlinlikde özlerine rugsat berleninden has köp we has täsirli işleri alyp barýan resmi ruhy çopanlar gizlin ýa-da häzirki „resmi däl“, „hasaba alynmadyk“ ýygnak diýlip atlandyrylýan ýygnaklarda zähmet çekdiler. Kommunizm we beýleki „izmler“ agdarylýança, gizlin ýygnak ýaşar. Birnäçe ýurtlarda olaryň käbirleri beýlekisine garanda has işjeň bolýar, ýöne olaryň hemmesem özlerini ullakan töwekgelçilige sezewar edip, bilelikde Mesihe gulluk edýärler.

Kommunistik ýurtlara syýahat edýän, din meselesi bilen gyzyklanýan bir erkek kişi baran ýerleriniň hiç birinde-de gizlin ýygnagyň wekiline duş gelmändigini ýazýar.

Bu Merkezi Afrikanyň sowatsyz taýpalaryň arasynda syýahat edenden soň, gaýdyp gelip: „Men dykgat bilen gözledim. Men her bir adamdan proza bilen gürleýän gürlemeýänini soradym. Ýöne olaryň hemmesem «ýok» diýip jogap berdi“ diýen ýaly bir zat bolýar. Ýöne hakykat olaryň hemmesiniňem özleri prozanyň nämedigini bilmeselerde, prozada gürleýändigindedir.

Ilkinji mesihiler özleriniň mesihidiklerini bilmediler. Eger siz olaryň dini hakda sorasaňyz, olar özleriniň ýewreýdiklerini, ysraýyllydyklaryny, Mesih hökmünde Isa ynanýan adamlardyklaryny, doganlar, mukaddesler we Hudaýyň çagalarydyklaryny aýdýardylar. „Mesihi“ adyny olara ep-esli wagtdan soň, ilkinji gezek Antakiýada berdiler.

Lýuteriň yzyna eýerijileriň biri-de, özüniň lýuteriandygyny bilmeýärdi. Lýuteriň özi bu adyň garşysyna güýçli garşylyk görkezdi.

„Gizlin ýygnak“ adyny kommunistler, şeýle hem, Gündogardaky dini ýagdaýy öwrenýän günbatarly öwreinjiler kommunistik ýurtlaryň hemmesinde-de öz akymy bilen emele gelýän gizlin guramany atlandyranlarynda ulanýardylar. Gizlin ýygnagyň agzalary özleriniň guramasyny „gizlin ýygnak“ diýip atlandyrmaýar. Olar özlerini „mesihiler, imanlylar, Hudaýyň çagalary“ diýip atlandyrýarlar. Ýöne olar öz gullugyny gizlin alyp barýarlar, gizlin duşuşýarlar, gizlin ýygnagy görmändiklerini aýdýan şol daşary ýurtlularynyň hem köp gatnaşýan gizlin duşuşyklarda Hoş Habary wagyz edýärler.

Ýyllar boýy Günbatara syýahat etseňem, ol ýerde halkara içalylyk zynjyryny görmän bolsa, ýöne bu şol zynjyryň ýokdugyny aňlatmaýar ahyryn. Ol zynjyr her bir bilesigeliji turiste özüni bildirer ýaly, akmak däl ahyryn.

Indiki bölümde men on ýyllyklar mundan ozal bu batyr guramanyň — gizlin ýygnagyň — bardygyny we ösýändigini subut edýän sowet pressasynyň ýazan makalalaryndan parçalar getirjek.

# 6-NJY BAP

# Mesihilik nädip kommunizmi ýeňýär

Isa Mesihiň Hoş Habaryny Sowet ofiserleriniň we esgerleriniň arasynda, şeýle hem, rumyn kommunistleriniň arasynda gizlin ýaýradyşym hakda eýýäm gürrüň berdim. Men kommunistlere we olaryň ezýän halkyna Mesihi wagyz etmäge kömek bermegiňizi sorap ýüzlendim. Meniň haýyşym diňe „teoretiki“ hem „mümkin däl“ bolup durýarmy? Ýa-da ol real zat dälmi?

Häzir kommunistik Aziýada we beýleki gul edilen ýurtlarda gizlin ýygnaklar barmy? Ol ýerlerde gizlin iş alyp barmak mümkinmi?

Bu soraglara jogap hökmünde men size örän gowy täzeligi gürrüň berjek.

Kommunistler özleriniň ýeňşini ýarym asyrlap baýramçylyk edip bellediler. Ýöne ol ýeňiş aslyýetinde olaryň ýeňlişi bolupdy. Kommunizm däl-de, mesihilik ýeňipdi ahyryn. Biziň guramamyzyň ünsli öwrenen sowet pressasy gizlin ýygnaga garşy otrisatel wagyzlardan püre-pürdi. Sowet Soýuzyndaky gizlin ýygnak şeýle bir güýçlüdi welin, hatda ol kommunistleri gorkmaga mejbur edip, köpçüligiň arasynda-da işledi. Indi bolsa, öňki sowet pressasy muny öz makalalary bilen tassyklaýarlar.

Bütin dünýädäki gizlin ýygnak deňiz suwunyň içindäki äpet buz dagyna meňzeýändir. Onuň esasy bölegi suwuň aşagynda bolýar-da, diňe azajyk bölegi uzakdan görünýär.

Indiki sahypalarda men ýigriminji asyrdaky mesihileriň ýeňişli gulluklary hakdaky gysgajyk taryhy gürrüň bererin.

## Äpet buz dagynyň ýokarsy

1966-njy ýylyň 7-nji noýabrynda Suhumi şäherinde, Kawkazda, gizlin ýygnak açyk asmanyň astynda ullakan Hoş Habary ýaýratma işini geçirdi. Oňa gatnaşmak üçin beýleki şäherlerdenem köp mesihiler geldiler. Hoş Habary ýaýratma wagtynda kyrk ýedi sany ýaş ýigit Mesihi kabul etdi-de, edil Täze Äht döwründäki ýaly, şol ýerde, gara deňizde çokundyrylma aldy.

Onlarça ýyllap kommunistik diktaturasynda ýaşap, Mukaddes Kitaby we başga bir mesihi edebiýaty bolmandygy üçin gizlin ýygnagyň gullukçylarynda hatda bilimi-de ýokdy. Umuman-a, şol bilim Filipusda-da ýokdy. Onuň bir sagadyň dagy dowamynda gürrüň eden agtasy oňa: „*«Ynha suw, meniň çokundyrylmagyma näme päsgel berýär?» diýdi. Filipus oňa: «Bütin ýüregiň bilen iman edýän bolsaň, muňa rugsatdyr» diýdi. Ol: «Isa Mesihiň Hudaýyň Ogludygyna iman edýärin» diýdi. Onsoň arabany saklatdy. Filipus bilen wezir bilelikde suwa girdiler; Filipus ony çokundyrdy*“ (Resullaryň işleri 8:36-38).

Gizlin ýygnak Täze Äht döwrüniň işini täzeden dikeldip biler ýaly, Gara deňizde ýeterlik suw bardyr. Häzir Russiýada kommunistik partiýa häkimiýet başynda däl bolsa-da, öňki sowet respublikalaryndaky mesihiler enteklerem gazaply yzarlanmalara sezewar edilýär.

1966-njy ýylyň 23-nji awgustyndaky „Mugallymlar gazeti“ Don boýundaky Rostowyň köçelerinde bolan demonstrasiýa hakda gürrüň berdi. Baptistler öz ýygnagyny hasaba aldyrmakdan we kommunistleriň bellän „ýolbaşçysyndan“ boýun towlaýarlar.

Şunuň ýaly zat birinji maýda-da boldy. Fariseý kanunlaryna garşy çykmak üçin Isanyň sabat günlerinde gudrat görkezişi ýaly, gizlin ýygnagam kommunistik kanunlaryna garşy çykmak üçin käwagt kommunistik baýramçylyklarynyň bolan günlerini saýlady. Birinji maý kommunistleriň hemişe ummasyz demonstrasiýalary guran baýramçylygydy. Oňa hemmelerem gatnaşmalydy. Ine, şol günde Russiýanyň ýene bir äpet güýji bolan gizlin ýygnagam köçelerde peýda bolýar.

Bir ýarym müňden-de gowrak mesihi ýygnandy. Olaryň hemmesini ol ýere barmaga Hudaýa bolan söýgüsi mejbur edipdi. Olar özleriniň azatlygyna töwekgelçilik edýändiklerini, türmede özlerine açlyk bilen gynamalaryň garaşýandygyny bilýärdiler. Barnauldaky hoşhabar mesihileriniň çap eden „Gizlin manifestini“ Russiýadaky her bir imanly adam bilýärdi. Ol manifestde Kulunda şäherçesindäki uýamyz Hmaranyň öz adamsynyň türmede ölendigi hakdaky habary alşy suratlandyrylýardy. Ol kiçijik dört çaga bilen dul galdy. Hmara uýamyz adamsynyň jesedini alanda, onuň bileklerindäki gandal yzlaryny görýär. Onuň elleri bilen aýaklary wagşylyk bilen ýakylypdyr, garnyň aşak böleginde pyçak yzlary galypdyr. Sag aýagy çişipdir. Aýaklarynyň ikisem döwlüpdir. Onuň tutuş bedeni zalymlyk bilen urulmalardan ýaňa ýaralanypdyr.

Don boýundaky Rostowdaky demonstrasiýa gatnaşyjylaryň her biri-de özüne şunuň ýaly ykbalyň garaşýan bolmagynyň ahmaldygyny bilýärdi. Ýöne şonda-da olar geldiler.

Iman edenine ýaňy üç aý geçenden soň, Hudaý üçin janyny beren bu mesihini mesihileriň uly toplumynyň jaýlandygyny-da bilýärdiler. Şol mesihileriň ellerinde aşaky ýazgylar bolan plakatlar bardy:

> *„Çünki meniň üçin ýaşaýyş Mesih, ölüm hem gazançdyr“ (Filipililer 1:21).*

> *„Bedeni öldürip, jany öldürip bilmeýänlerden gorkman, eýsem, dowzahda hem teni, hem jany ýok etmäge gudraty bar bolan Hudaýdan gorkuň“ (Matta 10:28).*

> *„...gurbanlyk edilýän ýeriň aşagynda Hudaýyň sözi, oňa eden güwälikleri üçin öldürilenleriň janlaryny gördüm“ (Ylham 6:9).*

Bu görgi görüp ölen mesihiniň göreldesi Don boýundaky Rostowly mesihileri ruhlandyrdy. Olar kiçijik jaýyň daşyna ýygnandylar. Ýakyndaky jaýlaryň üstlerinde, Zakkaý ýaly agaja çykan adamlar hemme ýerde bardylar. Şol gün segsen adam imana geldi. Imana

gelenleriň aglaba bölegi ýaşlardylar. Olaryň ýigrimi üçüsi öňki komsomollardylar.

Mesihiler täze imana gelenleri derrew çokundyrmak üçin Don derýasyna gidenlerinde, tutuş şäheriň içinden geçdiler.

Tizara milisiýanyň awtomobilleri peýda boldy. Milisionerler diňe demonstrasiýanyň guramaçylaryny tussag etjek bolup, kenardaky mesihileriň daşyny gabadylar. (Sebäbi olar bir ýarym müň adamyň hemmesini birden tussag edip bilmeýärdiler). Mesihiler derrew dyza çöküp, Hudaýdan Öz halkyny goramagyny we bu gullugy ahyryna çenli geçirip gutarmaga mümkinçilik bermegini sorap, çyn ýürekden doga etdiler. Mundan soň doganlaryň hemmesi egin-egne berip, gullugy alyp barýan doganlaryň daşyny alyp durdular-da, milisiýanyň olary tussag etmegine ýol bermediler. Ýagdaý diýseň dartgynly boldy.

„Mugallymlar gazeti“ Rostowdaky „bikanun“ baptist guramasynyň gizlin çaphanasynyň bardygyny habar berdi. (Russiýada „baptist“ düşünjesi hoşhabarçylary we pentikostçylary öz içine alýardy). Olar özleriniň gizlin neşirlerinde ýaşlary öz ynamynyň goragyna galmaga, mesihi ene-atalary bolsa, meniň pikirimçe örän paýhasly bolan zady etmeklige, ýagny „Çagalara ýok bolup gidýän zatlaryň aladasyny etmezligi öwretmek üçin ölini jaýlama çärelerine alyp barmaklyk“ maslahat berilýär. Ene-atalara şeýle hem, kommunistik mekdeplerde yzyny üzmän ateizm bilen zäherlenmä garşy bolan serişde hökmünde çagalara mesihilik bilimini bermeklik maslahat berilýärdi.

Mugallymlar gazetindäki makala: „Näme üçin mugallymlar çagalardan (diniň kömegi bilen) samsyklary emele getirýän maşgalalaryň durmuşyna beýle çekinjeňlik bilen gatyşýarkalar?“ diýen sorag bilen gutarýar.

Mugallymlaryň şu gazeti adamlary gizlinlikde çokundyran gizlin ruhy çopanlaryň işini diňlemäniň gidişinde bolan zady gürrüň berip: „Şaýat hökmünde çagyrylan ýaş mesihiler örän gödekdiler. Olar sowet suduna ýigrenç bilen seretdiler. Olar özlerini tekepbir hem fanatiki alyp bardylar. Suduň zalynda oturan aýallar sud edilýänlere guwanç bilen ateistik jemgyýete bolsa makullamazlyk bilen seretdiler“ diýýär.

Gizlin ýygnagyň agzalary ýenjilmeklige we tussag edilmeklige töwekgelçilik edip, Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasynyň Komitetiniň binasynyň garşysynda azatlyk üçin çykyş etdiler.

Bizde gizlin kanallaryň üsti bilen Günbatara iberilen dokument bar. Ony bize Sowet Soýuzynyň baptist Hoş Habar ýygnaklarynyň Soweti (mesihileri köpçülikleýin gyran kommunistik häkimiýetiň adamkärçiligine ýokary baha beren we mesihilere berlen „azatlygy“ arşa galdyran dönük Karaýewiň ýolbaşçylyk edýän „Baptistler soýuzyny“ gözegçilikde saklaýan kommunistleriň garşysyna gidip) berdi.

Bu gizlin dokumentde ýene-de bir gahrymançylykly demonstrasiýanyň indi Moskwada bolandygy gürrüň berilýär.

Okaýaryn:

„Gyssagly habar.

Söýgüli doganlar, size özümiziň Atamyzdan, Rebbimiz Isa Mesihiň Atasyndan ak pata bolsun. Hoş Habar baptist mesihileri ýygnagynyň delegatlarynyň bäş ýüz sanysy 1966-njy ýylyň 16-njy maýynda merkezi häkimiýet organlarynyň hereketlerine garşy aksiýa gatnaşmak üçin SSSR-iň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň binasynyň ýanyna özlerini kabul etmeklerini we diňlemeklerini haýyş etmek üçin ugrandygyny habar berýäris.

Biz petisiýany General sekretar Brežnewiň adyna ugratdyk“.

Mundan soň manifestde şol bäş ýüz adamyň günuzyn bu edaranyň öňünde durandygy aýdylýar. Bu Moskwada kommunizme garşy edilen birinji köpçülikleýin demonstrasiýa bolupdy. Ony gizlin ýygnagyň wekilleriniň delegasiýasy gurady. Günüň ahyrynda olar haýsydyr bir „ýoldaş“ Stroganowyň öz haýyşlaryny Brežnewe bermekden boýun towlandygyndan we özlerine haýbat atandygyndan arz edip ýazan ikinji petisiýasyny Brežnewiň adyna iberýärler.

Ýagşyň ýagýandygyna garamazdan, şol bäş ýüz adam köçede ýatmak üçin galdy. Özlerini söz bilen kemsitseler-de, ýanlaryndan geçen maşynlaryň hapalary arkalaryna syçrasa-da, olar Kommunistik partiýanyň bunasynyň öňünde oturdylar.

Ertesi güni olara ähmiýetsizje kommunistik ýolbaşçylar bilen duşuşmak üçin binanyň içine girmegi teklip etdiler. Ýöne „ýolbaşçylar bilen duşuşmak islän mesihileri köplenç binanyň içine girenlerinden

soň, şaýatlaryň ýok ýerinde ýençýändiklerini bilýändikleri üçin delegatlar girmekden boýun towladylar-da, Brežnewiň kabul ederine garaşdylar“.

Şonda gaýtalanmajak bir zat boldy.

13:45-de milisiýanyň 28 sany awtobusy geldi-de, mesihileri zalymlyk bilen urup başladylar. „Biz bir-birimiziň elimizden tutup, töwerek bolup durduk-da: «Özümiziň haçy göterip biljek günümiz ömrümiziň iň gowy günüdir» diýen aýdymy aýtdyk. Milisiýa işgärleri bizi garry-ýaş diýmän bir ýandan urdular. Olar adamlary töwerekden çekip çykardylar-da, ýüzlerine hem kellelerine urdular, soňam asfaltyň üstüne zyňdylar. Olar erkek doganlaryň käbirlerini awtobusa çenli saçlaryndan çekip alyp gitdiler. Kimdir biri olaryň ellerinden sypmaga synanyşaýsa, şonuň yzyndan ýetip, huşuny ýitirýänçä urdular. Awtobuslary mesihilerden dolduranlaryndan soň, olary näbelli ugra alyp gitdiler. Doganlarymyzyň aýdymlary milisiýanyň awtobuslaryndan eşidildi durdy. Bu zatlaryň hemmesi adamlaryň gözleriniň öňünde boldy“.

Soňy has-da gyzykly. Bäş ýüz mesihi tussag edileninden we elbetde, gynanylandan soň, doganymyz Georgiý Wins we başga bir meşhur doganymyz Mihail Horýew (Mesihiň sürüsiniň hakyky çopanlary) dagylar Kommunistik partiýanyň şol Merkezi Komitetine barma het edip bildiler. Bu Ýahýa Çokundyryjy zyndana salnandan soň, Isanyň şol ýerlerde we „*Toba ediň, çünki Gögüň Patyşalygy golaýlaşdy*“ (Matta 4:17) diýýen sözler, ýagny Ýahýa Çokundyryjynyň aýdandan soň ejir çeken sözleri bilen köpçüligiň içinde wagyz edip başlaýşyna meňzeş bir zat bolupdy.

Wins bilen Horýew tussag edilen delegasiýanyň nirededigi bilen gyzyklanýarlar we olaryň azat edilmegini talap edýärler. Şondan soň bu iki merdana doganymyz gaýyp bolup gitdiler. Birazrak wagt geçenden soň, olary Lefort türmesine salandyklary hakdaky habar alyndy.

Gizlin ýygnagyň mesihileri gorky duýdularmy? Ýok! Meniň gürrüňini beren manifestimi bize goýbermek bilen olaryň imandaky doganlary-da janlaryna töwekgelçilik etdiler. Manifest: „*Çünki Mesihiň hatyrasyna Oňa diňe iman getirmek däl, eýsem, Onuň ugrunda görgi görmek hem size berlendir*“ (Filipililer 1:29) diýen sözler bilen

gutarýar. Olar „...muşakgatlar zerarly hiç kimi gowşamazlyga, sebäbi özleriniň munuň üçin oturdylandyklaryny bilmeklige“ (1 Selanikliler 3:3) çagyrdylar. Olar şeýle hem, „Gözümizi imanymyzyň Öňbaşçysy, Kämilleşdirijisi Isa dikeliň. Ol öňüne goýlan begenç ugrunda utanjy äsgermän, haçdaky ölüme döz gelip, Hudaýyň tagtynyň sagynda oturdy“ (Ýewreýler 12:2) diýen aýady getirdiler.

Gizlin ýygnak Rostowda, Moskwada we tutuş Russiýada ýaşlaryň ateizm bilen zäherlenmesine açyk garşy çykdylar. Gizlin ýygnak kommunistik zäheriň, resmi ýygnagyň dönük ýolbaşçylaryna garşy göreşdi. Ýygnagyň gizlin manifestleriniň birinde: „Biziň günlerimizde şeýtan ýol görkezýär, «ýygnak» bolsa, Hudaýyň tabşyryklaryna garşy çykýan kararlary kabul edýär“ (1966-njy ýylyň 4-nji oktýabryndaky „Prawda Ukrainy“ gezetinden alnan parça) diýlip ýazylypdyr.

„Prawda Wostoka“ gazeti Amerikadan translirlenen hoşhabar radiogepleşikleriniň diňlenilmegini gurnandyklary üçin doganlarymyz Alekseý Newerowyň, Boris Garmaşowyň we Aksýon Zubowyň işlerine seredilen sud materiallaryny çap etdi. Şonuň üçin gizlin ýygnak irki ýygnagyň Rimiň ýerzeminlerinde hereket edişi ýaly hereket etdi.

1966-njy ýylyň 15-nji sentýabryndaky „Sowetskaýa Moldawiýa“ gazeti gizlin ýygnagyň mimeografiýada kitapçalar çap edendigini ýazdy. Mesihiler kanun tarapyndan gadagan edilendigine garamazdan, jemgyýetçilik ýerlerinde ýygnanyşdylar, Mesih hakda şaýatlyk edip, bir ýerden başga bir ýere gitdiler.

Şu gazet Reniden Kişinýowa barýan otluda üç ýigit bilen dört gyzyň „Öz ýaşlygymy Mesihe bagyş edýärin“ diýen aýdymy aýdandyklaryny ýazdy. Makalanyň awtory mesihileriň „köçelerde-de, otlularda-da, stansiýalarda-da, awtobuslarda-da, hatda döwlet guramalarynda-da“ wagyz edýändiklerini gaharlanyp düşündirýär. Bu zatlaryň hemmesi — kommunizm döwründäki Sowet Soýuzynyň gizlin ýygnaklarynda boldy.

Sud derňewiniň ahyryna bu mesihilere jemgyýetçilik ýerinde mesihilik aýdymyny aýdandyklary sebäpli, jeza yglan edilende, olar dyza çöküp: „Biz özümizi Hudaýyň ellerine berýäris. Öz imanymyz üçin ejir çekmekligi bereniňe Rebbim, Saňa minnetdarlyk bildirýäris“

diýip doga etdiler. Şonda ol ýerdäkiler göni suduň zalynda ýerlerinden turdular-da, öz doganlaryny türme tussaglygyna we gynamalara hököm etdiren aýdymy ruhlanyp aýtdylar.

Kopçeg we Zaharowka obalaryndaky mesihiler özlerinde ýygnak binasynyň bolmandygy sebäpli, tokaýda gizlin ýygnak gurnaýarlar. Olaram doglan günleri bahanalap, mesihilik gatnaşyklaryny guradylar. (Dört-bäş agzasy bolan köp maşgalalar ruhy gatnaşyklar üçin bahana bolar ýaly, ýylda otuz bäş „doglan günleri“ bellediler).

Gizlin ýygnagyň mesihilerini türme-de, gynamalaram gorkuzyp bilmedi. Irki ýygnakda bolşy ýaly, yzarlamalar olaryň diňe imanyny berkitdi.

1966-njy ýylyň 4-nji oktýabryndaky „Prawda Ukrainy“ gazeti eýýäm üç gezek tussaglykda bolan, şonda-da her gezek azatlyga çykandan soň, gizlinlikde ýekşenbe mekdebini gurnap başlan, ondan soň ýene-de tussag edilen rus gizlin ýygnagynyň ýolbaşçysy Prokofýew dogan hakda makala çap etdi. Ol öz hatlarynyň birinde: „Resmi ýygnak adam talaplaryna (kommunistik kanunlara) tabyn bolmak bilen özüni Hudaýyň ak patasyndan mahrum etdi“ diýip ýazýar.

Okkupirlenen ýurtlarda doganlaryň ýazgarylyşy hakda eşideniňizde, Günbatarda türmeleriň nähilidigini göz öňüne-de getirip bilmersiňiz. Ol ýerdäki türmeler açlygyň, gynamalaryň we beýnini arassalamanyň ýeridir.

1966-njy ýyldaky 9-njy belgili „Nauka we religiýa“ žurnaly mesihileriň „Ogonýok“ žurnalynyň daşky sahaplaryň iç tarapynda hoşhabar edebiýatlaryny ýaýradýandyklaryny habar berdi. Olar şeýle hem, içinde Mukaddes Kitapdan parçalar bolan Tolstoýyň „Anna Karenina“ romanynyň daşy tutulan kitaplary-da ýaýratdylar.

Mundan başga-da, mesihiler jemgyýetçilik ýerlerinde mesihi aýdymlaryny-da aýdýardylar. 1966-njy ýylyň 30-njy iýunynda çap edilen „Kazanskaýa prawda“ gazeti mesihileriň kommunistik „Internasionalynyň“ heňinde Mesihe şöhrat aýdandyklaryny gürrüň berýär.

Sibiriň Kulunda şäherçesinde gizlin çap edilen hatda mesihiler „baptist ýygnagynyň resmi ýolbaşçylary baş ruhanylaryň, fariseýleriň we kanunçylaryň Isa Mesihiň Özüni Pilatusyň eline berişleri ýaly, bütin dünýädäki ýygnagy we onuň hakyky gullukçylaryny ýok etdiler. Emma

muňa garamazdan, Hudaýa wepaly bolan gizlin ýygnak işlemesini dowam etdirýär“ diýýärler.

Mesihiň Gelinligi Mesihe gulluk etmesini dowam etdirýär. Kommunistler gizlin ýygnagyň hatda kommunistik partiýadakylary-da imana getirýändiklerini boýun aldylar. Hatda olaram Hudaýa gelip bilýärler!

1966-njy ýylyň 27-nji aprelindäki „Bakinskiý raboçiý“ gazeti kommunistik häkimiýet tarapyndan tutulan Tanýa Çugunowanyň (Mesihi kabul eden komsomol gyzyň) hatyny çap etdi.

„Gadyrdan Nadýa daýza, size söýgüli Rebbimiz ak pata bersin. Nadýa daýza, Mesih meni juda güýçli söýýär! Biz Onuň öňünde hiç zadam däl. Nadýa daýza, siziň: «Duşmanlaryňyzy söýüň, özüňizi ýigrenýänlere ýagşylyk ediň we özüňize azar berýänler üçin doga ediň» diýlen sözlere düşünýändigiňize ynanýaryn“.

Bu hat tutulandan soň, Tanýany we başga-da köp oglan-gyzlary Mesihe getiren dogan Pýotr Serebrennikow tussag edilip, türmä salyndy. Şu gazet hem onuň wagzyndan parça geitrýär: „Bizem edil ilkinji mesihileriň edişi ýaly, öz Halasgärimize iman etmelidiris. Biziň üçin esasy kanun Mukaddes Kitap bolup durýandyr. Biz başga hiç bir zady-da ykrar etmeýäris. Adamlary, ylaýta-da, ýaşlary günälerinden halas etmek üçin bize howlukmak gerek“. Ol sowet kanunynyň ýaşlara Mesih hakda gürrüň bermegi gadagan edýändigini belläp, sözüniň üstüni: „Mukaddes Kitap — bu ýeke-täk kanundyr“ diýen sözler bilen ýetirýär.

Mundan soň kommunistik gazet „bolgusyz keşbi“ suratlandyrýar: „Ýigitler we gyzlar ruhy aýdymlary aýdýarlar. Olar suwda çokundyrylma däbini ýerine ýetirmek bilen öz duşmanyňy söýmek baradaky erbet, haýyn taglymata eýerýärler“. Bu makalada şeýle-de, köp ýigitleriň we gyzlaryň, ýagny komsomol agzalarynyň aslyýetinde mesihilerdigi bellenilýär. Makala: „Kommunistik mekdep nähili ejiz, nähili içgysgynç we nurdan mahrum edilenmikä diýýärin, sebäbi ruhy çopanlar okuwçylary perwaýsyz pedagoglaryň äňiniň astyndan sogrup alyp gidýärler“ diýen sözler bilen jemlenilýär.

1966-njy ýylyň 30-njy iýunyndaky „Kazahstanskaýa prawda“ gazetindäki bir makalanyň awtory mekdebiň iň gowy okuwçylarynyň biriniň mesihi maşgaladandygyny uly gorky bilen gürrüň berýär.

1966-njy ýylyň 17-nji ýanwaryndaky „Kirgizskaýa prawda“ gazeti enelere: „Çagalarymyň durmuşyny sallançakdan başlap, Hudaýa bagyş etmek üçin tagallalarymyzy we dileglerimizi birikdireliň!... Çagalarymyzy dünýäniň täsirinden saklalyň!“ diýen ýüzlenme ýazylan mesihi kitapçasynyň sözlerini ýazýar.

Ol tagallalar şowly boldy. Mesihiligiň ýaşlaryň arasynda tiz ýaýrandygyna Kommunistik gazetler şaýatlyk etdiler.

Çelýabinskiniň gazetleriniň biri komsomol gyz Ninanyň gizlin ýygnaklara gatnap, mesihi bolandygy baradaky makalany çap etdi.

„Sowetskaýa ýustisiýa“ žurnalynyň 1966-njy ýyldaky 9-njy sany şonuň ýaly gizlin ýygnaklaryň biriniň geçirilişini suratlandyrýar. „Ýygnagy ýary gije geçirdiler. Hatda özleriniň kölegelerinden-de gorkup, adamlar hemme tarapdan geldiler. Doganlar pessejik potolokly jaýy doldurdylar. Olaryň sany şeýle bir köpdi welin, hatda dyz epip doga edere-de ýer ýetmeýärdi. Kislorodyň ýetmezçilik edendigi sebäpli, primitiw gaz fonaryndaky çyra-da öçdi. Gelenleriň ýüzlerinden der syrygyp akdy. Köçede gullukçylaryň biri milisiýanyň gelen-gelmänini görmek üçin durdy. Nina şunuň ýaly ýygnaklarda özüni gujak açyp, gyzgyn garşy alandyklaryny, alada bilen gurşandyklaryny aýdýar. „Olarda edil häzirki mendäki ýaly, Hudaýa bolan çuň hem berk iman bardy. Hudaý bizi Öz goragy astyna alýar. Goý, meni tanaýan komsomollar salam bermän ýanymdan geçip gitseler gidibersinler. Goý, maňa seredibersinler, edil ýaňagyma çalýan ýaly: «Baptist» diýip at dakybersinler. Goý, edibersinler! Maňa parhy ýok!“

Nina ýaly başga-da köp ýaş komsomollar ahyryna çenli Mesihe gulluk etmegi makul bildiler.

1967-nji ýylyň 18-nji awgustyndaky „Kazanskaýa prawda“ gazeti doganlarymyz Klasseniň, Bandaryň we Teleginiň sud edilişi hakda ýazdy. Makalada olara nähili jezanyň berlendigi aýdylmaýar-da, eden günäleriniň çagalara Mesih hakda öwredendiklerinde jemlenýändigi aýdylýar.

1967-nji ýylyň 15-nji iýunynda „Sowetskaýa Kirgiziýa“ gazetinde çap edilen makalanyň awtory mesihileriň „özlerine garşy administratiw çäreleriň görülmegini özleriniň öjükdirýändiklerini“ aýdýar. Şeýdip, tussag etmek üçin güýç bilen süýrelen bu mesihiler tarapyndan

dyngysyz öjükdirilen „bigünä“ sowet häkimiýeti azatlyga kanagatlanýan mesihileriň ýene bir toparyny tutdy. Olaryň günäsi on bäş gektografaly we alty pereplýot maşynly gizlin çaphanany döretmekde jemlenýärdi. Olarda mesihilik edebiýaty çap edilýärdi.

1968-nji ýylyň 21-nji fewralynda çap edilän „Prawda“ gazeti müňlerçe aýallaryň we gyzlaryň Mukaddes Kitap aýatlary we dilegler ýazylan guşaklary we lentalary dakyp paş edilendigini habar berdi. Bu täze modany başlan adamyň mesihi, milisiýanyň işgäri Stasýuk s Lýuberes dogandan başga hiç kimem däldigini bilmek häkimiýete başartdy.

Kommunistik sudlarynyň öňüne baranda, gizlin ýygnagyň mesihileriniň berýän jogaplary Hudaý tarapyndan ruhlandyrylan jogap bolýar. Sudýa sud edilýän gyzdan: „Siz näme üçin adamlary gadagan edilen sekta çekýärsiňiz?“ diýip soraýar. Mesihi gyzam: „Biziň maksadymyz — Mesih üçin tutuş dünýäni gazanmakdyr“ diýip jogap berýär.

Başga bir sud wagtynda sudýa: „Biziň dinimiz — antiylmydyr“ diýýär. Aýyplanylýan talyp gyz: „Siz Eýnşteýnden köp bilýärsiňizmi? Nýutondan köp bilýärsiňizmi? Olaryň ikisem imanly adamlardylar. Biziň Älemimiz Eýnşteýniň adyny göterýär. Entek mekdepdekäk, bize Älemi Eýnşteýniňkidigini gürrüň berdiler. Eýnşteýn: «Eger iudaizmi pygamberlerden we Isanyň öwreden mesihiliginden, oňa soňrak gelen, ylaýta-da, ruhy ýolbaşçylar tarapyndan gelen zatlaryň hemmesinden arassalasak, onda dünýäni ähli sosial erbetliklerden halas etmäge ukyply bolan dini alarys. Şol diniň ýeňmegi üçin elinden gelenini etmek her bir adamyň mukaddes borjudyr» diýýär. Biziň meşhur fiziologymyz Pawlow ýadyňyzdadyr! Eýsem, kitaplarda onuň mesihi bolandygy ýazylmanmy? Hatda Marksam öz «Kapitalynyň» sözbaşysynda: «Mesihilik, ylaýta-da onuň protestant görnüşi günä bilen zaýalanan häsiýetleri üýtgetmekde ideal din bolup durýandyr» diýip ýazýar. Meniň häsiýetimem günä bilen zaýalanypdy. Marks meniň häsiýetimi üýtgetmek üçin mesihi bolmaklyga itekledi. Şeýlelikde, siz, marksistler meni munuň üçin nädip ýazgaryp bilýärsiňiz?“ diýip jogap berýär.

Şonda sudýalaryň sesini çykarman oturandyklaryna düşünmek kyn däldir.

Mesihilik dinini antiylmylykda aýyplama sudda başga bir mesihi sudýa şeýle jogap berýär: „Jenap sudýa, siziň, aýdaly, professor

Simpson, ýagny hloroformy we beýleki medisina serişdelerini oýlap tapan professor ýaly meşhur professor däldigiňizi men bilýärin. Bu professor özüniň iň wajyp açyşynyň haýsydygyny soranlarynda: «Meniň iň wajyp açyşym hloroform däl-de, özümiň günäliligime we Hudaýyň merhemeti bilen halas bolmaga mätäçdigimi bilmekdir»“ diýip jogap berýär.

Isa Mesihileriň öz imany üçin janlaryny bermäge, özlerini pida etmäge, ganlaryny dökmäge taýýar bolmaklary mesihiligiň peýdasyna gizlin ýygnagyň beren degerli delili bolup durýandyr. Afrikan taýpalarynyň arasynda işlän meşhur missioner Albert Şweýseriň: „agyry bilen bellik edilenleriň mukaddes birleşigi“ diýip atlandyrýan birleşmesini Isa, ýagny ejir çeken Kişä degişli bolan zady hut gizlin ýygnak düzýändir. Gizlin ýygnaklar özleriniň Halasgärine bolan söýgi baglary bilen birikdirilendirler. Şol baglar ýygnak agzalaryny-da öz aralarynda birikdirýändir. Dünýäde hiç kimem şol bagy üzüp bilýän däldir.

Günbatara alnyp barlan hatda gizlin ýygnak: „Biz has gowy mesihi bolmagymyz üçin doga etmeýäris-de, Hudaý biziň nähili mesihi bolmagymyzy isleýän bolsa, şonuň ýaly mesihi bolmagymyz, Mesihe meňzeş, ýagny Hudaýyň şöhraty üçin haç göterýän mesihi bolmagymyz üçin doga edýäris“ diýip ýazylypdyr.

Isanyň öwredişi ýaly, ýylan kimin paýhasly bolup, mesihiler sorag edilenlerinde ýa-da sudda öz ýolbaşçylaryny satmakdan boýun towladylar.

1966-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda çap edilen „Prawda Wostoka“ gazeti Meriýa Sewçugyň özüni imana kimiň getirendigi hakda berlen soraga: „Ýygnanyşyk wagtynda meni Hudaý imana getirdi“ diýip jogap berendigini gürrüň berýär. Başga bir mesihi özünden: „Siziň ýolbaşçyňyz kim?“ diýlip soralanda: „Bizde adamdan ýolbaşçy ýok“ diýip jogap berýär.

Mesihi çagalardan: „Pioner guramasyndan çykyp, gyzyl galstugy aýyrmaklyga sizi kim yrdy?“ diýip soranlarynda, olar: „Biz muny öz islegimiz bilen etdik. Muny bize hiç kimem öwretmedi“ diýip jogap berdiler.

Suwuň içindäki „buz dagynyň“ ýokarsyny görmeklik käbir ýagdaýlarda başardan bolsa-da, başga bir ýagdaýlarda mesihiler

ýolbaşçylarynyň tussag edilmesiniň öňüni almak üçin hatda öz-özlerini suwda çokundyrmany-da etdiler. Käwagtlarda derýalarda bolup geçen suwda çokundyrylmalar wagtynda ruhy çopanam, çokundyrylan adamam suratda özüni hiç kim tanamaz ýaly, maska geýýärdi.

1964-nji ýylyň 30-njy ýanwaryndaky „Uçitelskaýa gazeta“ Moskwa welaýatynyň Solneçnogorsk etrabyndaky Woronin obasynda ateistik leksiýanyň geçirlendigini habar berdi. „Mugallym leksiýasyny gutaran badyna, imanly adamlar ateistik taglymatyň üstüne hüjüm edip başladylar“. Olar şeýle bir soraglar berdiler welin, lektor olara jogap hem berip bilmedi. Imanly adamlar: „Siz, kommunistler, yglan edýän, ýöne özüňiziň eýermeýän, mysal üçin, «ogurlyk etme», «adam öldürme» diýen ýaly ahlak prinsipleriňizi nireden alýarsyňyz? Mesihiler kommunistleriň garşysyna göreşýän bu prinsipleriniň hemmesiniň Mukaddes Kitapdan alnandyklaryny lektora görkezdiler. Lektor juda utandy, şeýdip, leksiýa mesihileriň ýeňşi bilen gutarýar.“

## Gizlin ýygnagy yzarlama ösýär

Öňki söwet respublikalarynyň käbirleri häzirem yzarlanmalardan ejir çekýär. Bütin dünýä boýunça gul edilen ýurtlardaky gizlin ýygnaklar öňkülerinden has köp ejir çekýärler. Diňe 1997-nji ýylda takmynan bir ýüz altmyş müň mesihiniň öldürilendigini sanap bildiler. Kommunistik ýurtlarda ýewreýlere azar berilýändigini eşitmeklik mesihileri gaty gynandyrýar. Ýöne yzarlamalaryň esasy obýekti gizlin ýygnak bolup durýandyr. Köp ýyllar mundan ozal sowet pressasy mesihileriň köpçülikleýin tussag edilendigi we olara garşy iş gozgalandygy barada habar berdi. Bir şäherde segsen iki mesihi ruhy syrkawlar keselhanasyna ýerleşdirildi. Birnäçe günden soň, olaryň ýigrimi dört sanysy „üznüksiz doga edendikleri“ üçin öldi. Haçandan bäri üznüksiz doga adam öldürýärkä? Ol adamlaryň nämeleri başdan geçirendiklerini siz göz öňüne getirip bilýärsiňizmi?

Eger mesihileriň öz çagalaryna Mesih hakda öwredip oturanynyň üstünde tutaýsalar, onda bu mesihilere has zalym görgüleri getirýärdi, sebäbi çagalary ene-atasynyň ellerinden alýardylar-da, olary çagasyny görme hukugyndan hemişelik mahrum edýärdiler.

Kommunizm zamanasy döwründe Sowet Soýuzy Birleşen Milletler Guramasynyň „bilim ulgamyndaky diskriminasiýadan“ el çekmelidigi baradaky Deklarasiýa gol çekdi. Bu Deklarasiýada: „Ene-ata öz şahsy garaýyşlaryna laýyklykda çagasyna dini hem ahlak terbiýesini bermäge hukuklydyr“ diýlip ýazylgydy. Sowet Soýuzyndaky baptistler Soýusynyň resmi ýolbaşçysy dönük Karaýew öz makalalarynyň birinde şol hukugyň Soýuzda real bolandygyna ynandyrdy, ýöne muňa diňe samsyklar ynandy! Bu barada sowet pressasynyň näme diýýänini diňläliň.

„Sowetskaýa Rossiýanyň“ 1963-nji ýylyň 4-nji iýunyndaky sanynda Makrinkowa familiýaly bir baptist aýaldan çagalaryna mesihilik prinsiplerini öwredip, pioner galstugyny dakmagy gadagan edendigi üçin alty çagasynyň elinden alnandygyny gürrüň berdi.

Bu aýal özüne çykarylan hökümi eşidende diňe: „Men imanym üçin ejir çekýärin“ diýdi. Ol öz elinden güýç bilen alnan çagalaryň internatda, ýagny özlerini ateizm bilen zäherlenýän ýerde bolýandygy sebäpli, tölemeli boldy. Mesihi eneler, bu aýalyň hasratynyň üstünde diňe pikirlenip görüň.

Ignatiý Mallin bilen aýalynyň hem başyna şunuň ýaly günüň düşendigini „Uçitelskaýa gazeta“ aýtdy. Sudýa olardan öz imanyndan ýüz öwürmegi talap etdi-de: „Hudaý bilen gyzyňyzyň arasynda birini saýlaň. Siz Hudaýy saýlaýjakmy?“ diýdi. Kakasy: „Men imanymdan ýüz öwürjek däl“ diýdi.

Resul Pawlus: „*Biz ähli zatlaryň Hudaýy söýýänleriň, Onuň maksadyna görä çagyrylanlaryň bähbidi üçin birlikde işleýändigini bilýäris*“ (Rimliler 8:28) diýýär. Men mesihi maşgalalarynda terbiýelenip, soňam ene-atasynyň elinden güýç bilen alnyp, ateistik mekdeplere ýerleşdirilen çagalary gördüm. Ateizm bilen zäherlenmäniň deregine, olaryň ene-atasynyň öz gursagyna guýan imany beýleki çagarala-da ýaýrady!

Mukaddes Kitapda: „*Atasyny, enesini Menden artyk söýen Maňa mynasyp däldir. Ogluny, gyzyny Menden artyk söýen Maňa mynasyp däldir*“ (Matta 10:37).

Bir hepde çagalaryňyzy görmän ýaşajak bolup bir görüň! Şonda siz gul edilen ýurtlardaky doganlarymyzyň çekýän güzaplaryna has gowy düşünersiňiz. 1967-nji ýylyň 29-njy martyndaky „Znamýa

ýunosti“ raýat Syçyň ogly Wýaçeslawy elinden alandyklaryny, munuň sebäbiniň bu raýatyň ogluny Rebden gorkma içinde terbiýeländigindedi. 1968-nji ýylyň 13-nji ýanwaryndaky „Sowetskaýa Rossiýanyň“ şaýatlyk etmegine görä, Habarowskiden bolan raýat Zabawinany „adaty bolmadyk (mesihi) bilim berendigi sebäpli, ýetim galan agtygy Tatýana hossarçylyk etmekden mahrum edýärler. Gul edilen ýurtlarda mesihileri ene-atalyk hukuklaryndan mahrum etmeklik dowam edýär.

Diňe gizlin protestent ýygnagy hakda gürrüň etmeklik adalatsyzlyk bolardy.

Kommunistik režim döwründe Russiýadaky prawoslaw mesihileri doly üýtgediler. Olaryň millionlarçalary haçlaryň, haça çüýlenmeleriň, ikonalaryň, ladanyň we şemleriň bolmadyk ýeri bolan türmeleri görmeli boldular. Dünýewi adamlar türmelerde el goýlan ruhanysyz galdylar. Ruhanylarda mukaddes eder ýaly, eşigem, bugdaý çöregi-de, şeraby-da ýokdy, ýagy-da, okar ýaly doga kitaby-da ýokdy. Ýöne olar bu zatlarsyzam oňup biljekdiklerine, dogada Hudaýa özleriniň göni ýüzlenip biljekdiklerine düşünýärdilder. Olar doga edip başladylar, Hudaýam olaryň üstüne Mukaddes Ruhy inderip başlady. Kommunizm döwründe Sowet Soýuzyndaky prawoslaw mesihileriniň arasynda-da, edil protestant mesihileriniň arasynda bolşy ýaly, hakyky ruhy galkynyş başlandy.

Soýuzda-da, oňa ýakyn bolan beýleki ýurtlarda-da aslyýetinde hoşhabar, fundamental we Hudaýa örän ýakyn bolan gizlin prawoslaw ýygnagy döredi. Ol diňe güýç bilen örän az mukdarda bolsa-da, prawoslaw däplerini entegem ýerine ýetirýärdi. Bu prawoslaw gizlinliginde-de ejir çekenler az däldi. Kaluganyň arhiýepiskopy garry Germogen ata näme bolandygyny kim aýdyp biler? Ol patriarhiýa bilen takwa bolmadyk kommunistik häkimiýetiň arasyndaky haýyn hyzmatdaşlyga garşy çykmaga het edip bildi.

Ýedi on ýyllykdaky kommunistik sütemiň dowamyndan tä 90-njy ýyllaryň başynda Sowet Soýuzynyň dargan wagtyna çenli, sowet pressasy çekerden çökder gelýän görgüleri gören, şonda-da wepalylygyna galyp ulalan gizlin ýygnagyň dabaralanmasynyň şaýady boldy.

Biz Rumyniýada Sowet goşunynyň esgerleriniň we ofiserleriniň arasynda gizlin zähmetiň tohumyny ekdik. Russiýanyň mesihileri-de, sowetleriň basyp alan beýleki ýurtlarynda hem şeýle hereket etdiler. Şol tohumlar az hasyl getirmedi.

Kommunistik Aziýanyň halklaryny we beýleki gul edilen halklary Mesihe getirmek mümkindir. Biziň duşmanlarymyzam mesihiler bolup bilerler. Eger olara kömek etsek, onda olaram özleriniň gynan adamlary ýaly, mesihi bolarlar.

Gizlin ýygnagyň kommunizm döwründäki gülläp ösendigi, kommunistik Aziýada ösendigi, häzirem Ýakyn Gündogarda ösýändigi meniň mamladygymyň subutnamasy bolup durýar.

Mesihi doganlarymyzyň elhenç ýagdaýlardaky ruhy gözelligini görkezmek üçin rus gyzy Waryýanyň sürgünde ýazan birnäçe hatyny hödürleýärin:

## Komsomol gyz nädip mesihi kabul etdi

Ine, Waryýanyň Mesihe getiren komsomol gyzy Mariýanyň ýazan üç haty:

### *Birinji hat:*

„Men öňkim ýaly, şu ýerde ýaşaýaryn. Meni örän gowy görýärler. Men ýerli komsomol ýaçeýkasyndan bir gyz bilen tanyşdym. Ol maňa: «Men siziň nähili adamdygyňyza düşünip bilemok. Bu ýerdäki köp adamlar sizi kemsidýärler, göwnüňize degýärler, siz bolsa barybir hemmesini gowy görýärsiňiz» diýýär. Menem Hudaýyň diňe bir dostlaryňy däl, eýsem, duşmanlaryňy-da söýmegi öwredýändigini aýdyp jogap berdim. Ozal şol gyz maňa köp görgüler görkezipdi, ýöne men onuň üçin aýratyn köp doga edipdim. Ol menden özüni gowy görüp biljekdigimi ýa ýokdugyny soranda, men ony gujakladym, soň ikimizem aglap başladyk. Indi biz bile doga edýäris.

Haýyş edýärin, onuň üçin doga ediň. Onuň ady Waryýa.

Hudaýyň bardygyna gaty sesi bilen garşy çykýanlary diňlänimizde, olar muňa dogrudanam ynanýan ýaly bolup görünýär. Ýöne Hudaýa dillerinde sögünýänleriň ýüreklerinde Oňa tarap çekilýändiklerini durmuş görkezýär. Olaryň ýürekleri nalaýar... Olar özleriniň hudaýsyz içki boşlugyny doldurmaga synanyşýarlar.

*Siziň Mesihdäki uýaňyz Mariýa*".

## *Ikinji hat:*

„Men öňki hatymda ateist gyz Waryа hakda ýazypdym. Indi bolsa, ezizlerim, biziň ullakan şatlygymyz hakda habar bermäge howlugýaryn: Warýa Mesihi öz Halasgäri hökmünde kabul etdi we bu barada aç-açan wagyz edýär.

Mesihe iman edip, gutulyş şatlygyny tanandan soň, ol şol bir wagtyň özünde özüni örän betbagt duýýar. Ol bir wagtlar ateizmi wagyz edenine ökünýär. Indi ol öz günäsini aklamaly diýen karara geldi.

Biz Hudaýsyzlaryň assambleýasyna bile gitdik. Men ondan seresap bolmagy haýyş etsem-de, hemmesi biderek boldy. Warýa ikirjiňlenip durmuzdan öňe ylgady, menem ondan soň näme boljagyna seredip durşuma onuň yzyndan ylgadym. Kommunistik partiýanyň gimnini umumylykda ýerine ýetirenlerinden soň (Warýa ikimiz aýtmadyk), ol assambleýa gatnaşyjylaryň öňünde çykyş etdi. Soň ol batyrgaýlyk hem tolgundyryjylyk bilen oturanlara öz Halasgäri Mesih hakda gürrüň berdi. Soň ol öňki ýoldaşlaryndan şu wagta çenli özüniň ruhy gözleriniň ýapyk bolandygy sebäpli görmän, özüniň dowzaha tarap gidendigi, yzy bilen başgalary-da alyp gidendigi üçin ötünç sorady. Ol oturanlary günäli ýoldan sowlup, Mesihe gelmeklige çagyrdy.

Hemmeler dymdylar, hiç kim onuň sözüni bölmedi. Ol sözüni gutaranyndan soň, «Men Mesihi yglan etmäge utanmaýaryn» diýen mesihi aýdymyny aýtdy.

Soň bolsa... soň biziň Waryamyzy alyp gitdiler.

Bu gün eýýäm dokuzynjy maý. Biz bolsa şu wagta çenli-de Warýa hakda hiç zat bilemzok. Ýöne Hudaý gudratygüýçlüdir, Onuň Warýany halas etmäge güýji ýetýändir. Doga ediň!

*Siziň Mariýaňyz*".

## *Üçünji hat:*

„Düýn, ikinji awgustda men türmede söýgüli Warýamyz bilen gürleşdim. Ol hakda pikirlenenimde, ýüregime gan inen ýaly bolýar. Ol entek çaga ahyryn. Ol bary-ýogy on dokuz ýaşynda. Rebbe iman eden adam hökmünde-de ol entek ruhy çaga. Ýöne ol Hudaýy bütin ýüregi bilen söýýär, şonuň üçinem derrew kyn ýola düşdi. Görgüli gyz gaty aç bolýar... Onuň türmededigini bilenimizden soň, biz oňa ony-muny iberip başladyk. Ýöne ol iberilen zatlaryň azajygyny alypdyr.

Men düýn ony görenimde, ol gaty hordy, reňki solandy, bar ýeri persalady. Diňe gözleri Hudaýyň rahatlygy we ýerden bolmadyk şatlyk bilen uçganaklap durdy.

Hawa, söýgüli doganlarym, Hudaýyň ajaýyp rahatlygyny bilmedikler muňa düşünmeýär... Ýöne şol rahatlyga eýe bolanlar nähili bagtly... Bizi, Mesihde bolanlary, hiç hili görgi we göwniçökgünlik saklamaly däldir.

Men gözenegiň arasyndan: «Warýa, sen eden işiňe ökünmeýärmiň?» diýip soradym. Ol: «Ýok. Eger meni azatlyga çykarsalar, ýene-de Mesihiň uly söýgüsi hakda şaýatlyk etjek. Men ejir çekýändirin diýip pikir etmäň. Men Rebbiň özümi şeýle söýýändigine, şol sebäpli-de, Öz adynyň hatyrasyna görgi görme hormatyny berýändigine örän şatdyryn» diýip jogap berdi.

Ýalbarýaryn, onuň üçin doga ediň. Ony tizara Sibire iberýärler. Onuň eşiklerini we bar zadyny elinden aldylar. Onuň egnindäkiden başga zady ýok. Onuň hossaram ýok. Biz onuň üçin zerur bolan zatlary ýygnamalydyrys. Men eýýäm siziň geçen gezekki iberen zatlaryňyzy ýygnap goýdum. Warýany ugratjak bolanlarynda,

men şol puly oňa berjek. Hudaýyň ony berkitjekdigine we öňünde duran synaglaryň hemmesinden geçmäge kömek etjekdigine ynanýaryn. Hudaýym ony aman sakla!

*Siziň Mariýaňyz“.*

## *Dördünji hat:*

„Hormatly Mariýa, ahyrsoňy men size hat ýazyp bildim. Biz (ýerleşýän ýerimiziň ady reňklenipdir) bolýan ýerimize erbet gelmedik. Biziň lagerimiz şäherden on mil daşda ýerleşýär. Men biziň bu ýerdäki durmuşymyzy suratlandyryp biljek däl. Siziň özüňiz hemme zada düşünýärsiňiz. Gowusy özüm hakda birazrak ýazaýyn. Men özüme saglyk berýandigi we fiziki taýdan işläp bilýändigim üçin Hudaýa minnetdardyryn. Biz H. doganymyz bilen ussahanada stanokda işleýäris. Iş agyr, H. doganymyzyň ýagdaýy bolsa erbet. Men özüm hem onuň üçin işlemeli bolýaryn. Ilki öz işimi gutarýaryn-da, soň doganymyza kömek edýärin. Biz her gün on iki, on üç sagatlap işleýäris. Iýmitimiz bolsa, edil siziňki ýaly azajyk. Ýöne men size bu hakda ýazmak islemeýärin.

Siziň üstüňiz bilen maňa gutulyşa tarap ýoly görkezendigi üçin ýüregim Hudaýa öwgi aýdýar we minnetdarlyk bildirýär. Indi bu ýolda duranymdan soň, meniň durmuşym mana eýe boldy, şonuň üçin hem, men nirä barýandygymy we Kim üçin jepa çekýändigimi bilýärin. Men gutulyşyň beýik şatlygy hakda şaýatlyk etme isleginiň ýüregimde bardygyny duýýaryn. Bizi Isa Mesihdäki Hudaýyň söýgüsinden kim aýryp biler? Hiç kim we hiç zat! Türme-de, görgülerem aýryp bilmez. Hudaýyň bize berýän görgüleri diňe Özüne bolan imanymyzy has-da berkidýär. Meniň ýüregim Hudaýyň merhemetinden şeýle bir doly welin, hatda daşyna-da çogup dur. Dymyp bilmeýändigim üçin maňa hemişe käýeýärler, jezalandyrýarlar, goşmaça iş berýärler. Men Rebbiň özüm üçin eden zatlarynyň hemmesi hakda şaýatlyk etmelidirin. Ol meni, ölüm ýolunda duran meni, täze jandar,

täze ýaradylyş etdi. Mundan soň heý-em dymyp bolarmy? Ýok, hiç haçan! Dilim gürläp durka, Onuň beýik söýgüsi hakda her bir adama gürrüň bererin.

Lagere gelýärkäk ýolda biz Mesihdäki köp doganlarymyza duş geldik. Doganlary birinji gezek görseňem, Ruhda olaryňam Hudaýyň çagalarydyklaryny duýýarsyň. Hatda hiç zat aýtmagam gerek däl. Birinji gezek göreniňden olaryň kimdigini bilýärsiň.

Bizi Sibire alyp barýarkalar, stansiýalaryň birinde bir aýal bize iýer ýaly zat getirip berdi-de, diňe: «Hudaý diridir!» diýip, ikije söz aýtdy.

Biz bu ýere gelen birinji gijämiz (eýýäm giç bolupdy, bizi uzyn ýerkümelerde ýerleşdirdiler), ýygnananlara: «Size parahatlyk!» diýip salam berdik. Bize ullakan şatlyk berip, ähli künjekden: «Biz sizi parahatlyk bilen kabul edýäris» diýen jogap eşidildi. Biz birinji gijeden özümiziň maşgaladadygymyzy duýduk.

Bu, dogrudanam, şeýle. Bu ýerde Mesihe özüniň şahsy Halasgäri hökmünde iman eden adam köp. Tussaglaryň ýarysyndan gowragy mesihiler. Biziň aramyzda gowy aýdymçylar bilen Hoş Habar wagyzçylary-da az däl. Agşam, agyr işden soň hemmämiz ýygnanyşanymyzda, hiç bolmanda azajyk wagty doga edip Halasgäriň aýaklarynyň ýanynda geçirmeklik nähili ajaýyp zat. Mesih bilen hemme ýerde, nirä barsaň-da azatlyk bar. Bu ýerde men köp sanly ajaýyp aýdymlary öwrendim. Hudaý meni Öz Sözünden gitdigiçe köp baýlaşdyrýar. Men on dokuz ýaşymda birinji gezek Mesihiň doglan gününi belledim. Men bu gözellikden doly güni hiç haçanam ýatdan çykarmaryn. Biz uzak gün işlemeli bolduk. Ýöne erkek doganlarymyzdan birnäçesi ýakynymyzda akyp duran derýanyň ýanyna baryp gelip bildiler. Ol ýerde olar buzy döwüp, agşam ýedi erkek doganymyz we men Hudaýyň Sözüne laýyklykda suwda çokundyrylarymyz ýaly ýer taýýarladylar. Men nähili bagtly. Mariýa men siziňem ýanymda bolmagyňyzy şeýle isleýärin. Men öz söýgimiň üsti

bilen size geçmişde eden ýamanlyklarymyň hiç bolmanda azajygyny ýuwup bilsedim. Ýöne Hudaý biziň her birimizi öz ýerimizde goýýar, şonuň üçin biz Onuň özümizi goýan ýerinde berk durmalydyrys.

Hudaýyň maşgalasynyň ähli çagalaryna salam aýdyň. Hudaý maňa ak pata berşi ýaly, siziňem umumy gullugyňyza ak pata berer. Ýewreýler 12:1-3-i okaň.

Erkek doganlarymyzyň hemmesi size salam aýdýar we siziň Hudaýa bolan imanyňyzyň şeýle çuňdugyna we görgüleriňiz içinde Oňa ýadawsyz öwgi aýdýandygyňyza şatlanýarlar. Biziňkilere hat ýazsaňyz, bizden salam aýdyň.

*Hormat bilen Warýa*“.

## *Bäşinji hat:*

„Gadyrly Mariýa, ahyrsoňy men size birnäçe setir hat ýazmaga mümkinçilik tapdym. Gadyrdanym, Hudaýyň merhemeti bilen H. uýamyzyň we meniň janymyzyň sagdygyny we özümizi gowy duýýandygymyzy aýdyp biljek. Häzir biz (ýeriň ady reňklenip goýlupdyr) ýerleşýäris.

Siziň maňa bolan enelik garaýşyňyz üçin size minnetdardyryn. Biz siziň iberen zatlaryňyzyň hemmesini aldyk. Iň gymmat zat bolan Mukaddes Kitap üçin minnetdardyryn. Hemmäňiz sag boluň. Hemmelere hat ýazanyňyzda, salam aýdyň we meniň üçin eden zatlaryna minnetdarlygymy bildiriň.

Reb maňa Öz mukaddes söýgüsiniň çuň syryny açaly bäri men özümi iň bagtly adam saýýaryn. Özümiň çekmeli bolýan yzarlamalarymy men merhemet diýip hasaplaýaryn. Iman eden ilkinji günlerimden başlap, Rebbiň özüme Özi üçin görgi görme bagtyny bereni üçin men şatdyryn. Ahyryna çenli Rebbe wepaly bolup galmagymy sorap, meniň üçin doga ediň.

Goý, Ol siziň hemmäňizi aman saklasyn we mukaddes söweş üçin berkitsin!

Uýamyz H. ikimiz sizi ogşaýarys. Bizi bu ýerden ugradanlarynda, belki, ýene-de hat alyşmaga mümkinçiligimiz bolar. Biziň aladamyzy etmäň. Özümiziň göklerdäki sylagymyzyň uludygyna biz begenýäris we munuň üçin bagtlydyrys.

*Siziň Waryýaňyz*".

Bu Mesihi kabul eden, Ol hakda şaýatlyk edendigi sebäpli, sürgündäki işe höküm edilen öňki komsomol gyz Waryýanyň soňky haty. Mundan soň biz ol hakda hiç zat eşitmedik, ýöne onuň ajaýyp söýgüsi we Mesih hakdaky şaýatlygy gizlin ýygnagyň ruhy gözelliginiň, görgüleriniň we wepalylygynyň mysaly bolup durýar.

# 7-NJI BAP

# Günbatardaky mesihiler nädip kömek edip bilýärler

Meni „gizlin ýygnagyň sesi“ diýip atlandyrýarlar. Men Mesihiň Teniniň munuň ýaly wajyp böleginiň sesi bolmaga mynasyp däl hasaplaýaryn.

Şeýle-de bolsa, men Rumyniýada köp ýyllaryň dowamynda gizlin ýygnagyň bir bölegi boldum. Haýsydyr bir gudrat bilen men on dört ýyllyk tussaglygy we azatlykdan mahrum edilmäni, şol sanda iki ýyllyk „ölümlileriň türmesinden“ aman çykdym. Hudaýyň meni türmeden gözläp tapar ýaly adam tapyp, ol ýerden çykmaga maňa kömek etmesi has-da uly gudrat boldy. Rumyniýanyň gizlin ýygnagy azat dünýä öz ýurdumyň çekýän jepalaryny habar bermek üçin maňa ýurdumdan çykmaly diýen karara geldi. Meniň maşgalama gitmeklik gudrat bilen başartdy. Şonuň üçin men zähmet çekmek, töwekgelçilik etmek, görgi görmek we Watanda ölmek üçin galanlaryň özüme beren tabşyrygyny ýerine ýetirip bildim.

Men sansyz-sajaksyz ady ýazylmadyk mazarlarda ýatan doganlarymyň atlaryndan ýüzlenýärin. Men şu wagta çenli-de, tokaýlarda, ýerzeminlerde, üçeklerde we başga göze ilmejek ýerlerde duşuşýan doganlaryň wekilidirin.

Ine, gizlin ýygnagyň adyndan etjek haýyşym:

„Bizi akyma taşlamaň!“

„Bizi unutmaň!“

„Bizden ýüzüňizi öwürmäň!“

„Bize gulluk ýaragyny beriň, biz oňa juda mätäçdiris! Biz onuň üçin töleg tölemäge taýýar!“

Bu azat ýygnaga bermegim üçin maňa berlen hatdyr.

Men gizlin ýygnagyň, dymýan ýygnagyň, „lal“ ýygnagyň, agzy „ýapylýan“ we gygyrar ýaly sesi bolmadyk ýygnagyň adyndan ýüzlenýärin.

Gul edilen halklaryň arasynda ýaşaýan doganlarymyzyň seslerini eşidiň. Olar özlerine gaçmaga kömek berilmegini, özleri üçin howpsuzlygy ýa-da ýeňil durmuşy soranoklar. Olar öz ýaşlarynyň we geljekki nesliniň ateizm bilen zäherlenmesine garşy durup biljek gulluk guralyny soraýarlar. Olar Hudaýyň Sözüni ýaýradanda ulanar ýaly, Mukaddes Kitap soraýarlar. Eger Hudaýyň Sözi ellerinde bolmasa, olar ony nädip ýaýratsynlar?

Gizlin ýygnak otluda giden hirurgy ýatladýar. Otly agdarylýar. Ýüzlerçe adamlar ýeriň ýüzünde bulaşyp, ýaralanyp, ölüm halynda ýatyr. Hirurg bolsa olaryň arasynda aýlanyp ýörşüne uludan demini alyp: „Guralym bolan bolsady! Mende hirurgiki gurallar bolan bolsa, ýüzlerçe janlary halas ederdim!“ diýýär. Onuň islegi bardy, ýöne guraly ýokdy. Gizlin ýygnagam edil şunuň ýaly. Ol özüni bermäge şeýle taýýar! Ol görgi gören adam bolmaga-da taýýar! Ol ýyllar boýy türme tussaglygynda bolmaga töwekgelçilik etmäge taýýar. Ýöne Rebbiň öz öňünde goýan wezipesini ýerine ýetirmek üçin guraly bolmasa, isleginiň hiç hili ähmiýeti ýokdur. Azat ýygnak, batyrgaý, wepaly gizlin ýygnagyň senden edýän haýyşy: „Bize gulluk guralyny: Hoş Habar, Mukaddes Kitap, Hoş Habary ýaýratma we okuw edebiýatlaryny beriň, bize kömek ediň, biz bolsa galan zatlary ederis“.

## Azat dünýäniň mesihileri nädip kömek edip bilerler

Azat dünýäde ýaşaýan her bir mesihi haýal etmän, şunuň ýaly kömekleri edip biler.

Ateistler özleriniň durmuşynyň göze görünmeýän çeşmesini ykrar etmeýän adamlardyr. Älemiň we ýaşaýşyň syrlary olara açylan däldir. Mesihiler görýän zatlary boýunça ýaşaman, imanda ýaşamak we hemişe göze görünmeýän Hudaý bilen gatnaşykda bolup ýaşaýandyklary üçin olara gowy kömek edip bilerdiler.

Olar Hudaýa wepaly, pida edijilikli durmuşda ýaşamak bilen kömek edip bilýärler. Olar her gezek mesihini yzarlanlarynda, muňa köpçülikleýin garşy çykmak bilen kömek edip bilerler.

Günbatarly mesihiler bizi yzarlaýanlaryň halas bolmaklary üçin doga edip, bize kömek berip bilerler. Munuň ýaly doganyň sada ynanjaňlyk

ýaly bolup görünmegi mümkin. Biz kommunistler üçin doga edýärdik, olar bolsa ertesi bizi öňkülerinden-de beter gynaýardylar. Ýöne Rebbiň Iýerusalimdäki dogasy-da „sada ynanjaňlyk“ bolupdy. Mesihi doga edenden soň haça çüýlediler. Bary-ýogy birnäçe günden soň, Ony gynan jellatlar döşlerine urdular, soň bäş müň adam bir günde imana geldi.

Başgalar üçin edilen doga hiç haçanam peýdasyz galýan däldir. Özi üçin doga edýän adamymyzyň kabul etmedik dogasy biziň özümize ullakan ak pata bolup gaýdyp gelýär. Mesihiň erkini ýerine ýetirip, köp mesihiler, şol sanda menem, hemişe Gitler we onuň tarapdarlary üçin doga etdik. Soýuzdaşlarynyň goşunlarynyň oklarynyň ony ýeňmäge kömek edişi ýaly, biziň dogalarymyzyňam ony ýeňmäge kömek edendigine ynanýaryn.

Biz ýakynlarymyzy edil özümizi söýşümiz ýaly söýmelidiris. Kommunistler bilen bizi yzarlaýjylaram edil beýlekiler ýaly, ýakynlarymyzdyr.

Olar — biziň Mesihiň: „*Men olarda ýaşaýyş bolsun, gurply ýaşaýyş bolsun diýip geldim*“ (Ýahýa 10:10) diýen sözleriniň wajyplygyna perwaýsyzlyk edenimiziň netijesidir.

Mesihiler entek şol gurply ýaşaýşy hemmelere elýeter bolar ýaly etmediler. Olar köpleri özleriniň durmuşynda iň gymmatly bolan zatsyz galdyrdylar. Ol adamlaram aýaga galyp, Kommunistik partiýany döretdiler-de, beýleki ýalan taglymatlara birikdiler. Olaryň özlerem köplenç sosial adalatsyzlygyň pidalary bolýarlar, şonuň üçinem öýkeden we başgalara bolan zalymlykdan doly bolýarlar. Olar bilen göreşmeklik biziň borjumyzdyr. Ýöne mesihiler duşman bilen söweşselerem, oňa düşünmek we ony söýmäge çalyşýarlar.

Käbir adamlaryň gozgalaňçylar ýaly bolup ýaşaýandygy sebäpli, özümizden jogapkärçiligi aýryp bilmeris.

Şonuň üçin biz söýgimiz we olar üçin doga etmämiz arkaly öz günämizi ýuwmalydyrys.

Diňe bir söýgi ähli meseleleri çözer diýip pikir eder ýaly derejede men sada däldirin. Men döwlet häkimiýetine meseläni, mysal üçin, garakçylygy söýgi arkaly çözmegi maslahat bermeýärin. Polisiýa, türme we sud diňe mesihiler üçin däl, eýsem, garakçylar üçinem

gerekdir. Eger garakçy etmişine toba etmese, ony türmä salmak gerek. Garakçydan, ýöne halkara masştabyndaky garakçydan başga hiç kimem bolmadyk kommunistler we beýleki zalym hökümdarlar bilen syýasy, ykdysady we medeni göreş üçin mesihilikdäki „söýgi“ düşünjesine ýüzlenmezdim. Garakçy öz pidasynyň elinden gapjygyny alýar, olar bolsa tutuş ýurdy alýarlar.

Ruhy çopanlar bilen aýry-aýry mesihiler nähili jenaýatlary edendiklerine garamazdan gozgalaňçylary-da, olaryň pidalaryny-da Mesihe getirmek üçin mümkin bolan zatlaryň hemmesini etmelidirler. Biz olara düşünmek bilen olar üçin doga etmelidiris.

## Gyssagly mukaddes kitap talap edilýär

Azat ýurtlarda ýaşaýan mesihiler gizlin ýygnagy Mukaddes Kitaplar we Mukaddes Kitap aýatlary ulanylan beýleki edebiýat bilen üpjün etmek arkaly kömek berip bilerler. Eger olary azat mesihiler gizlin ýygnakdaky doganlary üçin alsalar, onda niýetlenilen ýerine getirmäniň köp ýollary tapylardy. Men Rumyniýada ýaşap ýörkäm, dürli ýollar bilen iberilen Mukaddes Kitaplary köp aldym. Almakda kynçylyk ýok, ýöne iberere zat bolsa bolýar.

Hytaý, Demirgazyk Koreýa ýaly, kommunistik ýurtlarda Mukaddes Kitaba bolan talap entegem derwaýyslygyna galýar. Müňlerçe mesihiler onlarça ýyllaryň dowamynda Mukaddes Kitaby ýa-da Injili görmediler.

Bir gezek meniň öýüme iki sany daýhan Mukaddes Kitap satyn almak üçin geldi. Olar öz obalaryndan gelip, öz ýygnagy üçin gerek bolan köneje Mukaddes Kitaba ýeter ýaly pul gazanjak bolup, işe durupdyrlar (gyşy bilen pilli doňan ýeri gazypdyrlar). Amerikadan Mukaddes Kitap alandygym sebäpli, mende olara täze Mukaddes Kitaby sowgat bermäge mümkinçilik bardy. Olar öz gözlerine ynanyp bilmediler! Daýhanlar gazanan pullaryny maňa tölejek boldular. Men almadym. Olar öz obalaryna elleri Mukaddes Kitaply gitdiler. Birnäçe gün geçenden soň, men joşgunly, söz bilen beýan edip bolmajak şatlykdan doly bolup ýazylan haty aldym. Onda daýhanlar Ýazgy üçin köp minnetdarlyk bildiripdirler. Hata obanyň otuz sany ýaşaýjysam gol çekipdir. Olar seresaplylyk bilen Mukaddes Kitaby otuz bölege bölüpdirler-de, öz aralarynda çalşyp okapdyrlar.

Ruslaryň öz teşne kalplaryny gandyrmak üçin Mukaddes Kitabyň hiç bolmanda ýekeje sahypasynyň berilmegini görmek diýseň nebsiňi agyrdýar. Olar Mukaddes Kitaby sygra ýa-da geçä höwes bilen çalyşýardylar. Bir erkek kişi köneje dolama Täze Ähte özüniň nika ýüzügini çalyşýar. Köp çagalar Roždestwo otkrytkajyklaryny hiç haçanam görmediler. Eger obada kimdir birinde şonuň ýaly otkrytkadan ýekejesi bolaýsa, obanyň ähli çagalary onuň daşyna üýşüşipdirler. Şonda haýsydyr bir goja olara Bäbejik Isa, Onuň gyzdan dogluşy we gutulyş hakda gürrüň beripdir. Bu zatlaryň hemmesi ýekeje Roždestwo otkrytkajygynyň kömegi bilen bolupdyr. Biz erkin däl durmuşda ýaşaýan doganlarymyza Mukaddes Kitaplar, Injiller we beýleki mesihi edebiýatlaryny iberýäris. Bu olara kömek etme mümkinçilikleriniň biridir.

Biz şeýle hem, çagalara çagalar bagyndan başlap, instituta çenli berilýän ateistiki zäheri täsirsizlendirmek üçin ýörite edebiýatlary çap edýäris-de, iberýäris. Kommunistler Sowet Soýuzynda „Ateistiň gollanmasy“ diýen kitaby çap etdiler. Ol kitap ateist üçin Mukaddes Kitap bolupdy. Onuň ýönekeý görnüşini çagalara çagalar bagynda öwretmek üçin, kynlaşdyrylan görnüşini bolsa, ulurak ýaşlylar üçin ulandylar. Mukaddes Kitaba garşy bolan bu gollanma çagalar ulalanda we ösende, olary bütin ömrüniň dowamynda zäherlemek bilen yzlaryna düşdi ýördi. Biz ol ýere „«Atesitleriň gollanmasyna» jogap“ atly kitaby çap etdik-de, iberdik.

Biziň zäherlenen ýaşlarymyzda jogap — Hudaýyň jogaby, mesihilik jogaby, biziň jogabymyz bolmalydyr! Bu Hudaýyň „kanundan daşary“ bolýan ýurdunda ýaşaýan halky ýörite edebiýat bilen üpjün etme siziň edip biljek ýene bir zadyňyzdyr. Munuň ýaly edebiýat — bu ýaşlar we çagalar üçin surat çekilen kitaplar hem žurnallardyr.

Bize gizlin ýygnagyň agzalary bilen güýjümizi birikdirmek we olary Hoş habary ýaýradar ýaly serişdeler bilen üpjün etmekdir. Olaryň köpüsi petek almaga we Hoş Habary wagyz etme işi wagtynda iýmit almaga serişdesiniň ýoklugy sebäpli, şu wagta çenli-de, özleriniň öýlerine „daňlyp otyrlar“. Olar ýigrimi-otuz kilometr aralyga gidip bilmän, „batga batyp otyrlar“. Şol wagtda bolsa olaryň imany hakda eşitjek bolup, töwerekdäki obalaryň ýaşaýjylary olary

gizlin duşuşyga çagyrýarlar. Hoşhabarçyny aýlyk maddy goldaw bilen üpjün etsek, biz olary „boşadyp“ bilýäris, soň olaram uzakdaky şäherlere we obalara Hudaýyň Sözüni ýetirip bilerler. Mysal üçin, öz ýurtlaryndaky „gadagan edilen etraplara“ Hoş Habary ýaýratmak üçin gidýän wýetnamly we hytaýly ruhy çopanlara biz motosikl satyn alyp berýäris. Musulman ýurdy bolan Bangladeşde Mesih hakda şaýatlyk edip, öz janyna töwekgelçilik edýän hoşhabarçylary welosiped bilen üpjün edýäris.

Munuň ýaly mesihilere maddy kömegem zerurdyr. Özlerinde „mesihiler“ tagmasy bolany üçin olar zordan güzeranyny dolandyrar ýaly gazanç edýärler, şonuň üçin Hoş Habary wagyz etmäge obadan-oba gider ýaly serişdeleri ýok. Aýda birnäçe dollaryň berilmegi olar üçin Hudaýyň ullakan gudraty bolýar.

Gizlin gullugy hem bilelikde alyp barýan resmi ýygnagyň ruhy çopanlary-da, janlaryna töwekgelçilik edýär. Olarda-da bu gulluk üçin serişde bolmalydyr. Kanuna üns bermän, çagalara, ýaşlara we ululara Hoş Habary gizlin wagyz etmek bilen bu ruhy çopanlaryň öz azatlygyna töwekgelçilik etmäge taýýar bolmagy ýeterlik däldir. Olarda hasylly gizlin gullugy alyp barmak üçin serişde bolmalydyr. Gizlin ýygnagyň agzalaryny serişdeler bilen üpjün etmeklik Hoş Habary has hasylly ýaýratmaga kömek edýär.

Indiki etmeli zat, gul edilen halklar üçin Hoş Habary radioda goýbermek zerurdyr. Biz azat ýurtlaryň radiostansiýalaryny ulanyp, özüniňem ýaşaýyş çöregine uly mätäçligi bolan gizlin ýygnagy ruhy taýdan iýmitlendirip bilýäris. Kommunistik häkimiýetiň öz wagzyny halkyň arasynda ýaýratmak üçin gysga tolkunly radiony ulanýandygy sebäpli, kommunistik ýurtlardaky millionlarça adamlarda biziňem gepleşiklerimizi tutmaga ukyply bolan radiopriýomnikleri bar. Gul edilen ýurtlarda radioýaýlymynyň gapylary açyklygyna galýar, şonuň üçin bu gullugy ösdürmek gerek. Gizlin ýygnak ruhy iýmite örän gyssagly mätäçlik çekýär. Ony biziň radiogepleşiklerimiz üpjün edip bilýär. Bu gul edilen ýurtlardaky gizlin ýygnaklara kömek etmäniň ýene bir usulydyr.

## Görgi gören mesihileriň maşgala tragediýasy

Görgi gören mesihileriň maşgalalaram biziň kömegimize mätäç. Şonuň ýaly maşgalalaryň onlarça müňüsi aýdyp bolmajak derejede ejir çekýärler. Gizlin ýygnagyň agzasyny tussag astyna alanlarynda, onuň maşgalasyna-da gorkunç tragediýa gelýär. Düzgün bolşy ýaly, olara hiç kim kömek edip bilmeýär, sebäbi kömek etmeklik kanuna garşy bolýar. Diňe tussag edilen mesihini däl, eýsem, onuň aýaly bilen çagalaryny-da görgi görmäge mejbur etmek bilen kommunistik häkimiýet az üstünlik gazanmady. Mesihini gynamak, köplenjem öldürmek üçin türmä iberenlerinde, onuň maşgalasam az görgi görmeýär. Men muňa şaýatlyk edip biljek, eger azat ýurtdaky mesihiler maňa we maşgalama kömek goýbermedik bolsa, onda biz bu sözleri ýazmak üçin diri galyp bilmezdik.

Imany üçin ejir çekýänleriň sany gün geçdigiçe artýar. Olar Hudaýdan sylag aljak ýerlerine gitseler-de, olaryň maşgalalary söz bilen beýan edip bolmajak tragiki şertlerde ýaşaýarlar. Biz olara kömek edip bilýäris we kömek etmäge borçludyrys. Elbetde, biz açlyk çekýän hindiler bilen afrikalylara-da kömek etmelidiris. Ýöne Mesih üçin ölenleriň ýa-da türmede imany üçin görgi görýän mesihileriň maşgalalaryndan başga bu kömege kim köpräk mätäç?

Men azatlyga çykanymdan soň, „Ejir çekenleriň sesi“ missiýasy görgi gören mesihileriň maşgalalaryna uly mukdarda kömek iberip başlady. Ýöne edilen zatlar entek siziň kömegiňiz bilen edip boljak zatlar bilen deňeşdireniňde, örän az bolýar.

## Gizlin ýygnagyň adyndan meniň ýüzlenmäm

Aman galma we gaçma bagty miýesser eden gizlin ýygnagyň agzasy bolmak bilen men görgi görmek üçin galan doganlarymyň adyndan ýüzlenme, çagyryş, haýyşlary berýärin.

Olar meni size ýüzlenmeleri aýtmagym üçin iberdiler. Men olary aýtmak üçin gudrat bilen diri galdym.

Men size kommunistik dünýä we beýleki gul edilen halkara Mesih hakda şaýatlyk etmäniň juda wajypdygyny gürrüň berdim. Ejir çekýän

mesihileriň maşgalalaryna kömek bermäniň gürrüňsiz wajypdygyny aýtdym. Hoş Habary ýaýratma işinde gizlin ýygnaga kömek bermäniň praktiki ýollaryny aýtdym.

Meniň dabanyma uranlarynda, dilim gygyrdy. Näme üçin dilim gygyrdy? Ýogsam, dilime urmadylar ahyryn. Sebäbi dil bilen dyrnaklaram bir bedeniň agzalarydyr. Azat mesihiler sizem gul edilen ýurtlaryň türmelerinde häzirem urulýan Mesihiň Teniniň agzalarysyňyz. Siz näme agyry duýmaýarsyňyzmy?

Irki ýygnak özüniň bar gözelligi, pida edijiligi we wepalylygy bilen bu ýurtlarda täzeden direlýär.

Rebbimiz Isa Mesih Getsemani bagynda doga edip otyrka, Petrus,Ýahýa we Ýakup taryhdaky iň uly dramadan bary-ýogy birnäçe ädim aňyrrakda çuň ukuda ýatyrdylar. Siziň näçeräk mesihilik aladaňyz we pida edijiligiňiz ejir çekýän ýygnagyň görgüsini ýeňletmeklige gönükdirilen? Öz ruhy çopanyňyzdan we ýygnak ýolbaşçylaryňyzdan dünýäniň gul edilen ýurtlarynda ýaşaýan doganlara kömek etmek üçin näme edilendigini soraň.

Hatda azat ýygnak uklap ýatyrka-da, bu ýurtlarda irki ýygnagyň batyrlygy we gören görgüleri gaýta-gaýta gaýtalanýar.

Ol ýerde biziň doganlarymyz biziň zamanamyzyň iň edermen söweşini ýekelikde, hiç bir kömeksiz alyp barýarlar. Ol söweşiň gahrymançylygyny, edermenligini we özüni pida edijiligini diňe irki ýygnagyň göreşiniňki bilen deňeşdirip bolar. Halasgäriň agyr pursatynda Petrus, Ýahýa we Ýakubyň uklaýşy ýaly, azat ýygnak bolsa, olaryň göreşi bilen jepalaryny görmän uklap ýatyr.

Siz Mesihdäki doganlaryňyz jepa çeken we Hoş Habar üçin göreşen wagtynda siz uklarsyňyzmy?

Siz biziň: „Bizi ýatda saklaň, bize kömek ediň!“. „Bizi taşlamaň!“ diýen ýüzlenmämizi eşidersiňizmi?

Men Indoneziýadan başlap, Afrika çenli bütin dünýäde ateistiki kommunizmiň gandallaryndan ýaňa muşakgat çekýän wepaly, hupbat berilýän gizlin ýygnagyň we doganlaryňyzyň adyndan habar berdim. Olardan ýüz öwürmäň!

SÖZSOŇY

# Sözsoňy

## Geplemäge het edip bilen adam

Ruhy çopan Riçard Wurmbrand rumyn kommunistik häkimiýetiniň zalymlygyndan halas bolmak başardan birinji mesihi däldir. Ondan öňem birnäçe gullukçylara şeýle etmek başartdy. Emma gizlin ýygnakdan bolan doganlaryň görgülerine perwaýsyz bolan günbatar dünýäsiniň uly bölegi hereketsiz galdy. Näme üçin olar hakda hiç kim aýtmady?

Ruhy çopan Wurmbrand Rumyniýadan gitmezinden öň gizlin polisiýanyň işgärleri kommunistlere garşy dil ýarmak hakda pikir hem etmeli däldigini duýduranynda, bu soragyň jogaby onuň üçin göze görnüp duran boldy. Olaryň Günbatarda öz içalylary bardy, şonuň üçin hem, özüni yzarlap ýörjekdiklerini Wurmbranda aýdyň düşünje berdiler. Onda oňa geplemek nämä gerek? Ýa-da ol ýeterlik derejede görgi görmedimikä?

Şeýle-de bolsa, Wurmbrand geplemegi makul bildi. Ol kommunistleriň haýbatlaryna we birnäçe günbatarly ýygnak ýolbaşçylarynyň tankytlaryna garamazdan, ol kommunizmiň häkimiýetiň dowzahyny görenleriň çeken muşakgatlaryna şaýatlyk etdi we hemme zady ýeňip bilýän iman hakda gürrüň berdi.

Amerikada bolan birinji ýylynyň dowamynda ruhy çopan Riçard Wurmbrand prokommunistik mitingler wagtynda „tertibi bozandygy“ üçin iki gezek saklanyldy. Ony görkezme bermegi üçin amerikan senatyna çagyrdylar. Bu ýerde ol guşaklygyna çenli çykarynyp, gynamalardan galan çuň ýara yzlaryny görkezdi. Käbir mesihi liderleri

ony türmäniň ýeke adamlyk kamerasynda aklyny ýitiren däli hökmünde atlandyrdylar. Başgalar üçin ol „demir tutynyň aňyrsyndaky Pawlus“ we „gizlin ýygnagyň sesi“ boldy. „Filadelfiýa gerald“ gazetiniň korrespondenti Wurmbrand barada: „Ol ýolbarslaryň arasynda boldy, ýöne olar ony ýuwdup bilmediler“ diýip ýazdy.

1967-nji ýylyň oktýabr aýynda jübüsi ýüz dollarly, eli bäş ýüz at we salgy ýazylan bloknotly hem-de köneje hat ýazýan maşynly Riçard Wurmbrand „Ejir çekenleriň sesi“ býulleteniniň birinji goýberlişini çap etdi. Ol bu kiçijik işini bütin dünýädäki gul edilen ýurtlarda ýaşaýan biziň doganlarymyz sud edilen wagtynda berlen şaýatlyklara we görkezmelere bagyş etdi.

Bu býulleten beýlekileriň ýekejesine-de meňzeş däldi. Käbir okyjylar Wurmbranddan: „Munuň ýaly wagşylygy nädip beýan edip bolar we bu nädip hakykat bolup biler?“ diýip sorap hat ýazdylar. Beýlekileri bolsa, şol býulleten zerarly gijelerine erbet basyrganýandyklaryndan arz edip, gaýdyp beýle zady ibermezligini ondan haýyş etdiler. Ýöne görgüleriň we hupbatlaryň daşyndan seredenler hakyky ruhy gözelligi — Mesihi ret etmekden boýun towlan erkekleriň we aýallaryň, hatda çagalaryňam ýüreklerindäki gözelligi gördüler. Okyjylar ruhy çopan Wurmbrand ýaly adamlara Mesihiň görgülerine şärikligine begenip, türme kamerasynyň gözeneklerini „ogşamaga“ mümkinçilik beren diri imanyny hem gördüler.

Günbatar dünýäsinde mesihileri yzarlamaklyk „adam hukuklaryny“ bozmaklyk bolýar, şonuň üçin hem, häkimiýet ynamyňy wagyz etme azatlygyna geçilen kepile uly üns berýär we olary goramak üçin tagalla baryny edýär. Bu gowy zat bolsa-da, adam düşünjesinden daşarda, behişdi zatlara seredeli. Isa: „*Gul öz agasyndan uly däldir diýen sözümi ýada salyň. Olar Meni yzarlan bolsalar, onda sizi-de yzarlarlar*“ (Ýahýa 15:20) diýdi. Ol şeýle hem: „*Meniň adym sebäpli hemmeler sizi ýigrener*“ (Matta 10:22) diýip duýduryş berdi. „*Şat boluň, begeniň, Gökde aljak sylagyňyz uludyr*“ (Matta 5:12).

Biz mätäçlere kömek etmek üçin islendik mümkinçiligi ulanmaklyga çagyrylan bolsak-da, mesihileriň yzarlanmalara çydam etmelidiklerini-de boýun almalydyrys. Mesihiň on iki şägirdiniň on birisi öldürildi. Isa biziň üçin hemme zadyň başgaça boljakdygyny hiç haçanam aýtmady.

Bu biziň Mesihdäki tebigatymyzyň bir bölegidir. Biziň hemmämiz ruhy çopan Wurmbrand ýaly görgi görmeklige çagyrylan däldiris. Şeýle-de bolsa, durmuşymyza synag gelende, biz haýran galyp oturmaly däldiris-de, Mesih bilen bilelikde ejir çekmäge mynasyp bolandygymyz üçin begenmelidiris. Isanyň Özi: „*Dogrulyk ugrunda yzarlananlar bagtlydyr, çünki Gögüň Patyşalygy olaryňkydyr*" (Matta 5:10) diýdi.

1 Korintoslylar 12:25-26-da Pawlus Mesihiň Teniniň arasyndaky arabaglanyşygy düşündirýär: „*...teni guranda, ähmiýetsiz agzalary has köp hormatlady. Bir agza horluk çekse, ähli agzalar bilelikde horluk çeker. Bir agza şöhratlansa, ähli agzalar bilelikde şatlanar*". Ýewreýlere hatyň awtory hem: „*Tussagdakylary, özüňiz hem olar bilen bile tussagda ýaly ýada salyň. Horluk çekýänleri, özüňiz horlanýan ýaly ýada salyň*" (Ýewreýler 13:3) diýýär. Bu aýat 1967-nji ýyldan bäri „Ejir çekenleriň sesi" guramasynyň şygary bolup gelýär.

Täze Ähti öwrenenimizde, yzarlanmalaryň Mesihiň ýerdäki ýygnagy üçin hiç haçanam adaty däl zat bolmajagyna göz ýetirýäris. Şonuň üçin biz, Mesihiň Teniniň agzalary, Mesih gaýdyp gelýänçä: „*şu wagt hem edişiňiz ýaly, biri-biriňizi ruhlandyryň, biri-biriňizi abatlaň*" (1 Selanikliler 5:11) diýen buýrugy ýerine ýetirmelidiris. Başgaça hereket etmeklik öz jogapkärçiligimizi we Isanyň mesihilik taglymatyny äsgermezlik bolar.

Şonuň üçin „Egir çekenleriň sesi" biziň doganlarymyzyň hemişe yzarlanmalara sezewar edilýän ýerlerinde, dünýäniň kyrk ýurdundan gowrak ýerlerde hereket edýär. Wýetnamda, Laosda we Hytaýda mesihileri urýarlar, tussag edýärler we öldürýärler, ýygnaklary weýran edýärler, Mukaddes Kitaplary ýakýarlar. Yslam ýurtlary dünýäsinde soňky on ýylyň içinde ortaça dört ýüz adamy ölüm halyna çenli ýençdiler. Sudanda millionlarça adamlar öldürilýär. Ol ýerde radikal yslam güýçleri öňräk müňlerçe mesihileri haça çüýlediler we Nil derýasyna gark etdiler. Beýlekileri bolsa, dardan asma arkaly öldürilmä garaşýar. Sudanly aýallary zorlaýarlar, öýlerinden çagalaryny alyp gidýärler-de, gyrnak ýa-da gul hökmünde ýurduň demirgazygyndaky musulmanlara satýarlar. Bu zatlara garamazdan, sudanly mesihiler bize: „Öýlerimiz ýakylan, ybadathanalarymyz ýumrulan bolsa-da, adamlara Mesih

hakda hemişekilerimizden has köp gürrüň bermelidigimize ynanýarys“ diýip hat ýazýarlar.

Diňe göz öňüne getirip boljak gorkunç görgüleriň ýanynda görýän şatlygymyza we azatlygymyza düşünmek we jepalaryň biziň üçin Mesihiň „sowgady“ bolup bilýändigine akyl ýetirmek gaty kyn bolýar. Mesih bilen ebedi ýaşamaklyk miýesser eden ruhy adama ynsan akly bilen düşünmek mümkin däldir.

„Ejir çekenleriň sesi“ býulleteni azat dünýäniň mesihilerini Isa Mesihe bolan imany sebäpli ejir çekýänleriň atlaryndan herekete çagyrmagyny we olar hakda maglumatlar bermegini dowam etdirýär. Bütin dünýä ýaýran ofisler zynjyrymyzyň kömegi bilen biziň býulletenimiz otuzdan-da köpräk dilde çykyp, her aýda ýigrimi bäş müňden-de köpräk mesihileriň arasyna ýaýradylýar.

„Ejir çekenleriň sesi“ guramasy yzarlanylýan ýygnaga gulluk etmäniň bäş maksadyny formulirledi:

1. Mesihileriň yzarlanylýan ýurtlaryndaky doganlarymyzy öz dillerindäki Mukaddes Kitaplar, edebiýatlar we radiogepleşikler bilen üpjün etmek.
2. Ejir çeken mesihileriň maşgalalaryna kömek etmek.
3. Mesihileri durmuşyny dikeltmekde we kommunistik hem-de musulman ýurtlarynda şaýatlyk etmelerinde ýardam berme maksady bilen goldamak.
4. Hoş Habary bilmeýänleri ýa-da oňa garşy çykýanlary Mesihe getirmek.
5. Mesihileriň garşysyna edilýän wagşyçylyk we yzarlanylýanlaryň batyrlygy hem imany hakda habar bermek.

Biz sizi şu gulluga gatnaşmaga çagyrýarys: „Tussagdakylary, özüňiz hem olar bilen bile tussagda ýaly ýada salyň. Horluk çekýänleri, özüňiz horlanýan ýaly ýada salyň“ (Ýewreýler 13:3). Olaryň imanynda ruhlanma tapyň we Mesihe bolan imany üçin görgi görýänlere kömek etme mümkinçiliginden peýdalanyň.

# Goşundy

## Ölüme çenli wepaly galanlar

„Mesih üçin gynanylanlar“ kitabynyň ilkinji gezek çap bolup çykanyna otuz ýyl boldy. Şol döwrüň içinde bu kitap müňlerçe adamlaryň, mesihileriň we mesihi dälleriň her dürli käriň, medeniýetiň we dini garaýyşlaryň wekilleriniň durmuşyna täsirini ýetirdi. Käbir denominasiýalar mesihiligiň belli bir jähtlerine garaýyşlarynda tapawutlanýan bolsa-da, yzarlanylýan ýygnagyň ýüzlenmesi köp adamlary Ýewreýler 13:3-däki: „*Tussagdakylary, özüňiz hem olar bilen bile tussagda ýaly ýada salyň*“ diýen çagyryş bilen birleşdirdi.

Indiki sahypalarda ruhy çopan Riçard Wurmbrand dirikä, „Mesih üçin gynanylanlar“ atly kitaby üçin mesihilik ýygnaklarynyň ýolbaşçylarynyň ýazan minnetdarlyk hatlary berilýär. Ol hatlar Riçard Wurmbrandyň we onuň aýaly Sabinanyň wepaly gulluklary we zähmetiniň bol hasyly üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirme ruhuny oýarar diýip umyt edýäris.

Family Research Council

Gary L. Bauer, President

Maşgala meselesi boýunça barlag soweti

1997-nji ýylyň 20-nji oktýabry.

„Ejir çekenleriň sesi“ missiýasynyň amerikan bölüminiň direktory.
Tom Uaýta

Hormatly jenap Uaýt!

Riçard Wurmbrandyň „Mesih üçin gynanylanlar“ kitabynyň çap bolup çykanynyň otuz ýyllygyna birnäçe söz ýazmaklyk meniň üçin uly bagtdyr. Uly bolmadyk bu kitabyň çap bolup çykanyna üç onýyllyk geçen bolsa-da, ol öz awtorynyň we onuň aýalynyň Mesihiň hatyrasyna eden pidalary hakda uly abraý bilen entegem şaýatlyk edýär.

„Mesih üçin gynanylanlar“ kitabynda beýan edilýän wakalar Ikinji jahan urşundan soň, Sowet Soýuzy tarapyndan gabalan Rumyniýada bolup geçýär. Onda suratlandyrylýan wakalar aç-açan hem täsirlidir. Kitap her bir sahypasynda görgi gören mesihileriň iki müň ýyllyk yzarlanmalaryň dowamynda başdan geçiren çuň fiziki we ahlak görgüleri bilen utgaşdyrylan şaýatlyklar hakda gürrüň berýär. Riçard Wurmbrand diňe bir öz imanyny köki bilen ýok eden tussaglyk hem ýekelik hakda gürrüň bermän, eýsem, biziň ebedi ýaşaýşa gowuşmagymyz üçin ezýet çeken we ölen Mesih bilen birligiň çuňlaşmagyna hem alyp baran tussaglyk bilen ýekeligi-de suratlandyrýar.

Bu zalym asyr gutaran bolsa-da, Sowet Soýuzy ýok bolsa-da, Gündogar Ýewropa üstünden hudaýsyzlyk ideologiýanyň gulçulyk gandallaryny aýran bolsa-da, barybir Wurmbrandyň başdan geçirmeli bolan yzarlanmalary we zalymlygy bu ynandyryjy kitabyň adamlara edýän täsiri ýaly, tükeniksizdir. Bütin dünýäde mesihiler özleriniň imany zerarly ezýet çekmesini dowam etdirýärler: olary gulçulyga satýarlar, Sudanda olary haça çüýleýärler, Ýakyn Gündogar ýurtlarynda olara Hudaýa aç-açan sežde etmegi gadagan edýärler, Hytaýda olary sürgünlige höküm edýärler we başga-da onlarça ýurtlarda olary her hili bikanun yzarlamalara we kemsitmelere sezewar edýärler. Doganlarymyzyň arasynda taryhyny geljekde eşitjeklerimizem az däldir. Olaryň edermenlikleri barada Riçard Wurmbrand bize ýiti hem anyk görnüş berdi.

Goý, her bir mesihi şu sahypalarda okaýan batyrlygyna we imandaky doganlarymyzyň häzirki hem geljekki wagt üçin berýän umydyna şatlansyn.

Hormat bilen Garri L. Bauer

(Witon kolleji. ABŞ)

„Ejir çekenleriň sesi“ missiýasynyň amerikan bölüminiň direktory.
Tom Uaýta

Bu Mukaddes Kitapdan soň, mesihilere imanda ösmäge kömek bermek üçin ulanylyp boljak has täsirli materiallaryň biridir. Bu kitap terjimehally kitapdyr. Riçard Wurmbrandyň terjimehaly juda wajyp kitapdyr. Ol mesihilik baradaky biziň döwrümizde şeýle köp ýüze çykýan ýalan täsiriň anyk düzedişidir. Wurmbrandyň durmuş taryhy, eger Mesihiň yzyna eýerseň, onda „dünýäde görgi görersiňiz“ diýen hakykaty tassyklaýar. Awtor imanyny we umydyny saklaýar, sebäbi Mesih dünýäni ýeňdi.

Laýla W. Dorsett
Bilim we Hoş Habary ýaýratma gullugynyň professory
Witon kolleji, Illinoý ştaty

# Awtor hakda

Ruhy çopan Riçard Wurmbrand öz ýurdunda, Rumyniýada, kommunistik türmäniň tussaglygyny we gynamalaryny on dört ýyllap başdan geçiren hoşhabar gullukçysydyr. Rumyniýada onuň — belli bolan mesihi ýolbaşçylarynyň, ýazyjylarynyň we mugallymlarynyň piriniň — adyndan-da meşhur bolan atlar Rumyniýada köp däldir.

1945-nji ýylda kommunistler Rumyniýany eýeläp, ýygnagy-da gözegçiliginde saklamaga synanyşanda, Riçard Wurmbrand haýal etmän, özüniň gul edilen halkynyň we sowet goşunynyň esgerleriniň arasynda gaýratly, täsirli gizlin gulluga başlaýar. Ol 1948-nji ýylda aýaly Sabina bilen bilelikde tussag edilýär. Wurmbrandyň aýaly üç ýyllap, Dunaý derýasynda güýji ýeterden agyr bolan işleri edýär. Riçard öz jellatlary bolan kommunistlerden başga hiç kimi görmän, ýekelikdäki kamerada üç ýylyny geçirýär. Soň ony toparlaýyn oturylýan kamera geçirýärler. Ol ýerde gynamalar ýene bäş ýyllap dowam edýär.

Mesihi lideri hökmünde Riçard Wurmbrandyň halkara abraýynyň bolandygy sebäpli, daşary ýurt ilçihanalarynyň diplomatlary kommunistik häkimiýetden gullukçy üçin azatlyk soraýarlar. Olara Wurmbrandyň Rumyniýadan gaçyp gidendigini aýdýarlar. Şol wagtlar gizlin polisiýanyň bir içalysy özüni ýaňyja türmeden boşan tussag hökmünde görkezip, Riçardyň aýalyna adamsynyň ölendigini, onuň türmedäki gonamçylykda jaýlanmasyna özüniň gatnaşandygyny gürrüň berýär. Soň häkimiýetiň özi Rumyniýadaky ruhy çopanyň maşgalasyna we daşary ýurtdaky dostlaryna Wurmbrandyň özüni hemişelik unutmaklaryny haýyş edip ölendigini aýdýarlar.

Sekiz ýarym ýyldan soň, Riçard Wurmbrand tussaglykdan azat edilen badyna, özüniň gizlin ýygnakdaky işini dikeldýär. Birnäçe ýyldan soň, 1959-njy ýylda, ony ýene-de tussag edip, ýigrimi bäş ýyl iş kesýärler.

Wurmbrandy 1964-nji ýyldaky umumy aklamada azatlyga çykarýarlar. Ol ýene-de gizlin gullugyny dowam etdirýär. Üçünji gezek oňa tussaglygyň howp salýandygyna düşünen Norwegiýanyň mesihileri ony Rumyniýadan satyn almak hakda kommunistik häkimiýet bilen gürrüňdeşlik geçirýär. Şol wagtlar kommunistik häkimiýet özüniň syýasy tussaglaryny „satmaga“ başlapdy. Tussag edilen ruhy çopan ol wagtlarda bir müň dokuz ýüz dollar „durýardy“, ýöne Wurmbrand üçin on müň dollar talap etdiler.

1966-njy ýylyň maý aýynda Riçard Wurmbrand ABŞ-nyň içki howpsuzlyk senatynyň öňünde görkezme berdi we gynamalaryň yzlaryny hem-de bedeniniň hemme ýerindäki on sekiz çuň ýara yzyny görkezmek üçin guşaklygyna çenli çykaryndy. Pressanyň kömegi bilen onuň şaýatlygy bütin dünýä: ABŞ-nyň, Ýewropanyň we Aziýanyň tutuş territoriýasyna ýaýrady. 1966-njy ýylyň sentýabr aýynda Wurmbranda kommunistleriň özüne kast etjek bolýandyklaryny duýdurdylar, emma ol hatda öldürilme haýbatynyň öňünde-de dymyp durmady.

„Ejir çekenleriň sesi“ mesihilik missiýasyny esaslandyryjylar bolan Wurmbrand bilen aýaly yslam ýurtlarynda, kommunistik Şri-Lankada we Hytaýda, şeýle hem, imany sebäpli, mesihileriň yzarlanmalara sezewar edilýän beýleki ýurtlarda tussag edilen mesihileriň maşgalalaryna kömek edýän otuzdan gowrak zynjyr döredip, bütin dünýä syýahat etdi. Ruhy çopan Wurmbrandyň şygary: „Erbet režimleri ýigren, ýöne özüňi yzarlaýjylary söý. Olaryň janlaryny söý, özlerinem Mesih üçin gazanmaga çalyş“ diýen sözler boldy.

Ruhy çopan Wurmbrand birnäçe kitabyň awtorydyr. Onuň kitaplary dünýäniň altmyşdan gowrak dillerine terjime edildi. Ony „gizlin ýygnagyň sesi“ diýip atlandyrdylar. Mesihi liderleri ony „diri ejir çeken“ we „demir tutynyň aňyrsyndaky Pawlus“ diýip atlandyrdylar.

# Mazmuny


Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 5

1. Ruslaryň mesihe bolan teşneligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9

2. „Hiç kimde ondan ýokary söýgi ýokdur ...“. . . . . . . . . . . 30

3. Günbatardaky iş üçin töleg töleme we azat bolma . . . . . 45

4. Mesihiň söýgüsi bilen kommunizmi ýeňip... . . . . . . . . . . 49

5. Ösýän ýeňilmezek gizlin ýygnak . . . . . . . . . . . . . . . . . 80

6. Mesihilik nädip kommunizmi ýeňýär . . . . . . . . . . . . . . . 99

7. Günbatardaky mesihiler nädip kömek edip bilýärler . . . . 121

Sözsoňy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 129

Goşundy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 133

Awtor hakda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 136



*Riçard we Sabina Wurmbrandlaryň ogly Mihaý bilen bile düşen irki suraty. Ene-atasynyň ikisem türmede we zähmet koloniýasyndaka, „ýetim“ Mihaýyň aladasyny beýleki mesihiler etdi. Mekdepde onuň üstünden gülýärdiler we ony kemsidýärdiler. Soň (1967-nji ýylda) Mihaý ABŞ-daky „Ejir çekenleriň sesi“ missiýasynyň birinji direktory boldy. Ol wagtlar missiýa: „Isa — kommunistik dünýä üçin“ diýlip atlandyrylýardy.*



*Ruhy çopan Wurmbrand kommunistik türmeden çykanyna begenýär. Ol şertsiz bagyşlamasyny, kommunizme bolan ýigrenjini we kommunistlere bolan söýgüsini görkezmek bilen köp mesihileri haýrana goýdy.*



*Sabina Wurmbrandyň (ýewreý gelip çykyşy bolan) tutuş maşgalasy faşistleriň konsentrasion lagerinde wepat boldy. Sabina bilen Riçard şol lagerde gulluk eden bir faşisti öýüne çagyryp, ony naharladylar, aladasyny etdiler we Mesihe getirdiler.*




*„Mesih üçin gynanylanlaryň“ birinji neşiri 1960-njy ýyllarda çykdy. Günbatarly mesihiler Hudaýyň Gündogardaky maşgalasy hakda örän az eşidýärdiler. Ol wagtlarda Günbatardaky ýygnaklaryň köpüsi bu maglumaty ýaýratmakdan ýüz öwürdiler.*



*Ýarym asyrdan-da gowrak wagtyň dowamynda tutuş Sowet Soýuzyndaky mesihiler ýygnanyşyklarda gizlin duşuşdylar. Olar Aziýada we Ýakyn Gündogarda häzirem gizlin duşuşýarlar.*



*Boýnundaky, arkasyndaky we döşündäki gynama yzlary ruhy çopan Wurmbranda köp afrikaly mesihilere yzarlamalaryň getirýän görgülerine düşünmäge kömek edýär. „Ejir çekenleriň sesi“ missiýasy 1960-njy ýyldan bäri Afrika kömek iberýär.*




*Şweýsar konferensiýasy.*
*„Demir tuty“ (Gündogar Ýewropada kommunizmiň agalyk eden) döwründe, ruhy çopan Wurmbrand „Ejir çekenleriň sesi“, häzir Halkara mesihilik birleşigi missiýasynyň gurnan müňlerçe ýygnanyşyklarynda we konferensiýalarynda çykyş etdi.*



*Ýigriminji asyrda mesihiler gizlin çykalgasy bolan ýerzeminlerde Injil çap etdiler. Häzirki ýüzýyllykda bu iş Ýakyn Gündogarda we Aziýada we dünýäniň beýleki ýurtlarynda dowam edýär. Tussaglykda oturan Pawlus 2 Timoteos 2:-de: „Men bu Hoş Habar ugrunda, jenaýatçy ýaly, zynjyrlar bilen baglanyp görgi görýärin. Ýöne Hudaýyň sözi baglanan däldir“ diýýär.*



*Gündogar Germaniýanyň serhetçileri „kontrabanda“ Mukaddes Kitaplarynyň gözleginde bolanda, maşynlaryň gapylarynda we diwarlarynda deşik etmek üçin drel ulandylar.*



*Ruhy çopan Riçard Wurmbrand Günbatary „imandaky özüniňkilere“ (Galatýalylar 6:10) perwaýsyz bolmazlyga çagyryp, köp dini we syýasy konferensiýalarda çykyş etdi. Ol amerikan kongresiniň agzalarynyň öňünde gynalmalardan galan ýara yzlaryny görkezmek üçin köýnegini çykardy. Birnäçe dilde gowy gürläp bilýändigi üçin ol sowet gazetlerinde öz işi hakda ýazylan zatlary aňsatlyk bilen aýdyp bildi.*



*Finlýandiýadaky „Ejir çekenleriň sesi“ missiýasy tussag edilen mesihileri unutmaýarlar. (Ýewreýler 13:3).*





*70-nji ýyllaryň ahyry.*
*Kubada Tom Uaýt mesihilik edebiýatyny ulanany sebäpli, 24 ýyllyk tussaglyga höküm edilýär. „Ejir çekenleriň sesi“ missiýasynyň köp işgärleri uruldy, tussag edildi, ýaralandy we öldürildi...*



*1990-njy ýyllar.*
*Sowet Soýuzyndaky tokaýdan gizlin ýekşenbe mekdebine tarap geçýän ýolda. Gizlin ýekşenbe mekdepleri Wýetnamda, Laosda, Hytaýda, Butanda, Ýakyn Gündogarda we dünýäniň beýleki ýurtlarynda entegem bar.*



*Russiýanyň adamdan hyryn-dykyn bolan ýygnaklarynda çykyş edenlerinde, Riçard we Sabina Wurmbrandlar entek ölmänkäler „demir tutynyň“ syrylandygynyň şaýady boldular.*



*1969-njy ýyl.*
*Hoş Habarly howa şarlaryny Demirgazyk Koreýa uçurýarlar. Bu iş 30 ýyl geçenden soň hem dowam etdirilýär.*



*Kuba.*
*Fidel Kastro 100 000 sany Mukaddes Kitaby ýok etmegi buýruk berdi. 1970-nji ýyllaryň başlarynda „Ejir çekenleriň sesi“ missiýasynyň meýletin işgärleri uçardan deňze Injilleri taşladylar.*



*1990-njy ýyl.*
*Wurmbrandlar ýygnaklarda we milli telewideniýede duşmanlary söýmeklige we bagyşlamaklyga çagyryp çykyş etmek üçin ýurdy Rumyniýa gaýdyp geldiler.*



# MESIH

## ÜÇIN GYNALANLAR

Bir adamlyk kameralarda geçirilen aýlar, fiziki taýdan yzygiderli gynamalar ýyllary, açlykdan we sowukdan ýaňa hemişe ejir çekmeler, „beýniňi arassalama“ we ahlak zalymlyk — bulary kommunistik türmesinde geçiren 14 ýylynyň içinde rumyn ruhy çopany çekmeli boldy.

Onuň jenaýaty, başga-da, müňlerçe adamlaryň jenaýaty ýaly, Isa Mesihe bolan yhlasly iman edendiginde we şol iman hakda köpçüligiň öňünde çykyş etmesinde jemlenendi.

Öýlerde, ýerzeminlerde we tokaýlarda duşuşmak, käwagt dagy jemgyýetçilik ýerlerinde wagyz etmäge het etmek bilen bu wepaly ýürekler, nähili güne düşjekdiklerini bilseler-de, özleriniň mesihilik şaýatlyklaryny dowam etdirdiler.

Olaryň taryhy — batyrlygyň, çäksiz imanyň we akla sygmajak çydamlylygyň klassiki nusgasydyr. Gizlin ýygnagyň bu taryhy dünýäniň häzirem köp ýurtlarynda dowam edýän göreşini şöhlelendirýär.

*„Bu kitap biziň «demir tutynyň» aňyrsyndaky doganlarymyzyň sezewar bolýan elhençliklerinden azat bolan dünýäniň ynsabyny oýarmakda juda uly roly oýnady“.*

*Çarlz Kolson, „Türme doganlygy“.*

*„Wurmbrandyň başdan geçirmeli bolan yzarlamalary we zalymlygy şu kitabyň ýazylyşy ýaly, öz wagtynda bolan zatlar bolup çykdy. Bütin dünýäde mesihiler imany üçin görgi görmesini dowam etdirýärler. Doganlarymyzyň arasynda taryhyny geljekde eşitjeklerimizem az däldir. Olaryň edermenlikleri barada Riçard Wurmbrand bize ýiti hem anyk görnüş berdi“.*

*Garri L. Bauer. Maşgala meselesi boýunça barlag soweti*

TM